**M. A. Öwezowa, M. Berdiýewa**

# ŞEPAGAT UÝASYNYŇ IŞI

Lukmançylyk orta okuw mekdepleri üçin synag okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat - 2011

**Öwezowa M.A., Berdiýewa M.**
**Şepagat uýasynyň işi.** Lukmançylyk orta okuw mekdebiniň talyplary üçin okuw kitaby.-A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011

**TDKP № 2011 KBK**

**© Öwezowa M.A., Berdiýewa M.,2011.**




TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# I BAP

## 1.1. Näsaglara gözegçilik etmek

Näsaglara gözegçilik etmegiň 2 görnüşi bar:
Umumy gözegçilik etmek.
Ýörite gözegçilik etmek.

Umumy gözegçilik – bu näsagyň keseliniň agyrlygyna görä geçirilmeli işlerini öz içine alýar. Meselem, lukmanyň görkezmelerini ýerine ýetirmek, näsagyň şahsy arassaçylygyny berjaý etmek (ýuwundyrmak, eşiklerini çalşyrmak), hassahanalarda arassaçylygyň düzgünlerini talaba laýyk berjaý etmek, näsag üçin oňaýly düşek gurnamak, agyr näsaglary iýmitlendirmek hem-de näsag gaýtaranda, uly we kiçi täretlerinde oňa gözegçilik etmek, näsaglaryň arasynda arassaçylyk-düşündiriş işlerini geçirmek, lukmançylyk iş resminamalaryny dogry alyp barmak.

Ýörite gözegçilik – bu belli bir kesellerde goşmaça gözegçilik işlerini geçirmek. Meselem: hirurgiýa, ginekologiki, urologiki keselli näsaglara ýörite gözegçilik etmeklikdir.

## 1.2. Bejeriş edaralarynyň esasy görnüşleri

Bejeriş edaralarynyň esasan iki görnüşini tapawutlandyrýarlar:
Saglyk öýleri.
Hassahanalar.

Gatnap bejergi alýan edaralara: oba saglyk öýleri, şäher saglyk öýleri, maslahathanalar, saglyk otaglary degişli.

Ýatyp bejergi alýan edaralara bolsa: hassahanalar, klinikalar, çaga dogruş öýleri degişli.

Oba saglyk öýlerinde 5-e golaý lukman lukmançylygyň esasy görnüşleri boýunça halka hyzmat edýär.

Şäher saglyk öýleri halka köp ugurlardan lukmançylyk hyzmatyny edýän, gatnap bejergi alýan edarasy hasaplanýar. Şäher saglyk

öýlerinde keseli anyklaýyş otaglary, enjamlar, bejeriş otaglary bolup, olar halka ýokary derejede hyzmat etmeklige mümkinçilik döredýär.

Saglyk nokatlary zawod-fabriklerde, okuw jaýlarynda, obalarda guralyp, işçilere, talyplara lukmançylyk hyzmatyny edýän bejeriş edarasy. Olarda lukman ýa-da feldşerler ilkinji lukmançylyk kömegini bermek bilen bir hatarda ýönekeý bejeriş işlerini geçirýär, sanjym etmek, daňy daňmak we ş.m. hem keseliň öňüni alyş işlerini alyp barmaly.

Mediko – sanitar bölümler, med-sançastyň zawod-fabrikleriň işçilerine, transport işgärlerine, harby işgärlerine we olaryň maşgalasyna lukmançylyk hyzmatyny etmek üçin niýetlenen bejeriş-öňüni alyş edaradyr. Şonuň üçin zawod-fabriklerde, transport edaralarynda, goşun-gulluk bölümlerinde döredilýär.

Aýallar maslahathanasy – şäher saglyk öýleriniň düzüminde bolup, aýal maşgalalara akuşer-ginekologik kömegini berýär, ýagny ginekologik kesellerini bejerýär, göwreli aýallara gözegçilik edýär.

Hassahana bejeriş edarasy bolup, düşekde ýatmaly näsaglary bejermek bilen meşgullanýar.

Hassahanalar umumy we ýöriteleşdirilen bolup biler.

Klinikada ýatyp bejergi alynýan edaradyr. Ol diňe näsagalary bejermek bilen çäklenmän, eýsem lukmançylyk kadrlaryny taýýarlamak, ylmy işleri alyp barmak bilen hem meşgullanýar.

Şypahanalar – ilatyň saglygyny berkitmäge, keseliň möwjemegini duruzmaga gönükdirilen edaralardyr.

### 1.3. Hassahananyň kabul ediş bölümi

Hassahananyň kabul ediş bölümi – bu näsagy hassahana kabul etmek, ony hasaba almak, gözden geçirmek hem oňa arassaçylyk - gigiýeniki işleri geçirmek üçin niýetlenen bölümdir. Hassahana näsagy saglyk öýleriniň ýollanma haty, tiz kömek ulagy bilen ýa-da seýrek halatlarda özüniň ýüz tutmagy netijesinde kabul edilýär.

Kabul ediş bölümi: garaşylýan otag, nobatçy şepagat uýasynyň otagy (hasaba alynýan), gözden geçiriş otaglaryndan, aýratyn anyklaýyş hem-de sanitar-tämizleýiş otaglaryndan ybarat.

## Kabul ediş bölüminde şepagat uýasynyň etmeli işleri

Kabul ediş bölüminde şepagat uýasynyň ýerine ýetirmeli işleriniň yzygiderliligi:

1) Hassahanalarda, kabul ediljek näsagyň resminamalaryny doldurmak, ýagny hassahana kabul edilýändigi ýa-da kabul edilmeýändigi baradaky žurnaly, ýatymlaýyn bejergi alýan näsagyň lukmançylyk kartasynynyň pasport bölümini doldurýarlar.

2) Näsagy ýüzleý gözden geçirmek ýagny bit we sirkesiniň (F-20), deri kesselleriniň hem-de ýokanç kesselleriniň bardygyny ýa-da ýokdygyny anyklamak.

3) Näsagy lukmanyň barlag otagyna ugratmak, eger-de gerek bolsa lukmana kömek bermek (näsagyň gyzgynyny, gan basyşyny ölçemek, damar urgysyny, dem alyşyny sanamak).

4) Arassaçylyk - gigiýeniki işlerini geçirmek.

5) Näsagy ýatmaly bölümine çenli ugratmak. Eger-de näsag kabul ediş bölümine agyr ýagdaýda getirilen bolsa, onda ýokarda agzalan işlerden başga-da:

6) Näsaga lukmandan öň ilkinji lukmançylyk kömegini bermek.

7) Tiz lukmany çagyrmak we onuň görkezmelerini berjaý etmek.

8) Doly däl arassaçylyk-gigiýeniki tämizlik işlerini geçirmek, ýagny näsagyň deri örtüklerini antiseptiki serişdeler goşulan ýyly suwda ezilen esgi bilen süpürmek.

9) Näsagy ýatmaly bölümine we otagyna ugratmak. Eger-de näsag kabul ediş bölümine huşsuz ýagdaýda, resminamasyz köçeden getirilen bolsa:

Ilkinji lukmançylyk kömegini bermek.

Lukmançylyk resminamalaryny doldurmak.

Näsagyň daş görnüşlerini sypatlandyryp içeri işler bölümine habar bermeli.

Telefonogramma dergisine indikiler ýazylýar: näsagyň getirilen wagty, aýy, güni, kimiň telefonogrammany kabul edendigi. Bularyň hemmesi doly we dogry ýazylmaly. Näsagyň kimdigini anyklaýança ähli resminamalary “näbelli” diýlip ýazylýar. Eger näsag göni reanimasiýa bölümine iberilse, şol bölümiň şepagat uýasy resminamalary doldurýar we kabul ediş bölümine baryp hasaba alýar

## 1.4. Antropometriýa

Antropometriýada (*1-nji surat*) näsagyň ölçeglerini, bedeniniň uzynlygyny, agramyny, döş kapasasynyň göwrümini anyklamak bilen, onuň fiziki taýdan ösüşine baha berilýär. Näsagyň boýuny ýörite boý ölçeýän guralyň (*1-nji a surat*) kömegi bilen ölçeýärler. Näsag

boý ölçeýän guralyň takyk meýdançasynda ýeňsesi, pilçesi, otyrýeri we ökjesiniň yz tarapy bilen santimetrli tagta degip durmaly. Näsagyň kellesi, ýagny gulagynyň ýokarky gyrasy bilen gözüniň çüňki bir çyzyga keseligine deňleşmeli, ýörite süýşýän tagtany näsagyň depesine ykjam direlýänçe süýşürip, onuň boýuny anyklamaly.

1 ýaşa çenli çagalaryň boýuny ýatan halynda ölçeýärler.

Näsagyň agramy lukmançylyk terezilerinde (*1-nji b surat*) ölçenilýär. Näsagyň agramyny ir bilen hiç zat iýmänkä, uly we kiçi täretlerinden soň ölçemeli. Uly adamyň agramy onuň boýy näçe santimetr bolsa, şondan 100 sany aýyrmaly (meselem boýy 160 sm – 100=60 kg), bu kada hasap edilýär.

Döş kapasasynyň göwrümi santimetrli lentanyň (*1-nji ç surat*) kömegi bilen ölçenilýär. Onuň üçin santimetrli lentany näsagyň öň tarapyndan döş kapasasyna 4-nji gapyrganyň deňinden we yz tarapyndan pilçeleriň burçundan goýup, rahat ýagdaýda ölçeýärler. Ölçenýän wagty näsag demini çykaran we has ýokary dem alan wagty ölçeg alynmaly.




**1-nji surat. Antropometriýany geçirmek**

## Näsaglara arassaçylyk – gigiýeniki işlerini geçirmek

Kabul ediş bölüminde näsagyň ýagdaýynyň agyrlyk – derejesine baglylykda

Doly arassaçylyk-gigiýeniki işleri.

Doly däl arassaçylyk-gigiýeniki işleri geçirilýär.

Doly arassaçylyk – gigiýeniki işleri geçirilende näsaglar wannany ýa-da pürküdiji suwy kabul edýärler.

Deri kesellerinde, çaga doguran aýallara, uly meýdanly ýarasy bolan näsaglara, miokardyň infarktynda, daşky gan akmalarda, ýagdaýy örän agyr bolan näsaglara doly däl arassaçylyk - gigiýeniki işleri geçirilýär.

## Doly arassaçylyk – gigiýeniki işlerini geçirmek

1. Wannany taýýarlamaly. Onuň üçin wannany 1 %-li hloraminiň ýokançsyzlandyryjy ergini bilen arassalamaly, soňra çotga bilen sabynlap ýuwmaly, gyzgyn suw bilen çaýkamaly, wannanyň deşigini ýapyp ýyly suw taýýarlamaly.
2. Zyýansyzlandyrylan sürtgüç taýýarlamaly.
3. Her bir näsag üçin 50 ml. sabyn ýa-da şampun bolmaly.
4. Düşek daşlyk ýa-da süpürgiç taýýarlamaly.
5. Arassa eşikler we ýumşak aýakgap bolmaly.

## Wannada suwa düşürmegiň usuly

Wannanyň ýarymyna çenli ýyly suw taýýarlamaly: ilki sowuk suw guýmaly, soňra gyzgyn suw guýmaly. Suwuň gyzgynlygy $37\text{-}38^{0}$ bolmaly. Näsagyň ilki kellesini, soňra bütin bedenini, aýaklaryny ýuwmaly. Gigiýeniki wannanyň dowamlylygy 20-30 minut bolmaly.

Näsag suwa düşürilýän wagty (*2-nji a sur.*) şepagat uýasy oňa hökman gözegçilik etmeli.

Eger-de näsagda bit bar bolsa:

1) Näsagyň saçyna şu aşakdaky erginleriň birini çalmaly:

a) Bite garşy şampun.

b) “K”-sabyny.

c) 5%-li borly ýag.

d) Bite garşy sabynly emulsiýany (450 ml suwuk sabyn+ 350 ml kerosin + 200 ml suw).

2) 20-30 minut kellesini ýaglyk bilen daňmaly.

3) Soňra ýyly suw bilen ýuwup 6%-li sirke turşusynyň ergini bilen iki gezek çaýkamaly. Ownuk dişli darak bilen daramaly.

Eger-de näsagyň saçynda sirkesi bar bolsa:

1) Saçyny ýylylygy 27-30$^0$ C bolan 6%-li sirke turşusynyň ergini bilen ezmeli.

2) 20 minut ýaglyk daňmaly.

3) Ownuk dişli darak bilen daramaly.

Doly däl arassaçylyk – gigiýeniki işleri geçirilende näsagyň hapalanan ýerlerini öllenen esgi bilen, soňra gury esgi bilen süpürmeli. El-aýaklaryny bolsa (*2-nji ç surat*) aşak sallap legende ýuwmak hem bolar.



a) wannada ýuwundyrmak,

b) kellesini ýuwmak,

ç) aýaklaryny ýuwmak,

d) täretden soň arassaçylyk çäreleri geçirmek

**2-nji surat. Näsaglara sanitar gigiýeniki arassaçylyk çäreleriniň geçirilişli.**

## Üns beriň!

kabul ediş bölümine näsagyň tabşyrmadyk emlägi üçin administrasiýa jogap bermeýär!

Näsagyň öý-eşiklerini we şaý-seplerini ka-

bul etmek üçin kwitansiýa indiki görnüşde ýazylýar:
Näsagyň ady, familiýasy ______________________________

Puly ______________________________________________
(harplar bilen ýazmaly)

Şaý-sepleri ________________________________________

Resminamalary _____________________________________

| № | Eşikleriň ady | Sany | Reňki | Ýagdaýy (täze, köne, ýyrtylan) | Ýörite bellik |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Don | | | | |
| 2. | Penjek | | | | |
| 3. | Jalbar | | | | |
| 4. | Papak | | | | |
| 5 | Köýnek | | | | |
| 6. | Içki köýnek | | | | |
| 7. | Köwüş | | | | |
| 8. | Ädik | | | | |
| 9. | Kemer (guşak we başgalar) | | | | |

Wagty "____" ____________20__ý.
Tabşyrdy ______________ (goly)
Kabul etdi _______________ (goly)
Görkezilen zatlary ammara kabul etdi ____________________
Görkezilen zatlary gaýtaryp aldy ________________________
Wagty "____" ____________20__ý.

## 1.6. Näsagy hassahananyň degişli bölümine ugratmak

Näsagy haýsy bölümine nähili ýagdaýda ugratmalydygy barada kabul eden lukman görkezme berýär.

Eger näsagyň ýagdaýy agyr bolman, ýöräp bilýän bolsa onda ony hassahananyň degişli bölümine şepagat uýasy ugratmaly. Eger-de näsagyň ýagdaýy agyr bolsa ýa-da ýöräp bilmeýän bolsa, onda ony elde göterip (3-nji a sur.) ýa-da göterijide (*3-nji b surat*), göteriji arabada (*3-nji ç surat*) ýa-da oturgyçly arabada (*3-nji d surat*) ugratmaly.

Göterijide äkidilende näsagyň kelle tarapy öňden barýan sanitar

tarapda bolmaly. Göterip barýan sanitarlar aýak goşup ýöremeli däl. Basgançakdan ýokaryk galanda aýak tarapyny bir az ýokary galdyrmaly. Basgançakdan aşak düşende aýak tarapy öňde bolmaly we bir az ýokary galdyrmaly.

Iberilen bölümine getirilenden soň bölümiň şepagat uýasyna lukmançylyk  resminamalary bilen näsagy elin tabşyrmaly.




a) elde göterip ugratmak,

b) göterijide ugratmak,

ç) göteriji arabada ugratmak.

d) oturgyçly arabada ugratmak.

**3-nji surat. Näsagy hassahananyň deşigli bölüminde ugratmak.**

# II BAP

## 2.1. Hassahananyň düzgün-tertipleri

Her bir hassahanada özüne laýyk tertip-düzgün talap edilýär. Hassahanalarda şu aşakdaky tertip-düzgünleri tapawutlandyrýarlar:

Hassahananyň içki tertip-düzgüni.

Näsagyň gün-tertibi.

Näsag üçin lukman ýa-da şepagat uýasy tarapyndan niýetlenen ýörite tertip- -düzgün.

Sagaldyş we saglygy goraýyş düzgün-tertibi.

Sanitar tertip-düzgüni.

Hassahananyň içki tertip-düzgüni näsagyň öz wagtynda we dogry iýmitlenmegi, dem-dynç almagy, öz wagtynda däri derman kabul etmegi üçin hem-de arassaçylyk-gigiýeniki işlerini geçirmek üçin niýetlenendir.

Bölüme ýerleşdirilen badyna şepagat uýasy bölümiň içki tertip-düzgünleri bilen näsagy hökman tanyşdyrmaly.

Näsagyň ýagdaýyna we keseline görä her bir näsag üçin ýörite tertip-düzgünleriň hem bellenmegi mümkin. Meselem:

Hökmany suratda gymyldaman (hereketsiz) ýatmaly düzgün näsaga ýatan ýerinde hat-da gapdala öwrülmek rugsat berilmeýär.

Diňe ýatmaly düzgün näsaga ýatan ýerinde hereket etmek, ýeňil fiziki maşklary ýerine ýetirmek lukmanyň ýa-da şepagat uýasynyň gözegçiliginde rugsat edilýär.

Otag tertip-düzgüni näsaga otagyň içinde ýerinden turmak, täret etmek, az-kem ýöremek rugsat edilýär. Nahary diňe şol otagda iýmeli.

Umumy tertip-düzgün kesekiniň kömegine mätäç bolmadyk näsaglar üçin bellenilýär.

Ýadyňyzda saklaň! Tertip-düzgüniň bozulmagy näsagyň halynyň agyrlaşmagyna, kä halatlarda hat-da ölmegine-de sebäp bolup biler (meselem: miokardyň infarktynda, operasiýadan soň).

Sagaldyş we saglygy goraýyş düzgüni bejeriş we öňüni alyş işleriň toplumy bolup, olar näsaga fiziki we psihiki rahatlyk döretmeklige niýetlenendir. Ol işlere şu aşakdakylar degişli:

Otrisatel emosional ýagdaýlardan goramak.

Näsagyň psihikasyny (ruhy taýdan goramak).

Fiziologik ukusyny uzaltmak.

Näsaglaryň dynç almagyny dogry guramak.

Näsagyň dynç alýan döwrüni fiziki işjeňlik bilen utgaşdyrmak.

Hassahananyň daş-töweregini göwnejaý düzetmek we ş. m.

Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy düzgün hassahananyň her bir bölüminiň içki we daşky arassaçylygyny saklamaklyga, näsaglara arassaçylyk-gigiýeniki işlerini geçirmeklige gönükdirilýär. Onuň üçin ýokançsyzlandyryjy ergini goşulan suw bilen arassaçylyk işlerini geçirmeli. Bölümde syryp- süpürmek üçin ýörüte bellenen bedre, legen we ş.m. bolmaly.

Her gün näsaglara doly ýa-da doly däl sanitar-gigiýeniki arassaçylyk işlerini geçirmeli. Kabul ediş bölüminde bit ýa-da sirke tapylan näsaglary 7 günden soň gaýtadan gözden geçirmeli, gerek bolsa olaryň saçyny täzeden ýörite niýetlenen erginler bilen ýuwup arassalamaly.

Hassahananyň içki gigiýeniki tertip-düzgünine onuň ýagtylyk, ýylylyk, howasyny çalşyrmak (ýelejiretmek) düzgünleri degişli. Ýagtylyk tebigy we emeli bolup biler.

Tebigy ýagtylandyrmak üçin bölümdäki her bir otaga gün şöhlesi ýeterlik düşmeli. Gün şöhlesi köp mikroorganizmleriň ölmegine sebäp bolýar, adam organizminiň bolsa berkemegine kömek edýär.

Emeli ýagtylandyrmak – elektrik çyralarynyň kömegi bilen geçirilýär. Otaglarda elektrik çyralarynyň ýeterlik ýagtylygy bolmaly, ýöne ýagtylyk örän ýiti bolmaly däl. Mümkin boldugyça her näsagyň ýakynynda aýry çyralar goýulmaly. Operasion otaglarda aýratyn ýagtylandyrýan çyralar bolmaly.

Ýylylyk – näsaglaryň ýatýan otaglarynda $20^0$ C, sanjym otaglarynda, sarag otaglarynda 22-$25^0$ C, operasion we çaga dogrulýan otaglarynda $25^0$ C ýylylyk bolmaly.

Howanyň çalyşyrylyp durulmagy adam üçin gerekli. Adam organizminiň kadaly işlemegi we özüni gowy duýmagy üçin otagyň howasynyň kadaly düzümi, çyglylygy bolmaly. Otaglaryň howasynda kömürturşy gazy 0,1% golaý bolmaly. Eger kömürturşy gazynyň mukdary 0,15%-den ýokary bolsa, onda adamda kelleagyry peýda

bolýar. Howanyň çyglylygy ýokarlanan bolsa onuň ýylylyk bölüp çykaryşy kynlaşýar. Otaglarda erbet ysyň bolmagy nerw ulgamyna ýaramaz täsir edýär. Şonuň üçin otaglaryň howasyny yzygiderli çalşyryp durmaly. Gije-gündiziň dowamynda otaglaryň howasyny 4 gezek çalşyrmaly.

## Şepagat uýasynyň şahsy gigiýenasy

Bölümdäki şepagat uýasynyň daş keşbi, eşikleri arassa we gelşikli bolmaly. Şepagat uýasy günde pürküji suwuň aşagynda ýuwunmaly, elleri mydama arassa bolmaly, dyrnaklary gysga gyrkylmaly. Näsaga lukmançylyk hyzmaty edilenden soňra ellerini sabynlap çotka bilen ýuwmaly. Eger-de elleriniň deri örtükleri gurak bolsa, onda ellerine ýörite krem çalmaly.

Şepagat uýasynyň halady arassa bolmaly, saçlary ak ýaglygyndan ýa-da kolpagyndan çykmaly däl, aýaklaryndaky ses etmeýän köwüşlerini ýökançsyzlandyrmak mümkinçiligi bolmaly. Hassahanada geýýän haladyny, ýaglygyny, köwüşlerini öýüne äkitmeli däl, olary ýörite bellenen şkaflarda asyp goýmaly.

## 2.2. Hassahanalarda näsagyň we şepagat uýasynyň gün tertibi we şepagat uýasynyň ýerine ýetirmeli işleri

| sÄ<br>Wagty | Ç<br>Işler | B Şepagat uýasynyň<br>ýerine ýetirmeli işleri |
|---|---|---|
| 7-00 – 7-30 | Näsag oýanmaly. Gyzgynyny ölçemeli. | Otaglardaky çyralary ýakyp näsaglara termometr bermeli, soňra gyzgynynyň netijesini ýörite kagyzda bellemeli. |
| 7-30 – 8-00 | Ertirki täret. | Agyr näsaglaryň düşeklerini düzlemeli, el-ýüzlerini ýuwdurmaly, alnan derňewleri barlamhana äkitmeli, otaglary ýelejiretmeli. |
| 8-10 – 8-30 | Ertirlik dermanlary paýlamak. | Nobatda duran şepagat uýasynyň gijeki ýerine ýetiren işlerine hasabat tabşyrmagy. |

| | | |
|---|---|---|
| 8-30 – 9-00 | Ertirki nahar. | Ertirlik naharyndan öň we soň içilmeli dermanlary paýlamaly. |
| 9-00 – 10-00 | Näsaglara lukmanyň gündelik barlaglaryny geçirmek. | Nahar getirtmeli. Agyr näsaglary naharlamaly. |
| 10-00 – 13-00 | Lukmanyň görkezmelerini berjaý etmek. | Şepagat uýasy barlag wagty lukman bilen otaglara barmaly we üýtgeşikleri belläp almaly. |
| 13-00 – 13-30 | Günortanky dermanlary paýlamak. | Näsaglara günortan kabul etmeli dermanlaryny paýlamak, sanjymlaryny etmek. |
| 13-30 – 14-30 | Günortanky nahar. | Agyr näsaglary naharlamaly. |
| 14-30 – 16-30 | Näsaglaryň gündizki ukusy. | Agyr näsaglara gözegçilik etmeli, rahatlygyny saklamaly, otaglaryň howasyny çalşyrmaly. |
| 16-30 –17- 00 | Näsaglaryň gyzgynyny ölçemek. | Gyzgyn ölçenilenden soň ýörite kagyza bellemeli. |
| 17-00 – 17-30 | Öýlänlik nahar. | Agyr näsaglary naharlamaly. |
| 17-30 – 19-00 | Hossarlary bilen duşuşyk. | Şepagat uýasy näsag üçin hossarlarynyň getiren naharlaryny gözden geçirmeli. |
| 19-00 – 19-30 | Giçlik kabul edilmeli dermanlary paýlamak. | Agyr näsaglara derman kabul etmäge kömekleşmeli. |
| 19-30 – 20-00 | Agşamlyk nahar. | Agşamlyk naharlary getirmeli, agyr näsaglary naharlamaly. |
| 20-30 – 21-30 | Lukmanyň giçki görkezmelerini ýerine ýetirmek. | Giçlik sanjymlaryny etmeli, derňewleri almaga taýýarlamaly, banka, gyzdyrgyç, gyzdyryjy ýapgylary, rentgen barlaglaryna taýýarlamak. |

| | | |
|---|---|---|
| 21-30 – 22-00 | Gijeki täret. | Agyr näsaglary ýuwundyrmaly, düşeklerini düzlemeli, otaglaryň howasyny çalşyrmaly |
| 22-00 | Gijeki uka taýýarlyk. | Çyralary söndürmeli, näsaglaryň üstüni ýapmaly. Ümsümligi saklamaly. |

# III BAP

## 3.1. Ýokançsyzlandyrmak – mikrobedenjiklere garşy göreş

Ýokançsyzlandyrmagyň maksady: ýokanç keselleriň öňüni almak.

Ýokançsyzlandyrmagyň usullary:

Mehaniki - eşikleri, düşekleri, ellerini ýuwmak, otaglary ýuwup – süpürmek arkaly geçirilýär.

Fiziki - ýokary temperaturany ulanmak, ýagny eşikleri, gap-gaçlary, içilýän suwy, gurallary gaýnatmak arkaly gazanylýar.

Himiki - hloramin, hlorly hek, fenol, spirt we ş.m. himiki serişdeleri ulanmak arkaly gazanylýar.

## Iň köp ulanylýan ýokançsyzlandyryjy serişdeler

***Hlor heki*** - hloraminiň ysy gelip duran ak reňkli külke.Hajathanalary, ganly, iriňli esbaplary ýokançsyzlandyrmak üçin ulanylýar.

***Hlor hekiniň*** erginini taýýarlamak üçin syrçaly bedrede 9 litr suwa 1 kg hlor hekini goşup gowuja eretmeli. Bedräniň agzyny gapak bilen ýapyp 12 sagat goýmaly. Soňra süzüp çüýşelere guýmaly, gapagyny ýapyp sowuk ýerde 5-6 gün saklamak bolýar.

***Hloramin*** - suwda gowy ereýän ak poroşok 0,25%,-0,5%, 1%, 2%-li erginleri ulanylýar, erginleri ulanmagyň öň ýanynda taýýarlamaly.

***Wodorodyň perekisi*** - ýokançsyzlandyrmak üçin 0,5% , 1%-3%-li erginleri ulanylýar.

***Kaliý permanganaty*** - mawy reňkli, ýylpyldawuk kristal 0,1%-0,5%-li erginleri ulanylýar.

***Ýod ergini*** - ýodyň 5%-li spirtli ergini operasiýadan soň ýaralary, beýleki ýaralaryň gyralaryny, hirurgiýa şepagat uýalarynyň ellerini ýokançsyzlandyrmak üçin ulanylýar. Ýod ketgudy zyýan-syzlandyrmak üçin ulanylýan lýugol ergniň düzümine-de girýär.

***Ýodonat*** - ýod bilen sulfadyň birleşmesi, düzüminde 4,5%-li erkin ýod girýär. Ulanmagyň öň ýanynda distillirlenen suw bilen 1:4,5 gatnaşykda eretmeli. Operasion meýdany ýokançsyzlandyrmak üçin ulanylýar.

***Furasilin*** - sary reňkli kristal görnüşli külke, 1:5000 gatnaşykly erginini iriňli we ýanyk ýaralary ýuwmak üçin ulanylýar.

***Fenol*** - karbol kislotasynyň özboluşly ysly reňksiz kristal görnüşli külkesi. Onuň 3-5%-li erginleri eşikleri, näsaglara gözegçilik etmek üçin ulanylýan gurallary, ýokançsyzlandyrmak üçin ulanylýar.

***Üç düzümli (troýnoý)*** -elastiki ellikleri, gurallary ýokançsyzlandyrmak üçin ulanylýar.

***Lizol*** - 2%-li ergini ýokanç keselli näsaglara gözegçilik etmekde ulanylýan gurallary ýokançsyzlandyrmak üçin ulanylýar.

***Formalin*** - 2-5%-li erginleri elastikiellikleri, gurallar ýokançsyzlan-dyrmak üçin ulanylýar.

### 3.3. Lukmançylyk gurallaryny, otaglary, wannany we mebelleri ýokançsyzlandyrmagyň ýollary

| Ady | Ýokançsyzlandyrmagyň ýoly | Durmaly wagty |
|---|---|---|
| Şpateller | Suwda gaýnatmaly. | 15 minut |
| El ýuwmak üçin sürtüçler we şýotkalar | Suwda gaýnatmaly, awtoklawda zyýansyzlandyrmaly. | 15 minut, 20 minut |
| Kleýonkadan tikilen öňlükler | 1%-li hloramin, 0,5%-li hlor hekiniň ergini. | 2 gezek süpürmeli |
| Arassalaýjy klizmany etmek üçin ulanylýan uçluklar | Ulanylandan soň 1%-li hlor hekiniň ergininde ezmeli, soňra gaýnatmaly. | 15 minut |
| Dyrnak almak üçin gaýçylar | Üç düzümli erginde ezmeli 2%-li formalin, 0,3%-li fenol%- 1,5%-li natriý gidrokarbonaty. | 15 minut |
| Otag mebelleri | 1%-li hloramin, 0,5%-li hlorly hek, 3%-li wodorodyň perikisi, ýuwujy serişde bilen arassalamaly. | |
| Täret sudnolary we peşew kabul edijiler | Ýuwandan soň 0,5%-li hlor hekinde, 1%-li hloraminde ezmeli. | 60 minut |
| Ýyladyjy haltajyk we doň üçin gap | Gyzgyn suwda ýuwmaly, soňra 2 gezek 1%-li hloramin bilen süpürmeli. | 3-5 minut |

# IV BAP

## 4.1. Näsaglar üçin düşegiň taýýarlanylyşy

Näsag wagtynyň köp bölegini düşekde geçirýär. Şonuň üçin hem näsaga niýetlenen düşek arassa  we amatly bolmaly. Näsagyň krowady nikelli metaldan bolup, ýuwup süpürmek üçin amatly bolmaly. Krowadyň tory çekilen maýyşgak bolmaly. Onuň üstüne krowadyň göwrümine laýyk bolan galyň, ýumşak, tekiz, düşek daşlyk bilen örtülen düşek ýazmaly. Ýorganyň daşyny ýuwup-arassalamak üçin amatly bolar ýaly ýorgana daş geýdirmeli. Näsag üçin 2 sany ýassyk goýulmaly. Olaryň biri pagtadan, beýlekisi perden bolmaly.  Ýagdaýy agyr, uly-kiçi täretleri düşeginde bolan näsaglar üçin düşegiň üstünden kleýonka ýazmaly.

### Agyr näsaglaryň düşegini çalşyrmagyň ýollary

**Agyr näsaglaryň düşegini çalşyrmagyň yzygiderliligi:**

1) Arassa düşek daşlygy uzynlygyna düýrlemeli, näsagy krowadyň bir tarapyna gapdal öwrüp ýatyrmaly, hapa düşek daşlygyny düýrlemelide onuň ýerine arassa düşek daşlygyny ýazmaly.

2) Näsagy krowadyň beýleki tarapyna, ýagny arassa düşek daşlygynyň ýazylan tarapyna öwürmeli. Hapa düşek daşlygy aýryp, onuň ýerine düýrlenen  arassa düşek daşlygy ýazmaly.

Eger näsagy gapdal öwürmek bolmaýan bolsa, onda arassa düşek daşlygyny (*4-nji surat*) inine düýrläp, näsagyň aýak ýa-da kelle tarapyny ýuwaşja galdyryp, hapasyny düýrläp, onuň ýerine arassa düşek daşlygyny ýazmaly. Soňra kömekçi näsagyň biliniň aşagyndan elini geçirip, onuň çanaklygyny (tazyny) galdyrmaly. Hapa düşek daşlygyny düýrlemegi dowam etmeli. Onuň ýerine arassasyny ýazmaly. Her gün irden we giçlik agyr näsaglaryň düşegini düzlemeli, ýagny ýygrylan düşek daşlygy ýasyşdyrmaly, ownuk-owşaklary kakyp aýyrmaly.

## Agyr näsagyň eşigini çalşyrmagyň usullary

Şepagat uýasy näsagyň kellesini dikläp (*5-nji surat*), arka tarapyndan onuň köýnegini boýnuna çenli düýrleýär. Näsagyň kellesini biraz epmegini haýyş edip, köýnegini kellesinden çykarmaly, soňra ýeňlerini çykarmaly. Eger bir eli ýaraly ýa-da gipsli bolsa, ilki sagat elinden öňüni çykaryp, soňra gipsli elinden çykarmaly. Arassa köýnegi tersine, ilki ýaraly eline ýeňini geýdirip, soňra sagat eline geýdirmeli, soňra ýakasyndan kellesini geçirip, köýnegini düzläp goýbermeli.

Has agyr näsaglara ýörite geýdirip çykarmasy ýeňil bolar ýaly arkasy açyk köýnekler geýdirilýär.



**Surat 4. Agyr näsaglaryň düşegini çalyşmagyň ýollary.**



**Surat 5. Agyr näsagyň eşigini çalyşmak.**

## 4.2. Köp wagtlap hereketsiz ýatmagyň netijesinde ýagyr ýaralaryň emele gelmegi we onuň öňüni almak

Hemmämize belli bolşy ýaly, adamyň deri örtükleri şu aşakdaky funksiýalary ýerine ýetirýär:

1) Goraýyş;
2) Bölüp çykaryş;
3) Ýylylygy saklaýyş;
4) Duýgurlyk.

Agyr näsag köp wagtlap hereketsiz ýatan wagty gözegçilik edilmese ýatan tarapynyň agram düşýän ýerlerinde ýagyr ýaralary emele gelýär (ýumşak dokumlaryň gan damarlary gysylyp, olara gan ýeterlik barmaýanlygy zerarly). Köplenç ýagyr ýaralar näsagyň syrtynda, türre süňkleriniň töwereginde, pilçeleriniň töwereginde, oňurgalarynyň duşunda, ýeňsesinde, tirseginde, ökjelerinde emele gelýär. Ýara emele gelmezden öň, şol töweregiň deri örtügi agarýar, soňra bir az gyzarýar, agyry peýda bolýar, gabarçak emele gelip, deriniň üstki gatlagy sypjyrylýar (aýrylýar). Soňa baka şol töweregiň ýumşak dokumalary çüýräp, ýaranyň çuňlugy süňklere çenli ýetmegi mümkin. Ýaralara mikroblar aralaşyp iriňli ýaralar emele gelýär, hat-da mikroblar gana düşüp septiki ýagdaýa getirip biler.




**Surat 6. Deri we nemli örtüklere garaşyk etmek.**

## Ýagyr ýaralaryň emele gelmeginiň öňüni almak

Ýagyr ýaralaryň emele gelmeginiň öňüni almak üçin zerur şertler indikiler:

1) Agyr, köp wagtlap ýatmaly näsaglara galyň, ýumşak, tekiz düşek taýýarlamaly.

2) Lukmanyň rugsat bermegi boýunça düşekde ýatan näsagy wagtal-wagtal eýlesine - beýlesine öwrüp durmaly.

3) Günüň dowamynda näsagyň eşiklerini, düşegini birnäçe gezek düzlemeli, ownuklaryny kakmaly.

4) Bedeniniň ýara emele geljek ýerlerine (*6-njy a surat*) her gün 10%-li kamfora spirtini, 40%-li etil spirtini ýa-da nahar sirkesiniň 1 çemçesini 1 käse suwa garyp sürtmeli, galyberse-de gaýnadylyp sowadylan suw bilen süpürmek hem bolar.

5) Näsagy eýläk-beýläk öwürmek rugsat edilmese, ýara emele geläýjek ýerlerine ýörite ýellenilýän tegelek elastiki ýassyga daş geýdirip goýmaly. Şeýle tegelekler bolmasa pagtanyň daşyna hasa orap ýasamak bolar.

6) Eger deri örtgüginiň reňki üýtgän bolsa (agaran ýa-da gyzaran bolsa), gan aýlanyşygyny gowulandyrmak üçin şol töweregi gury ýumşak esgi bilen owkalap süpürmeli, kwars şöhlesini tutmak hem bolar.

7) Eger deriniň üstki gatlagy sypjarylan bolsa, gaýnadylyp sowadylan suw bilen sabynlap ýuwmaly-da, spirt bilen süpürmeli, prisypka (çagalarda ulanylýan külke) sepmeli.

## Täretden soňky arassaçylyk işleri

Köp wagt düşekde ýatan agyr näsaglar her gün uly we kiçi täretlerini düşekde etmeli bolýarlar. Şonuň üçin ertir-agşam jyns agzalaryny ýuwup (*2-nji d surat*) arassalamak gerek. Ýuwundyrmak üçin permanganat kaliniň gowşak erginini taýýarlamaly. Näsagyň aşagyna kleýonka ýazmaly, onuň aýaklaryny epip arkan ýatmagyny haýyş etmeli. Aýaklarynyň arasy maksimal açylan bolmaly. Çanaklygynyň (syrtynyň) aşagyna täret sudnosyny goýmaly. Jyns agzalaryna taýýarlanan ergini guýup, pagta gypjalan kornsang bilen ýokardan aşaklygyna süpürip ýuwmaly, soňra gury pagta bilen süpürmeli.

## Näsagyň gözlerine gözegçilik etmek

Göz agrynyň netijesinde gözlerden iriň bölünip çykyp, kirpikler ýapyşyp başlaýar. Şeýle ýagdaýda näsagyň gözlerini ýuwmaly.

***Ýuwmagyň usuly:*** pagta şarjagazlary 3%-li bor kislotasynyň ergininde ezip, galyberse-de, sowadylan çaý bilen gözleriň daşky burçundan içki burçuna tarap süpürmeli. Her bir gözi aýry pagta şarjagaz bilen ýuwmaly. Eger kirpikler ýapyşyp iriň gatan bolsa ilki göze ýag çalyp ýumşatmaly, soňra ýuwmaly.

**Gözlere derman damdyrmagyň usuly**

Göz damjalary hökmany suratda zyýansyzlandyrylan bolmaly. Damdyrmagyň usuly: näsagyň aşaky gabagyny (*6-njy b surat*) aşak çekip, ýokary seretmegini haýyş etmeli. Dermanyň1-2 damjasyny gözüň daşky burçuna ýakyn damdyryp, näsagyň gözüni ýuwaşlyk bilen ýumdurmaly. Damja damdyrylandan soň, damdyrgyjy arassa suwda ýuwup, ýörite gapda saklamaly.

***Göz ýaglaryny göze goýmagyň usuly***

Onuň üçin zyýansyzlandyrylan çüýşe pilçejik gerek. Pilçäniň üstüne göz ýag almaly. Näsagyň aşaky gabagyny aşak çekip, onuň ýokary seretmegini haýyş etmeli. Pilçejikdäki ýagy aşaky gabagyň içki (gyrasyna) epinine çalmaly-da, ýuwaşjadan gözüni ýumduryp, ýagyň gözüň içine ýaýramagyny gazanmaly.

Bu melhemden öň öz elleriňizi-de sabynlap ýuwup, barmaklaryňyzyň uçlaryny spirt bilen süpürmegi ýatdan çykarmaň!

## Näsagyň gulaklaryna gözegçilik etmek

Köp wagtlap düşekde ýatan näsaglaryň gulaklaryny şepagat uýasy wagtal-wagtal arassalap durmaly. Sebäbi gulak ýolunda kükürde meňzeş zatlar toplanyp, dykylar emele gelýär we ses eşidijiligi peselýär. Gulagy ýiti zatlar bilen arassalamak bolmaýar. Onuň üçin ýörite taýajyklaryň ujuna pamyk orap, ýuwaşja towlap arassalamak maslahat berilýär. Eger gulakda “kükürtli” dykylar emele gelen bolsa, ony arassalamak üçin, ilki gulaga wodorodyň perekisiniň 3%-li ergininden 3 - 4 damja damdyrmaly, soňra pamykdan ýasalan piltejik bilen towlap arassalamaly. Eger-de şonda-da dyky aýrylmasa, ony Žane şprisiniň kömegi bilen ýuwup aýyrmaly.

***Gulaklara derman damdyrmagyň usuly***

Näsagyň kellesini bir tarapa gyşartmaly, derman guýuljak gulagyň ujundan bir az çekip ýoluny dogurlamaly we damdyrgyç bilen 3 - 4 damja dermany damdyryp, şol ýagdaýda 1 - 2 minut saklamaly. Soňra kellesini beýle tarapa gyşardyp, beýleki gulagyna damdyryp pagta bilen dykmaly. Damjalar hökman ýyly bolmaly. Çaga gulagyna 3 - 4 damja, uly adama 6 - 8 damja damdyrmak bolar.

## Näsagyň burnuna gözegçilik etmek

Şepagat uýasy agyr, halsyz näsaglaryň burnuny wagtal-wagtal gatan iriň kesmeklerinden arassalap durmaly. Ýaş çaganyň burnuna gözegçilik etmek örän wajyp, sebäbi ýaş çaganyň burny dykylsa onuň ene göwsünden emmesi kynlaşýar. Burnundaky gatan iriňli kesmekleri arassalamak üçin zonduň ýa-da inçejik taýajygyň ujuna pamyk orap, ony ýaga çümürmeli, soňra ýuwaşlyk bilen towlap sokmaly. Näsagyň kellesini biraz yza gaýşardyryp 2 - 3 minut oturan soň zondy towlaşdyryp kesmegini aýyrmaly. Ýaş çaganyň burnuny arassalamak üçin pamygy gaty düýrüp piltejik taýýarlamaly we şol piltejigi burna sokup ýuwaşja towlap arassalamaly.

Buruna derman damjalaryny damdyrmak üçin näsagyň kellesini biraz gapdala we yza gyşartmaly we burnuň her bir deşigine 3 - 4 damja damdyrmaly. Ýaş çaganyň burnuna derman damdyrmazdan öň onuň burnuny arassalamaly. Soňra onuň biraz yza gyşardyp, haýsy tarapa derman damdyrmaly bolsa, şol tarapa gyşartmaly. Çep elini onuň maňlaýyna goýup, kellesini saklamaly. Şol eliň başam barmagy bilen burnunyň ujuna ýuwaşja basyp, sag elindäki damdyrgyç bilen dermany damdyrmaly. Bir-iki minut geçenden soň beýleki deşigine damdyrmaly.

## Näsagyň agyz boşlugyna gözegçilik etmek

Ýöremäge ýaraýan näsaglar dişlerini her gün iki gezek ýuwmaly. Nahar iýip bolandan soň agzyny hökman çaýkamaly. Agyr näsaglaryň agyz boşlugyna şepagat uýasy gözegçilik etmeli, ýagny onuň dişlerini, dişleriniň etlerini, dilini natriý gidrokarbonatynyň 2%-li ýa-da kaliý permanganatynyň gowşak erginine ýa-da çopantelpegiň gaýnadylan suwuna ezilen pamyk tokgajygy bilen süpürmeli. Dişleriniň öň we yz tarapyny aýralykda süpürmeli. Eger agyz boşlugynda sowuklama

keselleri bar bolsa, onda näsagyň agyz boşlugyna dermanlar bilen ýapgy (applikasiýa) etmeli ýa-da derman pürküp ýuwmaly. Ýapgy etmek üçin hasa salfetkasyny 0,1%-li furasilinli erginde ezmeli we dişleriniň etlerine ýapyşdyrmaly. Günüň dowamynda birnäçe gezek gaýtalamaly. Ýapgyny agyry aýyryjy serişdeleri bilen bilelikde etmek bolar. Eger näsag agyz boşlugyny derman bilen çaýkap bilmeýän bolsa, onda şepagat uýasy pürküp ýuwmaly. Onuň üçin antiseptiki serişde, Žaneniň şprisi ýa-da armyt şekilli topjagaz we böwrek şekilli legenjik taýýarlamaly.

***Işiň yzygiderliligi:***

Näsagyň kellesini gapdala gyşartmaly.

Boýnuny, döşüni kleýonka bilen örtmeli, eňeginiň aşagyna böwrek şekilli legenjigi goýmaly.

Žaneniň şprisine ýa-da armyt şekilli elastiki topjagaza antiseptiki serişde sordurmaly.

Ýuwaşjadan ergini pürküp, näsagyň owurdynyň iki tarapyny ýuwmaly.

Antiseptiki serişde hökmünde permanganat kaliniň gowşak erginini ýa-da furasilin ulanmak bolar. Eger näsagyň dodaklary gurap, ýarylyp, ganan bolsa suwda ezilen salfetka bilen dodaklaryny örtüp ýumşatmaly, soňra olary ýaglamaly. Eger-de näsagyň agzynda emeli oturdylan dişleri (protezler) bar bolsa, gijelerine olary aýyryp, sabynlap ýuwup, arassa gury bulgurjykda saklamaly. Ertir irden ýuwup, ýene-de geýdirmeli.

# V BAP

## DOKUMALARYŇ GAN AÝLANYŞYGYNA TÄSIR EDÝÄN PROSEDURALAR

Dokumalaryň gan aýlanyşygyna täsir edýän proseduralara gyzdyrgyçlar (gorçiçnikler), lukmançylyk bankalary, sülükler, ýapgy, ýyladyjy, sowadyjy haltajyklar, gan akdyrma, ýapgylar degişli.

### 5.1. Gyzdyrgyjyň (gorçiçnikleriň) ulanylyşy.

Gyzdyrgyçlar düzümindäki efir ýagynyň täsiri netijesinde deri örtüginiň nerwlerini gyjyndyryp, gan damarlaryny giňeldýär.

Gyzdyrgyçlar diňe deri örtüginiň gan damarlaryny giňeltmän, şol ýerde ýerleşen içki ulgamlaryň hem gan damarlaryny giňeldip, agyrynyň aýrylmagyna we sowuklamanyň çözülmegine (yza gaýtmagyna) şert döredýär. Şonuň üçin gyzdyrgyçlary dem alyş ulgamlarynyň sowuklama kesellerinde, ýürek agyryda, bil agyryda ulanýarlar. Gyzdyrgyçlary deri kesellerinde, gyzgyn ýokarlananda we eşenlemede (krapiwnisa) ulanmak bolmaýar.

Ulanmagyň usuly:

Taýýarlanan gyzdyrgyçly kagyzy 1-2 sekunt 38-40$^0$ suwa çümürip, soňra suwuny silkmeli we gerekli ýere goýmaly. Üstüni ýumşak mata bilen örtüp, ýorgan ýapyp 5-10 minut goýmaly. Şol wagt geçenden soň aýyryp, galyndylaryny gowuja süpürip almaly. Näsagyň üstüni ýapyp ýatyrmaly. Eger gyzdyrgyç dogry goýlan bolsa, onda näsagda ýanýan ýaly duýgy peýda bolýar we gyzdyrgyç goýulan ýeri gyzarýar. Dem alyş organlarynyň kesellerinde gyzdyrgyç ýagyrnysyna, pilçeleriň aralygyna, aşagyna, kükregine goýmak bolýar. Ýürek agyryda ýüregiň töweregine, gipertoniýa krizinde ýeňsesine we

aýaklaryň myşsalaryna goýulýar. Ýaş çagalara we deri örtükleri örän duýgur adamlara gyzdyrgyjy hasanyň üstünden goýup, 15-20 minut saklamak bolar.

**Ýatda saklaň!**

Gyzdyrgyçlary gaýnag suwa çümdürmek bolmaýar, sebäbi çenden aşa gyzgyn suwda efir ýaglary zaýalanyp, onuň täsiri ýitýär.

Gyzdyrgyçly sargy 38 - $40^0$ - daky 1 - 1,5 litr suwda 80 - 100 gram gorçisanyň külkesini eredip, oňa ulurajyk ýumşak matany ezmeli, ýuwaşja sykyp, näsagyň döş kapasasyna saramaly. Näsagyň üstüni ýorgan bilen ýapyp, 10-15 minut ýatyrmaly. Şol wagt geçenden soň esgini aýyryp, näsagyň tenini süpürmeli-de, ýene-de ýorgan ýapyp ýatyrmaly.

Gyzdyrgyçly wanna 37 - $39^0$-daky 1 bedre suwda 40 - 60 gram gorçisanyň külkesini eredip, el-aýaklaryny ýa-da bütin bedenini çümdürip, 10 minut oturmaly (çagalar 5-7 minut).

## 5.2. Lukmançylyk bankasy

Lukmançylyk bankalary ulanmak (*7-nji a surat*) fiziki usul bolup, gan we limfa aýlanyşygyny gowulandyrmak maksady bilen ulanylýar. Şeýlelikde olar agyryny, sowuklamany aýyrýar. Esasan hem, dem alyş ulgamlarynyň kesellerini bejermekde uly ýardam berýär. Bankalary şu aşakdaky kesellerde ulanmak bolýar: pnewmoniýa, bronhit, gapyrgara newralgiýa, radikulit. Bankalary şu aşakdaky kesellerde ulanmak bolmaýar: öýken gan akmasy, öýken inçekeseli, öýkeniň howply çiş keseli (rak), deri keselleri, psihiki näsaglara, çakdan aşa hor adamlara.

Lukmançylyk bankalaryny dem alyş ulgamlarynyň kesellerinde döş kapasasyna goýýarlar (döş süňküniň, pilçeleriň, oňurgalaryň üstüne goýmagyň hajaty ýok). Radikulitde bolsa oňurgalaryň gapdalyna goýmaly. Banka goýmagyň usuly:

Bankalaryň agzyny barlap, spirt bilen süpürmeli.

Näsagy ýatyrmaly.

Banka goýuljak ýerlerine wazelin sürtmeli.

10-15 sm uzynlygy bolan metal taýajygyň ujyna pagta çolamalyda, spirte çümdürip sykmaly we ýakmaly.

Sag ele bankany alyp, näsagyň tenine ýakynrak biraz gyşardyp tutmaly.

Ýanýan ýalyny bankanyň içine sokup aýlamaly-da, ýalyny çy-

karyp bankany näsagyň tenine gapmaly.

Ýalyn bankanyň içindäki howany çykarmak üçin gerek. Eger ýalyn pes ýanýan bolsa howa gowy çykmaýar, wakuum boşlugy emele gelmeýär we deri örtügi banka sorulmaýar, netijede banka derä ýapyşmaýar. Bankadaky howa çykarylyp, wakuum boşlugyny döretmek başartsa, bankanyň içine deri örtügi sorulýar. Jemi 10 - 12 banka goýulýar. Bankalaryň bary goýlandan soň, näsagyň üstüni ýorgan bilen ýapyp, 10 - 15 minut ýatyrmaly. Şol wagt geçenden soň bankalary aýyrmak üçin çep eliň başam barmagy bilen näsagyň tenine (bankanyň ýakynyna) basyp, sag el bilen bankany bir-az gyşartmaly. Şonda näsagyň teni bilen bankanyň aralygynda ýaryk emele gelýär, şondan howa girip, banka ýeňiljek aýrylýar. Soňra näsagyň tenini gowuja süpürip, onuň üstüni ýapyp 20 - 30 minut ýatyrmaly. Banka gowy ýapyşan bolsa onuň aýrylan ýerinde gan öýmeleri görünýär. Ulanylan bankalary ýyly suw bilen sabynlap ýuwmaly.




**Surat 7. Dokumalaryn gan aýlanşygyna täsir edýän çareler.**

## 5.3. Sülükleri ulanmak (Girudoterapiýa)

Sülük – togalak garamtyl gurçuk bolup, diňe akar suwda ýaşaýar. Onuň birnäçe nişderleri bolup, olaryň kömegi bilen gan sorýarlar we öz tüýküligini gan damaryna goýberip ganyň doňmagynyň öňüni alýar. Sebäbi onuň tüýküliginde girudin diýen madda bar, ol ganyň doňmagyna päsgel berýär, hat-da doňan gany-da eredýär. Sülükleri ýüregiň işemiýa keselinde, gipertoniýa krizinde, glaukomada, babasylda, tromboflebitde ulanylýar. Olary gan akmalarda, gan azlykda, psihiki näsaglara ulanmak bolmaýar.

Sülükleri haýsy maksat bilen ulanýandyklaryna baglylykda (*7-nji b surat*) ýüregiň töweregine, gulaklaryň yzynda ýerleşen emjek görnüşli ösüntgilere, el-aýaklardaky tromboflebitleriň duşuna, çekge süňkleriniň duşuna goýmak bolar. Bejermek üçin diňe sagat sülükleri ulanmaly. Olary ulanmagyň usullary:

Sülük goýuljak meýdany ýyly suw bilen sabynlap ýuwmaly (sabyn ysly bolmaly däl), soňra gowuja sürtüp süpürmeli (gan damarlary giňelip gyzarar ýaly) we süýji suw çalmaly.

Bankadaky sülükleri jübtek bilen gaty gysman probirka geçirmeli-de, goýuljak ýere ýakynlaşdyrmaly (şülügi hasa çolap eliň bilen hem almak bolar).

Gulagyň aşagyndaky ösüntgä goýulýan bolsa, ilkinji sülügi ösüntginiň aşaky burçuna, soňkylary hatarlap ýokary böleklerine goýmaly (eger ýokardan goýlup başlansa, bir sülük ösüntginiň ähli meýdanyny eýelär). Sülük ýapyşdyrylandan soň 20--30 minut garaşmaly. Ol gandan doýandan soňra özi aýrylýar (her bir şülük 10 - 15 ml çenli gan sorup biler). Eger-de sülük aýrylmasa onuň ýakynyna ysly ergine çümdürilen pagtany ýakynlaşdyrmaly (ýoduň ergini, atyr we ş.m.). Şeýle edilende sülük aňsat aýrylýar. Gurçugyň aýrylan ýerinde ganaýan ýarajyk galýar. Ol ýara aseptiki daňy daňmaly, onda-da gan akma galmasa ýarany permanganat kaliniň erginine ezilen pagta şarjagazyny goýup saramaly. Kähalatlarda sülük goýlan ýerde gijelewük ýa-da iriňli ýaralaryň peýda bolmagy mümkin.

## 5.4. Ýapgylar

Ýapgylar bejermek maksady bilen ulanylýan köp gatlakly saragdyr. Ýyladyjy ýapgylar goýlan meýdanynyň gan aýlanyşygyny, madda çalyşygyny gowulaşdyryp infiltratlaryň sorulmagyna we agyrynyň peselmegine şert döredýär. Gerek bolsa ýapgyny bedeniň

ähli meýdanyna goýmak bolar. Ýöne deri kesellerinde hem-de gan akýan ýaralarda ýapgy goýmak bolmaýar.

Ýapgy goýmagyň usuly:

4-6 gatlanan hasany ýyladylan dermanly ergine çümdürip biraz sykmaly-da bellenen meýdana goýmaly (boguna, bokurdaga ýa-da sanjymdan soň dörän infiltrata).

Onuň üstüne kleýonka (polietilen) ýa-da suw geçirmeýän şykyrdawuk kagyz goýmaly.

Üstüne galyň pagta goýmaly.

Soňra bint bilen saramaly.

**Ýatda saklaň!**

Her bir soňky gatlak öňküden 2 sm uly bolmaly. Ýapgy üçin ýyly suw, arak, sirkäniň gowşak ergini, suw goşulan spirt, kamfora spirtini ulanmak bolar.

Kompresi 6-7 sagatdan 12 sagada çenli goýmak mümkin. Onuň dogry goýlandygyny barlamak üçin 2 sagatdan soň sargynyň arasyna barmak sokup görmeli, eger 1-nji gatlak çygly bolsa, onda ýapgy dogry goýlupdyr.

## Sowuk ýapgylar

Sowuk ýapgy gyzdyrmanyň 2 - nji döwründe (gyzgyn ýokary derejä ýetende), gan basyşy has ýokarlananda, urgudan soň 1 - 2 günüň dowamynda, gan akmalarda ulanylýar.

Sowuk ýapgy gan damarlary daraldyp, sowadyp howply ýagdaýlaryň ýüze çykmagynyň öňüni alýar, gan akmany saklaýar. Sowuk ýapgy goýmagyň usuly:

2-3 gatlanan ýumşak matany sowuk suwa ezip, gerekli ýere goýup, 2-3 minut saklamaly-da ýene-de birnäçe gezek gaýtalamaly.

## Gyzgyn ýapgylar

Gyzgyn ýapgylar ýiti agyryny aýyrmak üçin ulanýarlar (*9-njy surat*). Olary ulanmagyň usuly: 4-5 gatly hasany 50-60$^{0}$-daky gyzgyn suwda ezip, agyrýan ýerine goýmaly-da üstüni kleýonka bilen ýapmaly, soňra ýüň ýaglyk bilen saramaly. Her 5-10 minutdan çalyşmaly.

***Gulaga ýyladyjy ýapgynyň goýulyş usuly:***

3 -4 gatlanan hasanyň we suw geçirmeýän şykyrdawuk kagyzyň ortasyna gulagyň göwrümine görä oýmaly (kesmeli). Hasany araga

ýa-da suw goşulan spirte ýa-da kamfora spirtine çümdürip biraz sykmaly. Hasanyň oýlan ýerinden gulaga geçirip, ony gulagyň daşyna ýapyşdyrmaly, üstünden suw geçmeýän kagyzyny soňra galyň gatly pagtany goýup saramaly. Ýapgyny 3 - 4 sagada çenli goýmaly.

### *Ýapgylaryň beýleki görnüşleri*

Dermanlyk otlaryň, çäganiň, duzuň,däneleriň gyzdyrylyp ýapy görnüşinde ulanylmagy edil gyzgyn kompres ýaly täsir edýär, ýöne ýapgylar 2 sagada çenli täsirini saklaýar. Matadan tikilen haltajygy derman otlardan, kepekden ýa-da däneden dolduryp suwda gaýnatmaly ýa-da bugda bişirmeli, soňra bir az sykyp 50 - $60^0$ - çenli sowatmaly we agyrýan meýdana ýapmaly. Üstüni kleýonka bilen örtmeli-de ýyladyjy haltajyk goýmaly (sowamazlygy üçin). Duzy, çägäni bolsa gazanda gyzdyrmaly-da haltajyga salyp agyrýan ýerine goýmaly.




**Surat 8. Ýyladyjy (a) we sowadyjy (b) tulumlaryň ulanylyşy.**



**Surat 9. Gyzgyn kompresiň goýulyşy.**

## 5.5. Buzly haltajygyň ulanylyşy

Buz gan damarlary daraldyp, periferiki nerw süýümleriniň gyjynmasyny peseldýär. Buzly haltajygy (*8-nji b surat*) şu aşakdaky ýagdaýlarda ulanmak bolar:

1) Gan akmalarda.

2) Garyn boşlugyndaky ulgamlaryň ýiti sowuklama kesellerinde (ýiti appendesit, holesistit we başgalar).

3) Döwük – ýenjiklerde.

4) Urlandan soň 1- 2 günüň dowamynda (deriniň aşagyna gan öýmezligi üçin).

5) Gyzdyrmanyň 2- nji döwründe.

6) Gipertoniýa krizinde.

Ulanmagyň usuly:

Buz salmak üçin gap giň bokurdakly (5- 6 sm), plastmassdan towlanyp ýapylýan gapakly, tegelek görnüşinde ýasy elastiki haltajykdyr. Ulanmak üçin gaby ownadylan buzdan dolduryp, howasyny çykarmaly-da gapagyny towlap ýapmaly, soňra 4 gatlanan esginiň üstünden gerekli meýdana goýmaly. 20 - 25 minut geçenden soňra 10 - 15 minuda çenli aýryp täzeden goýmaly, gerek boldugyça buzuny täzelemeli.

## 5.6. Ýyladyjy haltajyk

Ýyladyjy haltajyk gan damarlary giňeldip, dokumalaryň gan aýlanyşygyny gowulaşdyrmak bilen agryny kemeldýär, deri asty we et aralygyndaky infiltratlaryň gana sorulyp, aýrylmagyna kömek edýär. Şonuň üçin ýyladyjy haltajyk sanjymdan soň dörän infiltratlara, böwrek-daş, öt haltanyň daş kesselleriniň tutgaýynda, peşew haltanyň sowuklama keselinde, gyzdyrmanyň 1-nji döwründe, gan guýulandan soň ulanylýar. Ýyladyjy haltajygy şu ýagdaýlarda ulanmak bolmaýar:

Garyn boşlugyndaky ulgamlaryň ýiti sowuklama kesellerinde (ýiti appendesit, holesistit, pankreatit).

Gan akmalarda.

Urlandan, ýenjilenden soň 1- 2 günüň dowamynda.

Howply çiş kesellerinde.

Ýyladyjy haltajygy ulanmagyň usuly (*8-nji a surat)*:

Elastiki gabyň (haltajygyň) dörtden üç bölegine çenli $70^0$ gyzgyn suw guýup, howasyny çykarmaly, soňra dykysyny towlap ýapmaly,

dykyly tarapyny aşak öwrüp, suwuň akmaýandygyna göz ýetirmeli. Şondan soň galyň mata dolap, gerekli meýdana goýmaly. Agyr we haldan gaçan näsaga ýyladyjy haltajyk ulanjak bolanyňyzda seresap bolmagy ýatdan çykarmaň, sebäbi olaryň deri örtükleriniň duýgurlygy pes bolandygy üçin gyzgyn suw tenini ýakmagy mümkin.

## 5.7. Ýönekeý fizioterapiýälar

Fizioterapiýa – bu adam bedenine bejeriji maksatlar bilen ýönekeý fiziki şertleriň ulanylmagydyr. Olara sowuk-gyzgyn suw, howa, şöhle, elektrik togy, magnit meýdançalary, ultrases we ş.m. degişli.

Suw bilen bejermek – olara suwly esgi bilen süpürinmek, suwly esgä dolamak, üstünden suw guýmak, duş, wanna degişli. Bu usullary käbir keselleri bejermek ýa-da olaryň öňüni almak üçin ulanmak bolar. Suw deridäki nerw reseptorlaryna mehaniki, fiziki, himiki taýdan täsir etmek bilen nerw ulgamynyň, ýürek-damar we dem alyş ulgamlarynyň işini kadalaşdyrýar. Suw bilen bejermekligi öýde, hassahanalarda ýa-da şol maksat bilen gurlan desgalarda geçirmek bolar. Suwly esgi bilen süpürinmek näsagy bejermek we bedeni berkitmek maksady bilen gyzdyrmada we nerw ulgamynyň kesellerinde ulanylýar.

Suwly esgi bilen bütin bedeni ýa-da onuň belli bir böleklerini süpürmek bolar. Onuň üçin düşek daşlygy ýa-da ulurak esgini (matany) 30 - $32^0$ suwda ezip, onuň bir ujuny goltugyň aşagyndan, beýleki ujuny egninden geçirip, 2 - 3 minutlap sürtmeli, soňra gury esgi bilen süpürmeli. Suwly esgä dolanmak – munda düşegiň üstüne 2 gat ýorgan ýazmaly, onuň üstüne 30 - $32^0$ suwda ezilen düşek daşlygy ýazmaly-da, näsagy eşiksiz ýatyryp, öl düşek daşlygyna dolamaly, daşyndan ýüň ýorgan dolap, 30 - 60 minut ýatyrmaly. Näsagyň kellesi açyk bolmaly. Bu usuly newrozlarda, gan basyşy ýokarlananda, semizlikde ulanmak bolar.

Üstünden suw guýmak – köplenç gigiýeniki maksat bilen bedeni berkitmek üçin ulanylýar. Suwy bütin bedeniň üstünden ýa-da belli bir ulgamlaryň üstünden guýmak bolar. Onuň üçin näsagy wannada (legende) oturdyp, käse bilen $34^0$ –daky 2-3 bedre suwy guýmaly. Her gün suwuň temperaturasyny 2-3 gradus peseldip, 21-$22^0$-a çenli ýetirmeli. Suw guýlup gutarylandan soň näsagyň tenini çala gyzarýança gury süpürgiç bilen süpürmeli.

Suw pürkülme (duş) – suw bilen bejeriş usullarynyň biri. On-

dan bedene suw damja görnüşinde ýa-da erkin akym görnüşinde täsir edýär. Suwy duş görnüşinde ulanmak üçin ýörite guralga – kafedralar gerek, şeýle gural ulanylanda bedene suw mehaniki we temperatura arkaly täsir edýär. Suwuň basyşyna görä duşuň aşakdaky görnüşlerini tapawutlandyrmak bolar:

1) Pes basyşly duş – 0,3 – 1 atm.
2) Orta basyşly duş – 1,5 – 2 atm.
3) Ýokary basyşly duş – 2,5 – 4 atm.

Suw pürkülmede suwuň gyzgynlygy $15^0$-dan $40^0$-a çenli bolup biler. Bedene suwuň mehaniki täsiriniň depginligine baglylykda duşuň tozanjyklar, ýagyş, iňňe ýaly, ýaýraw şöhle, sirkulýar, akym görnüşinde täsir edýän görnüşleri bar.

Sowuk temperaturadaky suw pürkülmeler nerw ulgamynyň, myşsalaryň, damarlaryň tonusyny ýokarlandyrýar.

Gyzgyn suw pürkülmeler bolsa nerw ulgamynyň tonusyny peseldýär, rahatlandyrýar, madda çalyşygyny ýokarlandyrýar.

Sowuk suw pürkülmelerden soň bedeni gury süpürgiç bilen gowuja süpürmeli.

## 5.8. Bejeriş wannalary

Suwuň düzümine baglylykda bejeriş wannalary şu aşakdaky görnüşlere bölünýärler:

1) Ýönekeý akar suwly wannalar.
2) Gowy ysly wannalar.
3) Dermanly wannalar.
4) Mineral duzly wannalar.
5) Kükürt wodorodly.
6) Kömürturşy gazly.
7) Rodonly wannalar.

Suwuň gyzgynlygyna baglylykdaky wannalaryň görnüşleri:

1) Sowuk suwly – $20^0$
2) Salkyn suwly – 20 - 33 $^0$
3) Indiferent suwly – 34 - $37^0$
4) Ýyly suwly – 38 - $39^0$
5) Gyzgyn suwly – $40^0$ we ondan ýokary.

Sowuk we salkyn suwly wannalar nerw ulgamynyň we ýürek-damar ulgamynyň tonusyny ýokarlandyrýar, madda çalyşygyny peseldýär. Şeýle wannalaryň dowamlylygy 1- 3 minuda çenli bolmaly.

Indiferent suwly wannalar ulgamlaryň işine göni täsir etmese-de, adamyň şähdini açýar. Ol wannalaryň dowamlylygy 20 - 30 minut.

Ýyly wannalar agyryny peseldýär, rahatlandyrýar, ukyny kadalaşdyrýar, myşsalaryň tonusyny peseldýär. Onuň dowamlylygy 5 - 10 minut.

Wannadaky suwuň ýylylygyny ýörite termometrler bilen 1 minudyň dowamynda ölçemeli.

Umumy wannalary kabul etmek üçin döş süňküniň galkan görnüşli ösüntgisine çenli ýa-da göbege çenli suwa çümdürmeli.

Ýerli wannalar bolsa elleri ýa-da aýaklary, aýalda çanaklyklary (tazy) suwa çümdürmek görnüşinde geçirilýär.

Näsag wanna kabul edýän wagty şepagat uýasy oňa hökman gözegçilik etmeli.

Eger-de näsag wanna kabul edýän wagty onuň ýüzi agaryp, el-aýaklary sowap, üşäp başlasa, pulsy çaltlaşyp, demi gyssa ýa-da ýüregi çalt urup başlasa wanna kabul etmegi bes etmeli we lukmana habar bermeli. Wanna kabul edenden soň näsag 0,5 sagat dynç almaly.

# VI BAP

## 6.1. Termometriýa – näsagyň gyzgynlygyny ölçemek

Näsagyň gyzgynlygyny ölçemek üçin lukmançylyk termometri gerek. Lukmançylyk termometri gyzgyn ölçenilenden soň düýbüne pagta goýulan 0,5%-li hloramin erginli çüýşe gabynda saklanylýar.

Näsagyň gyzgynlygyny goltugynyň aşagynda, gasyk epininde, agyz boşlugynda, göni içegede, aýallaryň daşky jyns agzasynyň boşlugynda ölçemek bolar. Köplenç bolsa goltugyň aşagynda ölçenilýär.

Näsagyň gyzgynlygyny ölçemekligiň usuly:

1) Termometri bankadan alyp, akar suwda ýuwmaly, süpürmeli soňra ony tä simap sütüni simap rezerwuaryna çenli düşýänçä silkmeli.

2) Näsagyň gyzgynlygy ölçenjek meýdanyny gözden geçirmeli. Gyzgynlyk ölçenjek meýdanda ýara, gyzarma, çiş, deri keselleri bolmaly däl. Näsagyň golaýynda ýyladyjy enjamlar bolmaly däl.

3) Goltugyň aşagyny gury esgi bilen süpürmeli (der bolmazlygy üçin).

4) Termometriň simap rezerwuarly ujuny goltugyň aşagyna goýup, näsagyň elini tenine gysyp termometri saklamagyny haýyş etmeli.

5) Bejeriş - anyklaýyş merkezinde 5 minut, stasionarlarda 10 minudyň dowamynda termometr şol ýagdaýda durmaly.

6) Şol wagt geçenden soň ony alyp simap sütünininiň derejesini anyklamaly.

7) Netijesini gara reňkli galam ýa-da ruçka bilen ýörite temperatura bellenilýän kagyza egri çyzyk görnüşinde bellemeli.

8) Ulanylan termometrleri sabynlap ýuwup ýokançsyzlandyrylan erginli çüýşe gaba goýmaly.

Adamyň kadaly gyzgynlygy 36,6 - 36,9$^0$ C bolmaly. Gyzgynlyk boşluklarda ölçense 1$^0$ C–a golaý ýokary bolýar.

## 6.2. Gyzdyrma

Bedeniň gyzgynlygy $37^0$ C –dan ýokary galmagyna gyzdyrma diýilýär. Gyzdyrmanyň üç döwri bar:

1) Başlangyç döwür - gyzgynlygyň ýokarlanyp başlan döwri näsag özüni erbet duýup, üşedip başlaýar, dodaklary, barmaklary gögerýär, kellesi, bütin bedeni ýenjilen ýaly agyrýar. Şu döwürde näsaga gözegçilik etmek üçin ony düşekde ýatyryp, üstüni gowuja ýapmaly, aýaklaryna ýyladyjy haltajyk goýmaly, gyzgyn çaý (malinanyň mürepbesini goşup), gyzgyn suw ýa-da süýt içirmeli.

2) Ortaky döwür – gyzgynyň örän ýokarlanan döwri. Bu döwürde näsagyň kelle agyrysy güýçlenýär, näsag gyzgyny duýup başlaýar, güýçli ysgynsyzlyk duýýar, samrap başlaýar. Çagalarda gyzdyrmanyň şu döwründe şeýtanlama bolmagy mümkin. Bu döwürde ýorganlary, ýyladyjy haltajygy aýyrmaly. Içmäge otag temperaturasyndaky suw, limonly çaý, mineral suw, şireleri bermeli. Tenine ýarysy suw goşulan spirt, sürtmeli. Maňlaýyna sowuk ýapgy ýa-da buzly gap goýmaly. Buzly gaplary arteriýalaryň ýüzleý geçýän ýerlerine goýmak bolar. Pulsyna, gan basyşyna gözegçilik etmeli.

3) Soňky döwür – gyzgynyň peselýän döwri. Näsagyň gyzgyny iki hili peselýär:

1) Lizis – näsagyň gyzgyny ýuwaş-ýuwaşdan peselýär, ol derleýär, ýagdaýy gowulaşýar, uklaýar. Şeýle ýagdaýda näsagyň eşiklerini çalyşmaly, içmäge çaý, suw, şireler bermeli, deri örtüklerine gözegçilik etmeli.

2) Krizis – näsagyň gyzgyny birnäçe sagadyň dowamynda kadaly derejä çenli ýa-da ondan-da pes derejä çenli peselýär. Gyzgyn şeýle peselende näsag haldan gaçýar, çakdan aşa derleýär, el-aýaklary sowaýar, gan basyşy peselip, pulsy gowşap, inçe ýüplük ýaly duýulýar, dodaklary, burun-dodak üçburçlugy gögerýär, ýagny kollapsyň alamatlary peýda bolýar.

Şeýle ýagdaýda näsaga gözegçilik etmegiň usullary:

1) Lukmany çagyrmaly, onuň görkezmelerini berjaý etmeli.

2) Näsagyň ýassygyny aýyryp, krowadyň aýak - ujuny 30 - 40 sm ýokary galdyrmaly.

3) Aýaklaryna we ellerine ýyladyjy haltajyk goýmaly.

4) Içmäge ajy demlenen çaý ýa-da kofe bermeli.

5) Deriniň aşagyna sançmak üçin 10%-li 1,0 kofein ýa-da 10%-li 2,0 sulfokamfokain ýa-da 25%-li 2,0 kordiamin taýýarlamaly we lukmanyň görkezmesi boýunça sançmaly. Näsagyň ýagdaýy gowulanandan soň eşiklerini çalyşmaly, az-azdan ýeňil özleşdirýän naharlar bilen naharlap başlamaly, agyz boşlugyna, deri örtüklerine uly-kiçi täretlerine gözegçilik etmeli.

# VII BAP

## 7.1. Derman serişdelerini dermanhanadan talapnama arkaly kabul etmegiň we olary saklamagyň düzgünleri

Näsaglary bejermegiň esasy ýaýran görnüşleriniň biri derman serişdeleri bilen bejermeklikdir. Şepagat uýasy hökman derman serişdeleriniň möçberini, saklamagyň düzgünlerini, ulanyş usullaryny we ulanmaly wagtyny bilmelidir. Dermanlary diňe şepagat uýasy paýlamaly (*10-njy surat*), näsag dermany şepagat uýasynyň gözegçiliginde kabul etmeli.

Derman serişdelerini dermanhanadan talapnamalar arkaly kabul etmek we bölüme getirmek şepagat uýalarynyň borjy hasaplanýar.

Hassahanalardaky näsaglar üçin gerek bolan derman serişdeleri her gün ýörite talapnamalar arkaly dermanhanadan alynmaly.

Lukman her gün näsaglara barlaglar geçirenden soň gerekli derman serişdeleri näsagyň taryh depderçesine ýazýar. Ol dermanyň adyny, möçberini, ulanyş usulyny, wagtyny doly görkezmeli. Şepagat uýasy lukmanyň görkezmelerini ýörite depdere ýa-da kagyza ýa-da žurnala göçürmeli-de uly şepagat uýasyna öz postunda ýok dermanlary ýazyp bermeli. Uly şepagat uýasy gerekli derman serişdelerini ýörite talapnama ýazylýan kagyzlara ýazyp bölüm müdirine gol çekdirip dermanhanadan almaly. Her bir bölümde üç güne çenli ýeter ýaly derman bolmaly.

Narkotiki derman serişdeleri we spirti ýörite talapnama kagyzlaryna latyn dilinde, onuň möçberini, ulanyş usulyny doly görkezip ýazmaly. Onda hassahananyň baş lukmanynyň ýa-da onuň orunbasarynyň goly we möhüri goýulmaly.

Narkotiki we zäherli hem tapylgysyz derman serişdelerine talapnama ýazylanda näsagyň keseliniň taryh depderçesiniň belgisini, keseliň kesgitlemesini ýazmaly.

Dermanhanalardan derman serişdeleri kabul edilende uly şepagat uýasy şol dermanlary talapnamadaky ýazylanlaryna deň gelýändigine, olaryň möçberine, daş görnüşine, etiketkalaryna, ulanyp bolýan möhletine üns bermeli. Eger-de goýberilen derman serişdeleriň talapnamadakydan tapawudy ýa-da derman serişdesiniň daş görnüşinde üýtgeşiklik bolaýsa (reňki, durulygy ýa-da başga kemçilikleri bolsa),onda bölüm müdirine aýdyp, dermanhana habar bermeli.

Hassahananyň öz dermanhanasynda taýýarlanan derman serişdeleriniň hersiniň özüniň aýry etiketkalary bolup, onda dermanyň ady, möçberi, taýýarlanan wagty, taýýarlan farmasewtiň goly bolmaly.

Dermanhanadan derman serişdeleri ulanylmaga taýýar görnüşinde alynmaly, bölümiň özünde derman taýýarlamak gadagan.

Derman serişdeleriniň adam bedenine zyýanly täsirini ýetirmezden bejeriji täsirini berýän möçberine terapewtiki (ýagny bejeriş) dozasy diýilýär. Derman serişdeleriniň adam bedenine zäherleýji täsirini ýetirýän ýokary möçberine toksiki ( ýagny zäherleýji) möçberi diýilýär. Derman serişdeleriniň 1 gezeklik we gije-gündizlik möçberini tapawutlandyrýarlar.

Şepagat uýasy derman serişdeleri bilen işlände örän seresaply we ünsli bolmaly. Derman serişdelerini saklamagyň düzgünlerini-de berjaý etmeli.

1) Sanjym, içmek üçin niýetlenen we daşdan ulanylýan derman serişdeleriniň hersini aýry tekjede saklamaly. A we B toparyna degişli (zäherleýji we güýçli täsiri bolan) dermanlary ýörite seýflerde saklamaly, seýfiň açary uly şepagat uýasynda bolmaly.

2) Her bir derman serişdesi diňe dermanhanadan getirilen gaplarynda saklanylmaly. Derman serişdeleriniň ady meňzeş bolsa-da ol gapdan beýleki gaba, guta guýmak ýa-da geçirmek bolmaýar.

3) Derman serişdeleri bilen bilelikde bir tekjede beýleki esbaplary saklamaly däl.

4) Külkelerden özbaşdak ergin taýýarlamak gadagan.

5) Etiketkasyz derman serişdelerini saklamaly däl.

**Ýatda saklaň!**

1) Dermanlaryň reňkiniň üýtgemegi, olarda çökündiniň ýa-da bulançagyň peýda bolmagy, ysynyň üýtgemegi – bularyň hemmesi olaryň zaýalanandygyny aňladýar.

2) Näsaga derman bermeziňizden ýa-da sanjym etmegiňizden öň dermanyň adyna, möçberine, daş görnüşine üns beriň!

3) Eger derman goýberýän wagtyňyz ýalňyşlyk goýberäýseňiz

hökman lukmana habar beriň, onuň zyýanly täsiriniň öňüni almaga girişiň!

### 1.2. Derman serişdelerini saklamagyň aýratynlygy

Derman serişdelerini saklamagyň kadalary:

1) Hassahanalaryň dermanhanalarynda taýýarlanan zyýansyzlandyrylan derman serişdeleri 2 - 3 gün saklanýar, eger şol döwürde ulanylmasa, olary döküp täzesini almaly.

2) Içmek üçin hassahananyň dermanhanasynda taýýarlanan ergin görnüşli derman serişdeleri hem 2 - 3 gün saklanylýar.

3) Gün şöhlesiniň täsirinden zaýalanýan derman serişdeleri garaňky ýerde saklanylmaly.

4) Çalt zaýalanýan derman serişdeleri (gan, waksina, syworotkalar, miksturalar we ýaglar) sowadyjylarda saklanylmaly.

5) A we B seýfde saklanylýan derman serişdeleriniň atlary ýazylan kagyz seýfiň iç ýüzüne berkidilen bolmaly. Şol seýflerde gymmat baha we tapylgysyz dermanlar hem saklanylýar, seýfiň açary uly şepagat uýasynda bolup, nobatçy şepagat uýalaryna berilende ýörite depderde ýa-da dergide bellenilýär.

6) A we B seýfdäki derman serişdeleriniň sarp edilişini hasaba almak üçin ýörite depderçesi bolmaly. Onuň ähli sahypalary (gatlary) belgilenen bolup, bagyň bir ujy iň soňky sahypa berkidilmeli. Şol sahypada derginiň näçe gatynyň bardygy bellenilip, hassahananyň ýolbaşçysynyň goly we möhüri goýulmaly.

**Ýatda saklaň!**

1) Narkotiki we analgetiki derman serişdelerini näsaga şepagat uýasy diňe lukmanyň görkezmesi boýunça sanjym edip biler. Sanjym edilendigi barada hökman näsagyň taryh depderçesine we lukmanyň görkezmeleri ýazylan kagyza bellemeli.

2) Boşan ampulalary taşlamaly däl, beýleki ulanylman galan narkotiki derman serişdeleri bilen bilelikde nobatçylyga gelen şepagat uýasyna tabşyrylmaly.

3) Nobatçylyk tabşyrylanda we kabul edilende narkotiki we analgetiki derman serişdeleriniň sarp edilendigi baradaky ýazgylary barlamaly. Şonda ol derman serişdeleriniň näçe mukdarda bolandygyna, näçesi sarp edilendigine we näçesiniň galandygyna üns bermeli.

4) Narkotiki derman serişdeler uly şepagat uýasyndan kabul edilende öň ulanylan boş ampulalar hökman tabşyrylmaly.

5) Narkotiki derman serişdelerinden boşan ampulalar baş lukman tarapyndan döredilen toparyň agzalary tarapyndan ýok edilýär.

**ÜNS BERIŇ!**

Eger A we B topara girýän derman serişdeleriň sarp edilişiniň hasaba alnyşy we olary saklamagyň düzgünleri bozulaýsa, şepagat uýalary we lukman administratiw we jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilner.

**Surat 10. Dermanlaryň şepagat uýasy tarapyndan paýlanylyşy.**



**Surat 11. Dermanlaryň dem alyş ýollary boýunça ulanylyşy.**



**Surat 10.**

## 1.1. Derman serişdelerini teniň daşyndan ulanmagyň usullary

Derman serişdelerini teniň daşyna ulanmak, olaryň ýerli we reflektor täsir etmekligine esaslanandyr.

Bu usullara: deri örtügine, nemli bardalar arkaly, dem alyş ýollary arkaly derman serişdelerini ulanmaklyk degişli. Teniň daşyndan derman serişdelerini külkeler, ýaglar, erginler, emulsiýalar we ş. m. görnüşinde ulanmak bolar.

Teniň daşyndan derman serişdeleriniň dürli görnüşlerini ýapgy, çalmak, sürtmek, damja görnüşinde damdyrmak (buruna, gulaga, göze) ýaly usullarda ulanmak bolar.

### Deri örtügine derman serişdesiniň ulanylyşy

Deri örtügine derman serişdeleri ulanylanda şepagat uýasynyň we deri örtügi arassa bolmaly, derman hem zaýalanan we hapalanan bolmaly däl.

Ýag görnüşdäki derman serişdelerini ýaralara ulanmak üçin 3 - 4 gatlanan hasanyň üstüne şpatel ýa-da ýörite pilçejik bilen biraz ýag dermany goýmaly, deri örtüginiň ýaraly meýdanyna ýapmaly, onuň üstünden suw, ýag geçirmeýän şykyrdawuk kagyz goýmaly, soňra biraz pamyk goýup saramaly.

Ýaglary deri örtügine sürtmek: eräp barýan dermany eliň aýasyna goýup, näsagyň deri örtügine sürtüp başlamaly, 30 - 40 minudyň dowamynda sürtülende, ýag deri örtüginden geçip myşsa gatlagyna çenli ýetýär. Deri örtüginiň saçly ýerlerine ýag sürtmek maslahat berilmeýär. Kähalatlarda ýag görnüşli derman serişdelerini derä diňe çalýarlarda üstüni şykyrdawuk kagyz bilen örtýärler (ýag gowuja sorular ýaly).

Deri kesellerinde ýag görnüşli derman serişdeleri hasa salfetkanyň kömegi bilen ýaranyň bir gyrasyndan başlap ortasyna tarap çalynýar.

Ergin görnüşli derman serişdelerini deri örtügine sürtmek üçin,

ol ergini bir az ýylatmaly we eliň aýasyna guýmaly hem derä sürtüp başlamaly. Näsagyň deri örtügi gyzarýança we eliň aýasy guraýança sürtmegi dowam etmeli.

5%-li ýod erginini derä çalmak üçin, taýajyga pamyk oramaly. Ýoduň biraz mukdaryny başga gaba guýup pamygy çümdürmeli we derä çalmaly. Ulanylandan soň galan ýody dökmeli, pamygy ýoklamaly. Ýod antiseptiki serişde hökmünde ulanylýar. Galyberse-de ýod infiltratlaryň yzyna sorulmagyna kömek edýär.

### Plastyryň ulanylyşy

Plastyr – bu suw, ýag geçirmeýän matanyň ýüzüne çalnan ýag esasly goýy konsentratdyr. Plastyry näsagyň agyrýan ýerine ýapyşdyryp, 12 - 24 sagada çenli galdyrmak bolar. Aýrylanda onuň bir çetinden aýryp başlamaly. Onuň gyralary spirt bilen öllense aňsat aýrylýar. Plastyry deri kesellerinde ulanmak bolmaýar.

Deri örtügine külke görnüşli derman serişdelerini sepip ulanmak hem bolar. Külke birnäçe gatlanan hasa siňdirip sepmeli. Soňra ulanylan hasany taşlamaly. Bu usul köplenç çagalaryň epin ýerlerinde, deri örtüklerinde bişmekleriň döremezligi üçin ulanylýar.

Deri örtüginden derman serişdeleriň gana gowy sorulmagy üçin olary elektroforez görnüşinde ulanmak bolar. Derman siňdirmeýän hasa salfetkanyň üstüne hemişelik toguň elektrodlaryny birleşdirmeli. Hemişelik toguň täsiri bilen derman serişdeler gana, limfa sorulýar, nerw süýümlerine täsir edýär. Elektroforez edilende derman serişdeler ýuwaş-ýuwaşdan köp wagtlap dokumalara geçmegini dowam edýär.

## 1.2. Derman serişdeleriniň dem alyş ýollary boýunça ulanylyşy - ingalýasiýalar

Bronhalaryň geçirijiligini gowulaşdyrmak (*11-nji surat*), gakylygy suýultmak üçin, ýokançlaryň garşysyna göreşmek we dem alyş ýollarynyň nemli bardalaryny zäherli maddalaryň täsirinden

goramak üçin ulanylýar. Bu ýol bilen derman serişdeleri ulanylanda birinjiden, dem alyş synalardaky patologiki hadysalara göni ýerli täsir edýärler; ikinjiden, derman serişdeleri bagryň üstünden geçmän, ýagny zaýalanman göni öýkendäki patologik prosesse barýar. Ýöne bu usulyň kemçiligi hem bar: derman serişdesiniň mukdaryny dogry anyklamak kyn; eger bronhalar daralyp ýa-da dykylyp geçirijiligi kynlaşan bolsa, derman serişdesi öýkene baryp ýetmeýär; ulanylýan aerozollar bronhalaryň nemli bardalaryny gyjyndyrmagy mümkin.

Lukmançylyk amalynda bugly ingalýasiýa, ýyladylan çygly we ýagly ingolýasiýalar ulanylýar.

Bugly ingalýasiýany ýörite ingalýatoryň kömegi bilen geçirýärler. Onda antibiotikleri, ewkalipt we mentol erginlerini ulanmak bolar. Erginleriň gyzgyny 50- -60$^0$ bolmaly. Ýyladylan çygly ingalýasiýany ýörite ýapgyoryň kömegi bilen geçirýärler. Ýapgyor özüniň gysylan howasy bilen dermany tozanjyklar görnüşinde dem alyş ýollaryna ýaýradýar. Köplenç, ingalýasiýa üçin natriý biokarbonatyň 2%-li ergininiň mineral suwlar bilen garyndysy, antibiotikler ulanylýar.

Ýagly ingalýasiýa edilende ulanylýan ýaglar dem alyş ýollaryny ýukajyk örtüp olary mehaniki, himiki şertleriň täsirinden goraýar. Ergiňiň gyzgyny 38 - 40$^0$ bolmaly.

### 1.3. Derman serişdelerini enteral ýoly arkaly ulanmak

Derman serişdelerini iýmit siňdiriş ulgamy arkaly ulanmak - bu iň ýönekeý we giň ýaýran usuldyr. Bu usula derman serişdelerini içmek, diliň aşagyna goýmak we göni içege arkaly goýbermek degişlidir.

Enteral ýollar bilen külkeleri, gerdejikleri, nohut görnüşindäkilerini (draželer), erginleri, ýaglary, ýagny derman serişdelerini köp görnüşde ulanmak bolýar. Enteral ulanylýan derman serişdeler gana sorulyp bütin bedene täsir edýär hem-de iýmit siňdiriş ulgamlaryna ýerli täsirini ýetirýär. Bu usulyň oňyn taraplary:

1) Derman serişdelerini köp görnüşde ulanyp bolýar.
2) Ulanmasy ýönekeý we aňsat.
3) Derman serişdelerini zyýansyzlandyrmak hökman däl.

Bu usulyň kemçilikleri:

1) Käbir derman serişdeleriniň näçe mukdarynyň (dozasynyň) gana sorulýandygyny anyklamak mümkin däl.

2) Derman serişdeleriniň käbir mukdary bagyry zaýalaýar.

3) Bu ýol bilen derman serişdelerini gaýtarýan we bihuş näsaglara ulanyp bolmaýar.

Içilýän derman serişdeleriniň köpüsini nahar iýmezden öň içirmeli, sebäbi iýmit bilen garyşandan soň olaryň gana sorulmasy kynlaşýar. Ýöne düzüminde demir bolan derman serişdeleri: aspirin, kalsiý hloridi we ş. m. aşgazanyň nemli bardasyna güýçli gyjyndyryjy täsir edýändigi üçin, nahardan soň içmeklik maslahat berilýär.

Düzüminde ferment saklaýan derman serişdeleri (festal, panzinorm) asidin-pepsin, natural aşgazan şiresini bolsa nahar wagty içmeli. Aşgazanyň nemli bardasyny güýçli gyjyndyrýan derman serişdelerini (aspirin) süýt ýa-da kisel bilen içmeli.

Näsaga tetrasiklin gerdejigini içmäge bereniňizde onuň kalsiniň, demiriň, magniniň duzlary bilen täsirleşip eremeýän duzlara öwrülýändigini ýadyňyzdan çykarmaň!

Gerdejigi içirmek üçin ony näsagyň diliniň üstüne goýmaly-da içmäge suw bermeli. Eger näsag gerdejigi ýuwudyp bilmese, ony owradyp külke görnüşinde içirmeli (düzüminde demir saklaýan deman gerdejikleri owratmaly däl). Külkäni diliň üstüne döküp, içmäge suw bermeli. Eger derman örän ajy bolsa içmäge süýji suw bermek bolar (ylaýtada çagalara), çagalara külkeleri, gerdejikleri suwda eredip içirmek bolýar. Miksturalar we beýleki erginler çaý çemçeler, desert ýa-da nahar çemçesi bilen içmäge berilýär. Olary içirmek üçin ýörite menzurkalar hem bar.

Spirtli tinkturalar, ekstraktlar bolsa damja görnüşinde berilýär. Olary ýörite damdyrgyç (pipetkalar) bilen ölçäp bermeli. Damjalary suwly çemçä ýa-da çüýşe gaba damdyryp içirmeli. Damdyrgyçda galan dermany dökmeli (yzyna flakona guýmaly däl). Häzirki spirtli tinkturalaryň flakonlarynda damdyrgyçly gapaklar bar.

## Derman serişdeleriniň diliň aşagyna goýlup ulanylyşy

Diliň aşagyna goýlup walidol, nitrogliserin ýaly derman serişdeleri ulanylýar.

Ol derman serişdeleri gerdejik görnüşinde diliň aşagyna goýup gutarýança sormaly. Eger-de ol derman serişdeleri ergin görnüşinde bolsa onda walidolyň 5 damjasyny, nitrogliseriniň 3-4 damjasyny ganda damadyryp sormaga bermeli. Hiç bolmanda nitrogliseriniň 2-3 damjasyny diliň aşagyna ýa-da üstüne damdyrmak hem bolar. Nitrogliseriniň kapsula görnüşlisiniň kapsulasyny diş bilen ýarmagy maslahat bermeli.

Diliň aşagyna goýlup ulanylýan derman serişdeleri çalt sorulyp, çalt täsir edip başlaýar, galyberse-de, bu ýol bilen ulanylanda derman serişdeleri bagyrdan geçmeýär, ýagny bagyr zaýalanmaýar.

## 1.4. Derman serişdeleriniň rektal ulanylyşy (göni içege arkaly goýberilişi)

Göni içegeden köplenç, ergin görnüşindäki derman serişdeleri, şem görnüşinde (suppozitoriler) ulanylýar. Şem görnüşindäki derman serişdeleri göni içegede bedeniň gyzgynynyň täsirinden ereýärler.

Derman serişdeleri göni içege arkaly şu aşakdaky ýagdaýlarda ulanylýarlar:

1. Gaýtarýanlygy zerarly näsag derman içip bilmese.
2. Gyzylödekden zat geçmese.
3. Näsag ýuwdup bilmeýän bolsa (meselem, beýnä gan uranda).
4. Psihiki näsaglar derman içmekden boýun towlasa.

Göni içegeden goýberilen derman serişdeleri gana sorulyp rezorbtiw täsir edýär we içegä ýerli täsirini ýetirýär.

**Ýatda saklaň!**

Derman serişdelerini göni içegeden goýbermezden ozal hökman

arassalaýjy klizma etmeli. Erginleri göni içegä elastiki topjagaz ýa-da Žaneniň şprisi bilen ýa-da damja klizmasy arkaly goýbermeli.

Şem görnüşli derman serişdeleri göni içegä sokmak üçin näsagy gapdalyna ýatyrmaly, aýaklaryny epip garnyna direlmegini soramaly. Dermanyň gabygyny açyp, çep el bilen artbujagy açmaly-da sag el bilen derman serişdesini göni içegä doly dykmaly (goýbermeli).

# *BAP VIII*

## 8.1. Daňy esbaplaryny taýýarlamak

Daňy esbaplaryny hasadan we pamykdan taýýarlaýarlar. Olar ýaralary iriňden, gandan arassalamak we ýaralary daňmak, gan akmalary saklamak, ýarany ýokançdan goramak üçin ulanylýar.

Köplenç, näsaga tiz kömek bermek üçin ulanylýandygy sebäpli daňy esbaplaryny öňünden taýýarlap goýmaly. Hasalar gigroskopik bolandygy sebäpli ony şarjagazlar, turundalar, salfetkalar, tamponlar taýýarlamak üçin ulanylýar. Hasadan daňy esbaplary taýýarlananda onuň gyralaryny içine epmeli, sebäbi hasanyň gyrasyndaky ýüplükler, ýaranyň içine düşüp ony iriňletmegi mümkin.

Hasadan şarjagazlar ýasamak üçin onuň gyralaryny içine epläp üçburçluk ýasamaly, onuň bir burçuny beýleki iki burçuň içine dykmaly. Şarjagazlar operasiýa wagty ýarany guratmak üçin, ony gandan, iriňden arassalamak üçin, ýaralara derman sürtmek üçin ulanylýar. Şarjagazlaryň göwrümi boýunça kiçijiklerini 6–7 sm, orta ululyklaryny 8–9 sm we ulularyny 11–12 we 17 sm tapawutlandyrýarlar. Olar operasiýa wagty hökman hasaba alynmalydyrlar (sanamaly). Köplenç, olary haltajyklarda saklaýarlar.

Salfetka 4 - 8 gat eplenen hasa. Ony ýasamak üçin gyrkylan hasanyň gyralaryny içine epläp uzynlygyna 2 gatlamaly, soňra inine 2 gatlamaly. Salfetkalar hem ululygy boýunça 15x15 sm, 70x70 sm-de bolup biler. Olary operasiýa wagty içki ulgamlary operasion ýaradan daşary çykarmak ýa-da olary içine dykmak, ýaralary ýapmak üçin ulanýarlar.

Tamponlar – ýaralary, boşluklardan gandan, iriňden arassalamak, ýarany guratmak, gan akýan damary basyp gan akmany saklamak, ýaralary, boşluklary tamponirlemek üçin ulanylýar.

Tampony ýasamak üçin 5 metr uzynlykdaky hasany uzynlygyna 2 eplemeli, soňra ýene-de 2 eplemeli-de, 4 gatlanan hasany inine 20 –30 –35 sm uzynlykda gyrkmaly. Gyra-çetlerini epip düzlemeli.

Turundany, tampony has inçejik gyrkmak ýoly bilen ýasaýarlar. Gyrkylandan soň onuň hem gyra-çetlerini içine epip düzläp düýrlemeli. Ulanjak bolanda gerek uzynlykda gyrkaýmaly.

Mikuliçiniň tampony boşluklary tamponirlemek üçin ulanylýar. Ol ýüpek ligatura bilen berkidilen. Tampony çykaryp alanlarynda ligaturadan (ýüplükden) çekip çykarýarlar.

Hasadan ýasalan bintler bolsa her hili daňylary berkitmek üçin 2 –3sm inlilikdäki, goşary we çigini saramak üçin 6–8 sm, aýagyň injikleri üçin 6–8 sm, butlary we kelläni saramak üçin 1–12 sm,

göwräni saramak üçin 15sm inlilikdäki bintler ulanylýar. Hasadan agyz-burny örtmek üçin perde (maska) ýasaýarlar. Maskalary 12-15 sm inlilikdäki hasadan 4–6 gatlap tikýärler.

Daňy esbaplaryna pamyk hem degişli. Pamyklaryň 2 görnüşi bar: ak gigroskopiki görnüşi (çygy özüne çekýär) we sary reňkli ýönekeý pamyk. Gigroskopiki pamyklar şarjagazlary ýasamak we ýaralary daňanda salfetkanyň üstünden goýmak üçin ulanylýar. Şeýle-de sary pamyklar, ýyladyjy sargylar, kompres we döwük-ýenjiklere şinalar goýlanda aralygyna goýmak üçin ulanylýar.

## 8.2. Daňy esbaplaryny bikslere ýerleşdirmek

Daňy esbaplary zyýansyzlandyrmak maksady bilen bikslere ýerleşdirilýär. Zyýansyzlandyrmak üçin taýýarlanan daňy esbaplaryny bikslere ýerleşdirip awtoklawa ibermeli. Biksler korroziýa geçmeýän (poslamaýan) metaldan ýasalan togalak gapyrjak bolup, iki gatlakdan durýar. Onuň içki gatlagynyň gapdallaryndan birnäçe deşikler bar. Ol deşikler awtoklawyň gyzgyn buglarynyň biksiň içine geçip daňy esbaplaryna täsir etmegi üçin niýetlenendir. Biksiň daşky gatlagy guşak görnüşinde bolup, towlananda içki gatlagynyň deşiklerini ýapmak ýa-da açmak üçin niýetlenen. Awtoklawa goýulanda deşikler açyk bolmaly, çykarmazdan öň guşagy towlap deşiklerini ýapmaly. Biksiň gowy ýapylan tutguçly gapagy bolmaly.

Daňy esbaplaryny bikse ýerleşdirmegiň düzgünleri:

1) Biksi taýýarlamaly, ýagny onuň içini spirtli salfetka bilen süpürip, soňra prostyn ýazmaly.

2) Daňy esbaplarynyň 10 sanysyny bir topbak edip daşyny bint bilen daňyp, şarjagazlaryň bolsa 50-100 sanysyny hasa haltajyga salyp bikse ýerleşdirmeli.

3) Esbaplar ýerleşdirilende aralary gowşajyk bolmaly, dykyz bolmaly däl, sebäbi her bir esbaplaryň aralygyndan gyzgyn howa, bug geçmäge mümkinçilik bolmaly.

4) Esbaplar ýerleşdirilenden soň prostynyň uçlaryny

düwünçek düwen ýaly edip ýapmaly.

5) Her bir daňy esbaplary bikse tertiplije ýerleşdirilip, bir zat almaly bolanda şol tertip bozulmazdan almaga mümkinçilik bolmaly.

6) Esbaplar ýerleşdirilenden soň her bir biksiň içinde zyýansyzlandyrylandygyny gözegçilige almak maksady bilen indikator goýmaly.

7) Biksiň gapagyny gowuja ýapmaly-da bellik etmeli. Ol bellikleri biksiň gapagyndaky tutguja berkitmeli.

### 8.3. Zyýansyzlandyrylan esbaplar bilen iş salyşýan şepagat uýalarynyň özüni alyp barmak düzgünleri

1) Şepagat uýasynyň arassa halady bolmaly, başynda ýaglygy bolup saçlary doly ýapylan bolmaly.

2) Ellerini sabynlap ýuwmaly, dyrnaklary ösgün bolmaly däl. Barmaklarynda ýüzük, goşarynda bilezik bolmaly däl.

3) Aýakgaby ýeňiljek, gaýyş aýakgap bolmaly.

4) Agyz-burny perde (maska) bilen örtülen bolamaly.

Şu düzgünleriň bozulmagy, ýagny zyýansyzlandyrmagyň düzgünleriniň bozulmagy, näsaga ölüm howpuny salyp biler.

## *BAP IX*

### 9.1. Hirurglaryň we operasion şepagat uýalarynyň ellerini zyýansyzlandyrmak

Hirurglar we operasion şepagat uýalary öz ellerine gowy gözegçilik etmeli. Olaryň dyrnaklary gysga gyrkylan bolmaly, ellerinde iriňli ýaralar, ýaryklar, çöpçalam bilen çyzylan, kesilen ýerleri bolamly däl.

Operasiýadan öň olar ellerini hökman sabynlap ýuwulýar. Elleri zyýansyzlandyrmagyň köp usullarynda elleri sürtgüç bilen ýuwulýar. Onuň üçin operasion otagyň öňündäki jaýda ýöriteleşdirilen el

ýuwarlar bolmaly. Sürtgüçler gaýnadylyp, zyýansyzlandyrylandan soň, üç düzümli (troýnoý) erginde saklanylmaly. Sürtgüji şol erginden kornsangyň kömegi bilen almaly.

Elleri antiseptiki erginler bilen ýuwmak üçin ulanylýan syrçaly legenleriň içine 96%-li spirt döküp, ony ýakmak ýoly bilen zyýansyzlandyrmaly.

Hirurglaryň we operasion şepagat uýalarynyň ellerini zyýansyzlandyrmagyň birnäçe usullary ulanylýar.

## Spasokukoskiniň we Koçerginiň usuly boýunça elleri zyýansyzlandyrmak

Spasokukoskiniň we Koçerginiň usuly boýunça elleri zyýansyzlandyrmak birnäçe tapgyrdan ybarat:

***1-nji tapgyr*** – 1 minudyň dowamynda akar suwuň aşagynda sabynlap ýuwmak.

***2-nji tapgyr*** – täze taýýarlanan 0,5%-li naşatyr spirtiniň ergininde salfetka bilen ýuwmak: 3 minudyň dowamynda, birinji legende ýuwmaly, ýene-de 3 minudyň dowamynda beýleki legende ýuwmaly.

***3-nji tapgyr*** - zyýansyzlandyrylan polotensa bilen elleri süpürmek.

***4-nji tapgyr*** - 5 minudyň dowamynda elleri spirt bilen zyýansyzlandyrmak.

Şondan soň köp hirurglar barmaklaryň uçlaryny, dyrnaklary 10%-li ýodyň ergini bilen goşmaça zyýansyzlandyrmagy maslahat berýärler.

## Brunonyň usuly boýunça elleri zyýansyzlandyrmak

Brunonyň usuly boýunça zyýansyzlandyrmak üçin elleri 5 minudyň dowamynda 2 gezek 96%-li spirt bilen ýuwulmaly.

## Serigeliň kömegi bilen elleri operasiýa taýýarlamak

Serigel – sintetiki madda bolup, deri bilen galtaşan ýerinde ýukajyk örtük emele getirýär. Serigeliň 4 ml-e golaýyny eliň goşaryndan aşagyna çalmaly we howada guratmaly. Guradanda barmaklar biri-birine ýapyşmaz ýaly olaryň arasyny açyp saklamaly. Serigel guranda ellerde zyýansyzlandyrylan örtük emele gelýär. Şeýlelikde hirurgyň ellerindäki mikroblaryň ýara düşmeginiň öňüni alýar.

### 1%-li degmisid ýa-da 5%-li nowosept erginleri bilen elleri zyýansyzlandyrmak

Elleri sabynlap akar suwuň aşagynda ýuwmaly we guratmaly, soňra 2–3 minudyň dowamynda 1%-li degmisid ýa-da 5%-li nowosept erginlerinde ezilen salfetka bilen elleri süpürmeli.

### Elleri diosid bilen zyýansyzlandyrmak

Diosid bilen elleri zyýansyzlandyrmak 3 tapgyr boýunça ýerine ýetirilýär:

***1-nji tapgyr*** - 1: 5000 gatnaşykdaky diosidin ergininde elleri zyýansyzlandyrylan salfetka bilen 3 minudyň dowamynda ýuwmaly.

***2-nji tapgyr*** - zyýansyzlandyrylan polotensa bilen elleri süpürip guratmaly.

***3-nji tapgyr -*** elleri 96%-li spirt bilen 3 minudyň dowamynda zyýan-syzlandyrmaly.

## 9.2. Operasion hirurgyň we şepagat uýasynyň zyýansyzlandyrylan geýimleri geýmeginiň düzgünleri

1) Şepagat uýasy ýokarda görkezilen usullaryň haýsy bolsada biri bilen ellerini zyýansyzlandyrmaly.

2) Kiçi şepagat uýasy biksi açýar. Onuň iň üstünde elleri süpürmek üçin zyýansyzlandyrylan düşek daşlygy ýa-da salfetka, halat, guşak, elastiki ellikler bolmaly.

3) Şepagat uýasy biksden süpürgiji alyp ellerini süpürip,

guradýar, soňra spirte ezilen salfetka bilen ellerini zyýansyzlandyrýar. Spirti oňa kiçi şepagat uýasy alyp berýär.

4) Şepagat uýasy biksden zyýansyzlandyrylan halady alýar, ol daş-töwerekdäki zatlara öz eşigini degirmän halady açyp, ilki sag ýeňini, soňra çep ýeňini geýip ellerini öňe uzadýar we ýokary galdyrýar. Kiçi şepagat uýasy onuň arka tarapyndan gelip haladynyň baglaryny çekip daňýar. Ýeňleriniň bagyny şepagat uýasynyň özi daňýar. Şondan soň şepagat uýasy guşagyny alyp ýazyp durýar, kiçi şepagat uýasy operasion şepagat uýasynyň elleriniň zyýansyzlandyrmagyny bozmazdan guşagynyň uçlaryndan tutup ony daňýar.

5) Zyýansyzlandyrylan elastiki ellikleri şepagat uýasy özi geýmeli-de spirtli şarjagaz bilen süpürmeli. Zyýansyzlandyrylan ellik geýlen elleriňizi tirseginden epip ýokary galdyryp durmaly. Eger operasiýa köp garaşmaly bolsa onda ellikli ellerini spirtde ýa-da furasiline ezilen salfetka bilen örtmeli. Eger ellik ýyrtylan bolsa ony hökman çalşyrmaly.

6) Şepagat uýasy ellerini aşak sallasa zyýansyzlandyrmanyň bozuldygy hasaplanýar.

## 9.3. Işlemek üçin zyýansyzlandyrylan stoluň taýýarlanylyşy

Stoluň üstüni zyýansyzlandyrmagyň tertibi:

1) Şepagat uýasy edil operasiýa üçin taýýarlanan ýaly taýýarlanmaly.

2) Kiçi şepagat uýasy zyýansyzlandyrylan gurallary salnan biksiň gapagyny açýar. Şepagat uýasy ondan düşek daşlygyny alyp, 4 gatlygyna tigirçekli stoluň üstüne ýapýar.

3) Kiçi şepagat uýasy ýöriteleşdirilen çeňňegiň kömegi bilen zyýan-syzlandyrylan gurallar salnan tory çykaryp alýar-da zyýansyzlandyrylan stoluň üstüne goýýar.

4) Şepagat uýasy biksden uly düşek daşlygyny alyp, 5 - 6 gatlap stoluň üstüne ýapýar. Düşek daşlygynyň gyralary stoldan 30 sm aşak sallanyp durmaly.

5) Kornsangyň kömegi bilen şepagat uýasy gurallary tertiplije

edip, aşaky yzygiderlikde ýerleşdirmeli:

1-nji hatarda operasiýada örän köp ulanylýan gurallar: skalpel, gaýçy, gan saklaýjy gysgyç, iňňe saklaýjy gysgyç, jübtek we ş.m.

2-nji hatarda şu operasiýa üçin gerek boljak gurallar.

3-nji hatarda seýrek ulanylýan gurallar ýa-da dublikatlar.

Stoluň sag burçunda bolsa ýerli anesteziýa üçin gerek boljak gurallar (şprisler, iňňeler) goýulmaly.

Gurallar ýerleşdirilenden soň olaryň üstüni 2 gatlanan zyýansyzlandyrylan düşek daşlygy bilen örtmeli. Düşek daşlygyň aşak tarapyny gysgyçlar bilen gapjap goýmaly.

## 9.4. Ýokary zyýansyzlandyrylan zolagynda lukmançylyk işgärleriniň özüni alyp baryş düzgünleri

Ýykary zyýansyzlandyrylan zolagynda lukmançylyk işgärleriniň özüni alyp baryş düzgünleri aşakdakylardan ybarat:

1) Ümsümligi saklamaly: ýuwaşja ýöremeli, ýuwaş gürlemeli, mümkin boldugyça gürlemeli däl.

2) Artyk hereket etmeli däl.

3) Zyýansyzlandyrylmadyk eller, egin-eşikler bilen zyýansyzlandyrylan materillara degmeli däl (tikin, daňy esbaplarlara, gurallara).

4) Näsagyň ýanynda biderek gürrüň etmeli däl.

5) Näsag bilen mylakatly bolmaly, rehimdarlyk duýgusyny ýatdan çykarmaly däl. Ähli ünsüňizi näsaga gönükdirmeli.

## Lukmançylykda ulanylýan gurallarynda we enjamlarynda ýokançsyzlandyrylyş, arassalanyş we zyýansyzlandyrylyş işleriniň geçirilişi

Lukmançylyk gurallary we enjamlary ulanylandan soň PST 42-21-2-85 laýyklykda arassalaýyş işleri geçirilýär.

Sterillemek – latynça “sterilis“ sözünden zyýansyzlandyrmak,

ýagny fiziki we himiki serişdeler arkaly ähli mikroorganizmleri (bakteriýalar, wiruslar, riketsiýalar, ýönekeý organizmler, kömelekler) we olaryň zäherlerini (toksinlerini) ýok etmek diýmekdir.

Lukmançylyk gurallary we enjamlary ulanylandan soň olar tapgyrlaýyn arassalanylýar, ýagny:

I tapgyr – ýokançsyzlandyrmak.

II tapgyr – zyýansyzlandyrmagyň öňünden arassalanyş.

III tapgyr – zyýansyzlandyrylyş.

Ýara, gan, iriňli ýa-da ýokançly bedenler bilen galtaşýan lukmançylyk enjamlarynyň ählisi ýokançsyzlandyrylýar.

## 9.5. Tikmek üçin ulanylýan gurallary zyýansyzlandyrmak

Ketgutlary Sitkowskiniň usuly boýunça zyýansyzlandyrylýar (gurak usul).

1-nji tapgyr – ketguty ýagsyzlandyrmak üçin 24 sagatlap efire çümdürip saklamaly.

2-nji tapgyr – 1:1000 gatnaşykly sulemanyň erginine ezilen hasa tampon bilen süpürmeli.

3-nji tapgyr – 2%-li iodit kaliniň suwly erginine çümdürip 1 minut saklamaly.

4-nji tapgyr – zyýansyzlandyrylan salfetka bilen süpürmeli-de keleplemeli. Kelebiň arasyndan geçirilen ýüpjagazyň kömegi bilen düýbüne 40–50 ml ýod salnan bankanyň içine sallap goýmaly. Ketgudyň kelebi bankanyň düýbüne degmeli däl.

5-nji tapgyr – bankanyň agzyny parafin bilen berkitmeli.

№ 0, № 1 - ketgutlar 3 gije-gündizden soň taýýar bolýar.

№ 2, 3, 4 - ketgutlar 4 gije-gündizden soň taýýar bolýar.

№ 5, 6 - ketgutlar 5 gije-gündizden soň taýýar bolýar.

Taýýar bolan ketgutlary sterillenen bankada saklamaly.

### Gubarewiň usuly boýunça ketguty lýugolyň spirtli ergininde zyýansyzlandyrmak

1-nji tapgyr – ketguty zyýansyzlandyrmak üçin 24 sagadyň dowamynda efirde saklamaly.

2-nji tapgyr – düzüminde 1,0 ýod, 1,0 kaliniň iodaty, 1000,0 96%-li spirt bolan erginde 7 gije-gündiz saklamaly.

3-nji tapgyr – şol düzümdäki erginde ýene-de 7 gije-gündiz saklamaly. Ketgut ulanylýança şol erginiň içinde saklamaly.

### Koheriň usuly boýunça ýüpegi zyýansyzlandyrmak

1-nji tapgyr – ýüpegi 10 minudyň dowamynda ýyly sabynly suwda ýuwmaly.

2-nji tapgyr – 2 sagadyň dowamynda efirde ýagsyzlandyrmaly.

3-nji tapgyr – 24 sagadyň dowamynda 70%-li spirte çümdürip ýagsyzlandyrmaly.

4-nji tapgyr – 1:1000 gatnaşykly sulemanyň ergininde 10 minutlap gaýnatmaly. Taýýar bolan ýüpek ýüplügi 96%-li spirtde saklamaly.

## *BAP X*

### 10.1. Derman serişdeleriniň parenteral ýol bilen ulanylyşy

Derman serişdeleriniň iýmit siňdiriş ulgamlaryna düşmezden (barmazdan) başga ýollar bilen ulanylmagyna derman serişdeleriniň parenteral ýol bilen ulanylyşy diýilýär.

Derman serişdelerir parenteral ýol bilen, köplenç, sanjym görnüşinde ulanylýarlar. Sanjym görnüşinde dermanlary deriniň içine (aralygyna), deriniň astyna, et aralygyna, wena damaryna, arterial damaryna, ýüregiň boşlugyna, süňkleriň içine, oňurga ýiliginiň kanalyna goýbermek bolýar. Dermanlary sanjym ýol bilen ulanmakda

olar örän çalt täsir edýär we mukdary örän takyk kesgitlenýär hem-de dermanlar üýtgemän göni gana geçýär. Ýöne sanjym ýol bilen ulanmak üçin şepagat uýalarynyň başarjaňlygy we şprisdir - iňňeler hökman gerek bolýar.

Şpris – bu nasos görnüşli gural bolup, porşenden we bir ujy konus görnüşinde gutarýan silindrden ybaratdyr. Şprisleriň her hili görnüşleri bar: “Rekord, Lýuer, Týubik“ görnüşli. Bir gezek ulanylýan plastmassadan ýasalan şprisler göwrümi boýunça 1, 2, 5, 10, 20 we 50 ml-lik bolýarlar.

50ml-lik şprise Žaneniň şprisi diýilýär, ol boşluklary ýuwmak üçin ulanylýar.

Şprisler germetiki bolmaly, ýagny silindr we porşen biri-birine jebis degip durmaly, olaryň aralygyndan howada, erginde geçmeli däl. Onuň şeýledigine göz ýetirmek üçin barmak bilen konusyň ujuny ýapyp, porşeni çekmeli-de, soňra ony goýbermeli. Eger porşen özbaşdak öňki ýerine gaýdyp barsa, onda şprisiň germetikdigini aňladýar.

Sanjym iňňeler poslamaýan hrom-nikel metaldan (polatdan) ýasalan içi boşluk turbajyk bolup, bir ujy ýitije kesik görnüşinde, beýleki ujunda bolsa şprisiň konusyna oturtmak üçin muftasy bar. Iňňäniň geçirijiligini barlamak üçin ondan howa ýa-da suw geçirip görmeli. Iňňäniň kanalyny arassalamak üçin latundan ýasalan poslamaýan simjagazlar - mandrenler bar.

Sanjymlaryň görnüşlerine baglylykda iňňeleriň hem birnäçe görnüşleri bar: 0415, 0520, 0840, 1060 we ş.m. Bu sanlaryň 1-nji we 2-nji sany iňňe kanalynyň diametrini aňladýar, soňky iki sany bolsa iňňäniň millimetrdäki uzynlygyny aňladýar.

## 10.2. Awtoklawda zyýansyzlandyrylan şprisleri ýygnap, işe taýýarlamagyň yzygiderliligi

1) Şepagat uýasy öz ellerini sabynlap ýuwandan soň, gury salfetka bilen süpürmeli we ellerini (barmaklarynyň aralaryny-da) spirt bilen zyýansyzlandyrmaly. Soňra barmaklarynyň uçlaryna,

dyrnaklarynyň düýplerine 5%-li spirtli ýoduň ergini sürtmeli.

2) Zyýansyzlandyrylan şprisler (*12-nji surat*) dolanan bukjany açyp, onuň iç ýüzüni şprisleri ýygnamak üçin ulanmaly.

3) Sag eldäki zyýansyzlandyrylan jübtek bilen silindri alyp, çep ele geçirmeli, soňra porşeni alyp silindre sokmaly.

4) Iňňäniň muftasyndan tutup şprisiň konusyna oturtmaly (iňňäniň ýiti ujuna el degiremli däl).

5) El bilen ýa-da jübtek bilen muftany towlap gowuja berkitmeli.

6) Iňňäniň geçirijiligini barlamaly (silindrdäki howany iňňeden çykaryp).

7) Taýýarlanan şprisi bukjanyň iç ýüzüne ýerleşdirmeli. Şpris derman sordurmak üçin taýýar edildi.

**Ýatda saklaň!**

1) Şprisler oralan kraft-bukjada zyýansyzlandyrylan 3 gije-gündiz saklanylýar.

2) Derman sorulan steril şprisleri näsagyň ýanyna zyýansyzlandyrylan böwrek şekilli legenjikde üsti zyýansyzlandyrylan salfetka bilen örtülen ýagdaýda alyp gitmeli.

Surat 12. Awtoklawda zyýansyzlandyrylan şprisleri ýygnap işe taýarlamak.



## 10.3. Zyýansyzlandyrylan gapyrjakda zyýansyzlandyrylan şprisleri ýygnamagyň usullary

1) Şepagat uýasy öz ellerini ýuwup zyýansyzlandyrmaly.
2) Sterilizatoryň gapagyny aýryp, onuň iç ýüzüni ýokaryk edip goýmaly.
3) Zyýansyzlandyrylan jübtek bilen sterilizatordan çeňňekleri almaly.
4) Çeňňekleriň kömegi bilen sterilizatoryň deşiklije gapyrjagyny çykaryp almaly-da sterilizatoryň üstünde keseligine goýmaly.
5) Jübtek bilen şprisiň silindrini (*13-nji surat*), porşenini we 2 iňňe alyp gapagyň üstünde goýmaly.
6) Sag eliňdäki jübtek bilen silindri alyp, çep ele geçirmeli.
7) Jübtek bilen porşeni silindre sokmaly.
8) Jübtek bilen iňňäniň muftasyndan tutup silindriň konusyna

oturtmaly-da biraz towlap berkitmeli.

9) Taýýar bolan şprisi zyýansyzlandyrylan böwrek görnüşli legenjige goýmaly.

Sanjym ýoly bilen dermanlary ulanylanda elleriňizi zyýansyzlandyrmagyň we şprisleriň, iňňeleriň, dermanlaryň sterilligini saklamagyň hökmandygyny ýadyňyzdan çykarmaň!



**Surat 13 . Zyýansyzlandyrylan gapda zyýansyzlandyrylan şprisleri ýygnamagyn usuly.**

## 10.4. Ampuladan şprise derman sorup almagyň usuly

1) Dermanly ampulany açmazdan öň ýene bir gezek dermanyň adyny, möçberini okamaly, durulygyna, ulanyp boljak möhletine üns bermeli (ýazgylary ak haladyň duşuna tutup okamak aňsat bolýar).

2) Ampulany silkip ýa-da kakyp onuň inçe ýerindäki dermanlaryň hem ampulanyň giň ýerindäkilere goşulmagyny gazanmaly.

3) Ýörite kesgiç bilen kesmeli we bilmezlikde iňňe ampulanyň daşyna degse, onuň hapalanmazlygy üçin spirtli pamyk şarjagazy bilen süpürmeli. Ampulanyň ujuny döwüp aýyrmaly.

4) Ampulany çep eliň bilen 2-nji we 3-nji barmaklaryň arasynda gysmaly.

5) Seresaplyk bilen şprisiň iňňesini ampula sokmaly-da, porşeni çekip dermany sorup almaly. Eger iňňe ampulanyň düýbüne ýetmeýän bolsa ampulanyň düýbüni biraz ýokaryk galdyrmaly.

6) Derman sordurylan iňňäni aýryp, sanjym ediljek iňňäni konusa oturtmaly.

7) Sanjym ediljek iňňäni konusa berkidip, onuň geçirijiligini barlamaly we şprisdäki howany çykarmaly. Şprisdäki howa çykarylanda ony dik ýagdaýda saklamaly.

8) Dermanly şprisi zyýansyzlandyrylan böwrek şekilli legenjige goýmaly, ýanynda spirte ezilen pamyk şarjagaz hem bolmaly.

**Ýatda saklaň!**

Ýag erginli dermany ampuladan şprise sordurmazdan öň dermany $38^0$ suwa salyp ýylatmaly.

## 10.5. Flakondan şprise derman sorup almagyň usuly

1) Dermanly flakony, şpris we 2 iňňe taýýarlamaly.

2) Jübtek bilen flakonyň gapagynyň ortasyndaky alýumin düwmejigi aýyrmaly.

3) Spirtli pamyk şarjagazy bilen flakonyň elastiki gapagyny

süpürmeli.

4) Elastiki gapagy deşip flakona iňňäni sokmaly (*14-nji surat*).

5) Flakonyň düýbüni ýokary galdyryp, çep eliň 2-nji we 3-nji barmaklarynyň arasynda tutmaly, 1–4–5–nji barmaklar bilen bolsa şprisiň konusly ujuny tutmaly. Sag eliň 2-nji barmagy bilen flakony iterip 1-nji we 3-nji barmaklary bilen porşeni çekip, gerekli mukdarda derman sordurmaly.

6) Iňňäni flakondan çykaryp almaly-da ony aýryp, sanjym üçin niýetlenen iňňäni oturtmaly.

7) Sanjym üçin niýetlenen iňňäniň geçirijiligini barlamak üçin şprisi dik tutup, şprisdäki howany we biraz ergini çykarmaly (pürkmeli).

8) Derman sorulan şprisi zyýansyzlandyrylan böwrek şekilli legenjikde spirtli pamyk şarjagazy bilen goýup, üstüni salfetka bilen örtmeli.

Eger flakonda külke görnüşli derman serişdesi bolsa onda:

1. Ampuladan ýa-da flakondan erediji derman sorup almaly.
2. Külkeli flakonyň gapagyny ýokarda görkezilen usul bilen deşip, ergini goýbermeli.
3. Şprisi iňňesi bilen bilelikde çekip alyp, flakondaky külkäni doly eretmeli.
4. Eredilen dermanyň degişli mukdaryny ýokarda ýazylan usuly boýunça şprise sorduryp almaly.
5. Şprisdäki iňňäni sanjym iňňesi bilen çalyşyp, onuň geçirijiligini barlamaly we şprisdäki howany çykarmaly.

Surat 14. Ampuladan we flakondan derman sorup almagyň usuly.



## 10.6. Deriniň içine sanjym etmegiň usuly

Sanjymyň bu görnüşinde iňňe deri gatlagynyň içine (aralygyna) örän ýüzleý sokulýar we derman serişdesi azajyk mukdarda goýberilýär. Şonuň üçin bu sanjym köplenç anyklaýyş we ýerli anesteziýa maksady bilen ulanylýar. Anyklaýyş maksatlar bilen 0,1-

den 1ml çenli ergin goýberilýär. Deri gatlagynyň içine sanjym etmek üçin 1ml-lik şprisler gerek, şprisiň bölümleri mese-mälim bolmalydyr. Iňňesiniň uzynlygy 15mm, ýogynlygy 0,4mm bolmaly.

Deri aralygyna sanjym – anyklaýyş maksat bilen inçekeseliň bardygyny bilmek üçin MANTU synagyny, brusellýozyň bardygyny bilmek üçin Býurneniň synagyny, ehinokokkyň bardygyny bilmek üçin Kassoniniň barlagyny geçirmek üçin ulanylýar. Şonuň ýaly-da bu sanjym näsagyň ol ýa-da beýleki dermany (antibiotigi) kabul edip bilýändigini ýa-da kabul edip bilmeýändigini anyklamak üçin hem geçirilýär.

Anyklaýyş maksat bilen bu sanjym goşaryň, bilegiň (aşaky) 3-nji böleginiň iç ýüzüne edilýär.

***Deriniň içine sanjym etmegiň usuly aşakdakylardan ybarat:***

1) Şepagat uýasy öz ellerini ýuwup zyýansyzlandyrmaly.

2) Şprise gerekli derman serişdesini sorduryp taýýarlamaly.

3) Näsagyň goşaryny arka tarapyndan çep eliň aýasyna alyp, deri örtügini çekmeli.

4) Sanjym ediljek meýdany spirtli pamyk şarjagaz bilen süpürmeli.

5) Iňňäniň kesigini ýokary edip, deri örtügine parallel tutmalyda, onuň ujuny deriniň aralygyna sançmaly (iňňäniň kesigi çümýänçä).

6) Ýuwaşjadan porşeni iterip erginiň gerekli möçberini goýbermeli. Eger sanjym dogry edilen bolsa, şol ýerde gabarjak emele gelmeli.

7) Spirtli şarjagazy sanjym ýere degirmän iňňäni çekip almaly. Barlaglaryň netijesini bellenen möhletden soň anyklamaly. Eger sanjym antibiotikleri we beýleki derman serişdelerini näsagyň kabul edip bilýändigini ýa-da bilmeýändigini anyklamak üçin geçirilen bolsa, sanjymdan soň 20–30 minut garaşmaly. Eger sanjylan ýerde çiş, gyzarma, gijelewük peýda bolsa näsagyň şol dermany kabul edip bilmeýändigini aňladýar.

## 10.7. Deri astyna sanjym

Köplenç deriniň astyna deri asty ýag gatlagynda aňsat ýaýraýan derman serişdeleri ulanylýar. Bu sanjym üçin ulurak arteriýa, wena damarlary we nerw süýümleri bolmadyk ýerler saýlanyp alynýar. Deri astyna sanjym etmäge çigininiň daş ýüzi, pilçeleriň aşagy, buduň gapdal ýüzi, garynda göbegiň gapdaly örän amatly meýdanlar hasaplanylýar.

***Deri astyna sanjym etmegiň usuly aşakdakydan ybarat:***

Sanjym ediljek meýdany spirtli pamyk şarjagazy bilen haýsyda bolsa bir taraplaýyn (köplenç, aşakdan ýokary) süpürmeli. Çep el bilen derini gysyp epin döretmeli. Sag eldäki şprisiň iňňesini deri örtügine 30 - $45^0$ burçlukda tutup, çaltlyk bilen sançmaly (iňňäniň kesigi ýokary seredip durmaly). Iňňäni 1–2 sm çuňlukda sanjyp ($^2/_3$ bölegini) ergini ýuwaşja goýbermeli. Şondan soň spirtli pamyk şarjagaz bilen iňňe sanjylan ýerini basyp, iňňäni çaltlyk bilen çykaryp almaly.

***Deri asty sanjymda şu aşakdaky howply ýagdaýlaryň ýüze çykmagy mümkin:***

1) Iňňäniň döwülmegi;

2) zyýansyzlandyrylyş düzgünleri bozulanda deri asty infiltratyň döremegi;

3) ýag erginli derman serişdeleri wena damaryna düşäýse, ýag emboliýasynyň ýüze çykmagy (kamfora, witamin A, E, käbir gormonly derman seişdeleri). Ýag erginli derman serişdeleri sanjylmazdan öň hökmany suratda ýyladylmaly.

## 10.8. Insulini sançmagyň usuly

Süýjili diabeti keselinde aşgazanasty mäziň insulin diýen gormony ýeterlik mukdarda öndürilmeýändigi üçin ganyň düzüminde glýukoza köpelýär. Şonuň üçin bu keseli bejermekde insulin ulanylýar, ol gandaky glýukozanyň mukdaryny peseldýär. Insulin flakonda 5 ml mukdarda bolup, onuň her bir ml-de 40 ED insulin bardyr.

Insuliniň dürli görnüşlerini tapawutlandyrýarlar: ýönekeý insulin 6 - 8 sagada çenli täsir edýär. Uzak wagtlaýyn täsir edýän insulinler:

sink insulin, protamin sink insulin we ş.m. 12 sagatdan-36 sagada çenli täsir edýär. Peşew bilen bölünip çykýan glýukozanyň gramyna 1 birlik insulin bellenýär. Insulini sançmak üçin ýörite 1-2 ml -lik şprisler bolup, olaryň silindrlerinde ml bölümlerden başga-da birliklere bölünen bolmaly.

***Insulini şprise sordurmagyň usuly aşakdakylardan durýar:***

1) Şepagat uýasy öz ellerini zyýansyzlandyrmaly.
2) Flakonyň gapagyny spirtli pamyk şarjagaz bilen süpürmeli.
3) Näçe ED insulin gerek bolsa şprise şol bölüme çenli howa sorup almaly.
4) Flakonyň gapagyny iňňe bilen deşip şprisdäki howany flakona goýbermeli.
5) Flakonyň düýbüni ýokary galdyryp şprise insuliniň gerekli mukdaryndan 2-4 ED artyk almaly.
6) Iňňäni flakondan çykaryp başga sanjym iňňesi bilen çalyşmaly.
7) Insuliniň artyk mukdaryny pürküp şprisde gerekli mukdaryny galdyrmaly.

Insulin deri astyna sanjylýar.

Insulin sanjylanda ýüze çykmagy mümkin bolan howply ýagdaýlar:

1) Allergiki alamatlar.
2) Lipodistrofiý–sanjym edilen ýerde dykyz ýag dokumalarynyň emele gelmegi.
3) Insuline bolan duýgurlygyň döremegi (pes bolmagy).
4) Eger ýalňyşyp insuliniň mukdary köp sanjylan bolsa, gipoglikemiýa komasynyň ýüze çykmagy.

***Insulin sanjylanda ýüze çykmagy mümkin bolan allergiki alamatlaryň görnüşleri:***

1) Sanjym edilen ýeriniň deri gatlaklarynyň çişip dykyzlanmagy.
2) Näsagyň bedeninde eşeniň örmegi.
3) Kwinkanyň çişiniň başlanmagy.
4) Anafilaktiki şoguň ýüze çykmagy.

| ml-däki mukdary | ED-daky muk |
|---|---|
| 0,1 | 4 ED |
| 0,2 | 8 ED |
| 0,3 | 12 ED |
| 0,4 | 16 ED |
| 0,5 | 20 ED |
| 1,0 | 40 ED |

## Anafilaktiki şok

Bu çalt ýüze çykýan allergiki alamatlara degişli bolup, antibiotikler, syworatkalar, waksinalar, witaminler we ş.m. allergenler sanjylandan birnäçe sekuntdan 30 minut aralykda ýüze çykýan örän agyr ýagdaýdyr.

Onuň alamatlary: näsagyň döş kapasasy (gursagy) gysylan ýaly bolup, güýçli demi gysyp başlaýar, gyzgyn duýýar, teninde gijelewük peýda bolýar, ýüzi gyzarýar, ýüreginiň töwereginde, bilinde, garyn boşlugynda agyrynyň peýda bolmagy, gaýtarmagy mümkin. Soňra usurgan ýaly bolup ýatýar. Arterial gan basyşy peselýär, pulsy örän gowşak duýulýar.

Allergiki alamatlar ýüze çykanda tiz lukmançylyk kömegini bermeli:

1) Eger sanjym el-aýaklara edilen bolsa, sanjym edilen ýeriniň ýokarrajygyndan daňmaly.

2) Eger sanjym başga ýere edilen bolsa, ýagny daňmak mümkinçiligi bolmasa, onda sanjymyň daş töweregine 0,1% - li 1,0 adrenalin sançmaly ýa-da buz goýmaly (gan damarlar daralyp allergen derman gana sorulmazlygy üçin).

3) Allergiki reaksiýanyň garşysyna antigistamin derman serişdelerini sançmaly: dimedrol 1% - li 1 ml ýa-da pipolfen ýa-da suprastin 2,5% - li 1ml et aralygyna ýa-da kalsiý hloridiniň 10% - li ergininiň 10,0 ml–ni wena damaryndan goýbermeli.

4) Ýürek-damar serişdelerinden kordiamin 25% - li 2,0 ml, kofein 10% - li 1,0 ml deri astyna sançmaly.

5) Gerek bolsa daşyndan ýüregiň göni däl owkalamasyny

etmeli we emeli dem bermeli.

## 10.9. Antibiotikleriň ulanylyşy

Antibiotikler külke görnüşinde flakonlarda goýberilýärler. Olary ulanmazdan öňisyra nowokainiň 0,25% - li ýa-da 0,5% - li ergini ýa-da hlorid natriniň 0,9% - li izotoniki ergini ýa-da distillirlenen suw ýa-da sanjym üçin suw bilen eretmeli. Antibiotikler gramlar we ED - lar görnüşinde mukdara bölünýärler. Antibiotigiň her bir 100 000 ED (0,1)-na 1 ml erediji alynýar.

***Antibiotikleri eretmegiň usuly:***

1) Şepagat uýasy ellerini ýuwup, soňra zyýansyzlandyrmaly.
2) Antibiotigiň flakondaky mukdaryna görä şprise erediji serişde sorduryp almaly.
3) Antibiotikli flakony gapagyndaky alýuminden ýasalan düwmä meňzeş tegelejigi aýyrmaly-da, elastiki gapagy spirtli pamyk şarjagaz bilen süpürmeli.
4) Iňňe bilen elastiki gapagy deşip, erediji serişdäni flakona goýbermeli.
5) Iňňe bilen şprisi aýyryp, flakony silkip, poroşogy doly eretmeli.
6) Flakonyň düýbüni ýokary galdyryp, şprise antibiotigiň gerekli mukdaryny sorduryp almaly.

**Ýatda saklaň!**

1) Antibiotikli flakony ýylatmak bolmaýar, sebäbi gyzgyn temperaturada ol zaýalanýar.
2) Antibiotikleri ýod hem zaýalaýar, şonuň üçin flakonyň gapagyny, sanjym ediljek meýdany ýodly pagta şarjagazy bilen süpürmeli däl.
3) Eredilen antibiotigi bir gije-gündiziň dowamynda sowuk ýerde saklamak bolar.
4) Eger antibiotik ilkinji gezek sanjylýan bolsa, hökman näsagyň ony kabul edip bilýändigini ýa-da bilmeýändigini onuň

ujypsyzja mukdaryny ($^{1}/_{10}$ bölegini) deri aralygyna sanjyp, barlap görmeli.

**Antibiotikleri eretmegiň tablisasy**

| Antibiotigiň gramdaky mukdary | ED-däki mukdary | Eredijin |
|---|---|---|
| 0,1 | 100 000 ED | 1 |
| 0,2 | 200 000 ED | 2 |
| 0,5 | 500 000 ED | 5 |
| 1,0 | 1000 000 ED | 1 |

**Bisilliniň ulanylyşy**

**Bisillin** uzak wagtlap täsir edýän antibiotiklere degişli. Ol käbir keselleri bejermek we rewmatizmiň profilaktikasy üçin ulanylýar. Bisillin flakonlarda külke görnüşinde 300 000, 600 000, 1 200 000, 1 500 000 ED mukdarda bolup biler. Olary Bisillin – 1, Bisillin – 3, Bisillin – 5 görnüşinde tapawutlandyrýarlar.

Bisillin – 1 300 000 ED-a gije-gündizde bir gezek sanjylýar.

Bisillin – 3 600 000 ED-a hepdede bir sanjylýar.

Bisillin – 5 bolsa 1 200 000 – 1 500 000 ED-a aýda bir gezek sanjylýar.

Bisillinler hem beýleki antibiotikler ýaly ulanylmazdan öňisyra 3-5 ml distillir-lenen suw bilen eredýärler. Şonda goýy suspenziýa emele gelýär.

***Bisillini sançmagyň usuly:***

Bisillini et aralygyna örän çuň sançmaly. Eredilen bisillini şprise sordurandan soň, sanjym iňňäni şprissiz, otyrýer myşsasyny şertli 4 bölege bölüp, onuň ýokarky daşky kwadratyna çuň sançmaly-da saklamaly. Eger iňňe gan damaryna düşen bolsa (ondan gan çyksa ýa-da iňňe pulsirleýän bolsa) bisillini goýbermeli däl, eger beýle alamatlar bolmasa, onda şprisden howany çykaryp, iňňä birleşdirmeli-de bisillini çaltlyk bilen goýbermeli. Şu düzgün berjaý edilmese bisilliniň suspenziýa ergini iňňäni dykar.

## 10.10. Myşsa içine sanjym

Myşsalar gan we limfa damarlaryna baý bolanlygy üçin myşsa içine sanjym edilende derman serişdeleri çalt we doly sorulýarlar. Otyrýeriň, buduň, garnyň ýüzündäki myşsa içine sanjym etmek üçin amatlylary hasaplanylýar.

Köplenç myşsa içine  sanjym otyrýer myşsalaryna edilýär. Ýöne ol myşsalaryň aralygyndan uly nerw süýüminiň we gan damarlarynyň geçmeýän ýerini saýlap almaly. Otyrýer myşsasyny şertli 4 bölege bölüp, onuň ýokarky daşky kwadratyna sanjym etmek bolar. Sebäbi myşsanyň bu bölegi galyň we ondan uly nerw damarlar geçmeýär.

***Myşsa içine sanjym etmegiň usuly:***

1) Şepagat uýasy ellerini ýuwup zyýansyzlandyrmaly.
2) Şprise gerekli derman sordurmaly.
3) Näsagy ýüzün ýa-da gapdal ýatyrmaly.
4) Otyrýer myşsasyny şertli 4 bölege bölmeli.
5) Ýokarky daşky kwadraty ýagny, sanjym meýdanyň deri örtügini spirtli pamyk bilen süpürmeli.
6) Çep el bilen şol meýdanyň deri örtügini çekmeli.
7) Sag eldäki şprisi sanjym ediljek ýere perpendikulýar tutup, iňňäni 5–7 sm çuňluga sançmaly, iňňäniň 1/3 bölegini bolsa daşynda galdyrmaly, sebäbi iňňäniň mufta geçýän ýerinden döwülmegi mümkin.
8) Porşeni biraz çekip, damara düşmändigine göz ýetirmeli.
9) Çep el bilen porşeni basyp, dermany goýbermeli.
10) Spirtli pamyk bilen sanjylan ýere basyp, iňňäni çaltlyk bilen çykarmaly.

Myşsa içine sanjym edilende aşakdaky howply ýagdaýlar ýüze çykmagy mümkin:

1) Iňňäniň döwlüp etiň aralygynda galmagy.
2) Uly nerw süýüminiň iňňe bilen zaýalanmagy.

3) Zyýansyzlandyrmak düzgüni saklanylmasa sanjymdan soň iriňlemäniň başlanmagy.

4) Eger iňňe gan damara düşen bolsa, derman emboliýanyň ýüze çykmagy.

**Üns beriň!**

1. Myşsa içine sanjym edilende erginiň mukdary 15–20 ml-den köp bolmaly däl.

2. Myşsa içine örän agyryly we kyn sorulýan dermanlar (sinepar, bisillin we ş.m.) sanjylmaly.

## 10.11. Wena damarlaryna sanjymlar

Wena damarlaryna sanjym edilende derman serişdesi göni gana düşüp, çalt täsir edýär. Wena damaryndan sanjymy lukman ýa-da tejribeli şepagat uýasy etmeli. Bu sanjym edilende aseptikanyň we antiseptikanyň düzgünleri doly berjaý edilmeli. Köplenç, sanjym tirsek epininiň (*17-nji surat*) wenalaryna edilýär. Seýrek halatlarda goşaryň wenalaryna, penjäniň daş ýüzündäki wenalara, aýagyň wenalaryna-da edilýär.

***Wena sanjym etmegiň usuly:***

1) Şepagat uýasy ellerini gowuja ýuwup, soňra zyýansyzlandyrmaly.

2) Şprise gerekli dermany sorduryp, iňňäni çalyşmaly.

3) Näsagy ýatyrmaly ýa-da oturtmaly.

4) Näsag elini uzaldyp goýmaly, onuň tirseginiň aşagyna kleýonka ýazmaly we tirsek epini has gowy göneler ýaly kleýonkadan tikilen ýassyjak goýmaly.

5) Tirsek epininden 5–6 sm ýokardan elastiki žgut bilen bogmaly-da, wenoz ganyň tirsek wenasynda toplanmagy üçin näsagdan ellerini birnäçe gezek açyp-ýummagyny haýyş etmeli.

6) Sanjym ediljek meýdanyň deri örtügini spirtli pamyk şarjagaz bilen gowuja süpürmeli (aşakdan ýokary).

7) Şprisdäki howany pürküp çykarmaly.

8) Çep eliň başam barmagy bilen wena damaryny fiksirläp (süýşmez ýaly tutup), sag eldäki şprisiň iňňesini $45^0$ burçda ýerleşdirip,

wenanyň gapdalyndan derini sançmaly, soňra wena damarynyny sançmaly (iňňäniň kesigini ýokary gönükdirmeli), haçan-da iňňe wena düşse, boşluga düşen ýaly duýgy peýda bolýar.

9) Porşeni biraz çekmeli, eger iňňe wenada bolsa silindrde gan peýda bolmaly.

10) Daňyny aýyrmaly-da, porşeni ýene bir gezek çekip görmeli (iňňäniň wenadan çykmandygyna göz ýetirmek üçin).

11) Dermany ýuwaşlyk bilen goýbermeli. Näsagyň ýüz–keşbini synlamaly.

12) Derman goýberilenden soň, spirtli pamyk şarjagaz bilen deri örtügini basyp, iňňäni çaltlyk bilen çykarmaly.

13) Sanjym ýere spirtli pamyk şarjagazy goýup, näsagyň elini tirseginden gowuja epmegini haýyş etmeli.

**Surat 17. Wena damarlaryna sanjym**



Wena damaryndan sanjym edilende ýüze çykmagy mümkin bolan howply ýagdaýlar:

1) Howa emboliýasy.

2) Tromboflebit.

3) Konsentrirlenen erginler deriniň astyna gidäýse, şol töweregiň nekrozy. Meselem, kalsiniň hloridiniň 10% - li ergini şeýle ýagdaýa getirip biler.

4) Aseptikanyň we antiseptikanyň kadalary doly berjaý edilmese sepsisiň ýüze çykmagy mümkin (gana mikroblaryň aralaşmagy). Wena damaryna sanjyljak derman serişdeleriniň atlary, mukdary, konsentrasiýalary flakonyň ýa-da ampulanyň daşynda takyk ýazylgy bolmaly. Eger derman serişdesiniň reňki, durulygy üýtgän

bolsa, ony sançmak bolmaýandygyny ýadyňyzdan çykarmaň!

### 10.12. Derman serişdesini wena damaryna damja görnüşinde goýbermegiň usuly

Damja görnüşinde wena damaryndan dürli erginler we derman serişdeleri, köp gan ýitiren, köp suwuklygyny ýitiren näsaglara, ýanyklarda, zäherlenmelerde goýberilýär.

Gan, ganyň ornuny tutýan erginler, izotoniki erginler we beýleki derman serişdeleri damja görnüşinde (*19-njy surat*) wena damaryndan goýberilýär. Damja görnüşinde goýberilýän erginler, dermanlar damarlardaky, dokumalardaky ganyň, suwuklygyň öwezini doldurýar, peselen gan basyşyny kadalaşdyrýar, gan aýlanyşygy kadalaşdyryp, bedendäki zäherleriň çykyp gitmegini üpjün edýär. Damja görnüşinde bir gije-gündiziň dowamynda birnäçe litre çenli ergin goýbermek bolar. Damjalaryň sany ýörite gysgyç bilen kadalaşdyrylýar. Bir minutda 40–60 damja goýbermek bolýar. Kä halatlarda çalt akym bilen goýberilýär (meselem, näsag köp gan ýitiren bolsa, şonuň öwezini doldurmak üçin). Çalt akym bilen 500 ml-den köp ergin goýberilmeli däl.

Wena damaryndan damja görnüşinde derman goýbermek üçin ýörite ulgamlar gerek. Ulgamlaryň bir gezek we köp gezek ulanylýan görnüşleri bar. Bir gezek ulanylýan ulgam polietilen bukçalarda zyýansyzlandyrylan taýýar görnüşinde bolýar. Bu ulgam flakona howa girmek üçin niýetlenen iňňeli gysga turbajykdan we ergin akdyrmak üçin niýetlenen ulgamdan ybaratdyr. Ergin akdyrmak üçin niýetlenen bir ujunda flakony deşmek üçin iňňe bolup, ol polietilen turbajyga çatylan, soňra süzgüç ýerleşdirilen, ol damja sanamak üçin we süzmek üçin niýetlenen süzgüçden soň ýene-de polietilen turba dowam edýär, oňa damjalaryň sanyny kadalaşdyrmak üçin gysgyç geýdirilen. Polietilen turbanyň beýleki ujy konýulýa bilen gutarýar, ol wena damaryndan sanjym etmek üçin niýetlenen iňňäni oturtmaga gerek.

Köp gezek ulanylýan ulgam bolsa 3 sany elastiki turbajykdan

ybarat bolup, ol turbalar biri-biri bilen damja sanamak üçin niýetlenen çüýşe turbajyk arkaly we ulgamda howanyň bardygyna, ýokdugyna gözegçilik etmek üçin niýetlenen gözegçilik

turbajygy arkaly birleşdirilýär. Flakona howa girmek üçin niýetlenen uzyn turbajykly iňňesi bar. Damjalaryň sanyny kadalaşdyrmak üçin Moranyň gysgyjy ýa-da kremalýeraly gysgyç ulanylýar. Bu ulgamy zyýansyzlandyrylanda turbalary biri-birinden aýrylyp zyýansyzlandyrmaly.

### 10.13. Bir gezek ulanylýan ulgamyny ulanmagyň usuly

1) Ulgamly bukjanyň bütinligini we onuň möhletini barlamaly.
2) Şepagatuýasy ellerini ýuwandan soň zyýansyzlandyrmaly.
3) Dermanly flakonyň gapagyny spirtli pamyk şarjagaz bilen süpürmeli.
4) Ulgamly bukjany zyýansyzlandyrylan stoluň üstünde açmaly.
5) Flakona howanyň girmegi üçin niýetlenen iňňeli turbajygy alyp, flakona sokmaly.
6) Ergin akdyrmak üçin niýetlenen ulgamy alyp (*18-nji surat*), onuň iňňesini flakona sokmaly.
7) Flakonyň düýbüni ýokary öwrüp, direge berkitmeli.
8) Gysgyjy açmaly, süzgüji gorizontal ýagdaýa getirip, süzgüje ergin goýbermeli.
9) Ergin süzgüjiň ýaryna çenli dolanda, ony dik ýagdaýa geçirip, ulgamdaky howany çykarmaly-da, ony erginden doldurmaly.
10) Gysgyjy ýapmaly, iňňäniň ujuna gapagyny geýdirip, ulgamy diregden asmaly.

Surat 18. Bir gezek ulanylýan sistemany ylanmaga taýarlamak.



## 10.14. Gan akdyrmak

Gan akdyrma gan aýlanyşygyna täsir edýän usullaryň biri bolup (*20-nji surat*), ol gipertoniýa krizinde, ýürek astmasynda, öýkeniň suwly çişmesinde, ýiti zäherlenmede zäherlenen gany akdyryp, arassa gan bilen çalyşmak üçin ulanylýar.

Anemiýaly, gipotoniýaly (gan basyşy pes) näsaglaryň ganyny akdyrmak bolmaýar.

***Gan akdyrma ýerine ýetirilende hökmany düzgünler:***

1) Şepagat uýasy öz ellerini ýuwup, zyýansyzlandyrýar we gerekli zatlary taýýarlaýar.

2) Näsaga şu bejeriş usulynyň wajypdygyny düşündirmeli.
3) Näsagy düşekde ýatyrmaly.
4) Onuň elini uzadyp, tirseginiň aşagyna kleýonka ýazyp, kleýonkadan tikilen ýassyk goýmaly.
5) Tirsek epininden 5–6 sm ýokardan, çiginden žgut bilen bogmaly.
6) Zyýansyzlandyrylan Dýufonyň ýogyn iňňesine zyýansyzlandyrylan elastiki turbajygy çatyp, gan doňup, iňňäni dykmazlygy üçin olaryň içinden sitrat natriniň 5%-li erginini geçirmeli.
7) Tirsek epininiň deri örtügini spirtli pamyk şarjagaz bilen gowuja süpürmeli.
8) Çep eliň başam ýa-da süýem barmagy bilen sanjym ediljek wenany fiksirlemeli.
9) Sag eldäki Dýufonyň ýogyn iňňesiniň kesigini ýokary gönükdirip, wenanyň gapdalyndan deri örtügine sançmaly, soňra wena sançmaly. Eger iňňe wena düşen bolsa iňňeden gan akyp başlaýar.
10) Dýufonyň iňňesiniň muftasyna zyýansyzlandyrylan elastiki turbajyk birleşdirmeli-de, onuň beýleki ujuny göwrümi belli bolan ýa-da graduirlenen banka ýa-da çüýşe gaba salyp, 300–400 ml-e çenli gan akdyrmak bolar. Gan akdyryp bolýança daňyny aýyrmaly däl.
11) Gan akdyrylyp gutarandan soň ilki daňyny aýyrmaly, soňra iňňäni çaltlyk bilen çekip almaly.
12) Iňňe sanjylan ýere spirtli pamyk şarjagaz goýup, elini gowuja epmeli.

Eger gan akma dowam edýän bolsa aseptiki daňy daňmaly. Näsag 0,5–1sagada çenli düşekde ýatmaly.

Surat 19. Dermanlary wena damaryndan damja görnüşinde goýbermek.



Surat 20. Gan akdyrmak.



## 10.15. Barlaghana barlaglary üçin wena damaryndan gan almak

Ganyň barlaghana barlaglary näsagyň keselini anyklamak ýa-da keseliň kliniki geçişini kesgitlemek üçin geçirilýär.

Ganyň düzümine, diýmek onuň barlaghana barlaglarynyň netijesine çakdanaşa fiziki we akyl zähmeti fizioterapewtiki bejergiler, rentgen barlagalary, iýilýän iýmit, kabul edilýän derman serişdeleri

täsir edýärler. Şonuň üçin ganyň barlaghana  barlagyna alynmazdan 1 gün öň näsaga agyr fiziki we psihiki zähmet çekip, ýadamaly däldigini, fizioterapiýa proseduralaryny kabul etmeli däldigini aýtmaly, rentgen barlagyny geçirmeli däl, çilim çekmek, arak içmek bolmaýar.

Ganyň umumy analizini almaly bolanda, şondan öňki gün agşam sagat 22-den soň hiç zat iýmeli däl. Irden aç garna gan barmakdan alynýar. Biohimiýa barlaga alynmazdan öň 10–12  sagatlap iýmek, içmek, çilim çekmek bolmaýar. Bu derňewler üçin gan irden aç garna wena damaryndan 5 ml çemesi alynýar. Ganyň düzüminde holesteriniň mukdaryny anyklamak üçin gan alynmazdan öň 10–12 sagadyň dowamynda näsaga iýmek we içmek bolmaýar. Şol aralykda ýag çalşygyna täsir edýän derman serişdelerini içmek bolmaýar (lipoýew kislotasy, lopamid we ş.m.). Gan ertir aç garna wena damaryndan alynmaly.

Ganyň düzüminde glýukozanyň mukdaryny anyklamak üçin gan alynmazdan öň 10–12 sagatlap iýmeli däl, gaharlanmaly, tolgunmaly däl, çagadan gan almaly bolsa, ony aglatmaly däl, aglaýan çagany rahatlandyrmak üçin süýji-köke bermek bolmaýar, gan ertir ir bilen açlygyna barmakdan alynýar.

Ganyň düzümindäki bilirubiniň mukdaryny anyklamak üçin, näsag gan alynanda 3 günüň dowamynda askorbin kislotasyny kabul etmeli däl.  Limon, apelsin, käşir iýmek bolmaýar.

Ganyň lagtalanmak häsiýetini anyklamak üçin (protrombin indeksi, doňuş tizligini) gany ir bilen barmakdan almaly. Sebäbi bu görkezijiler günüň dowamynda üýtgemegi mümkin. Eger näsag witamin K, salisilatlary, dopegit, elenium ýaly derman serişdelerini kabul edýän bolsa, barlagdan 2–3 gün öň derman serişdelerini aýyrmaly.

Ganyň sterilligini barlamak üçin alnanda hökman aseptikanyň kadalaryny berjaý etmeli.

Gan almazdan öň şepagat uýasy ellerini operasiýa üçin taýýarlanan ýaly ýuwup zyýansyzlandyrmaly. Agyz burnuny perde (maska) bilen örtmeli. Näsagy oturdyp, eliniň astyna zyýansyzlandyrylan kleýonka ýazmaly. Tirseginiň aşagyna arassalanan kleýonka ýassyjak goýmalyda, tirsek epininden 5–6 sm ýokardan bogmaly. Tirsek epininiň deri

örtüginiň uly meýdanyny spirtli pamyk şarjagazy bilen 2–3 gezek süpürmeli, soňra ýod bilen zyýansyzlandyrmaly.

Iňňäniň geçirijiligini howa çekip barlamaly däl. Zyýansyzlandyrylan hasa şarjagazyň arasyndan çekip barlamak bolar.

Şprisli iňňe bilen wenany deşip, 2,5 – 3 ml gan sorduryp almaly. Alnan gany şol bada içinde iýmit sredasy bolan zyýansyzlandyrylan flakona daşyndan otly ýalyn aýlap guýmaly. Flakonyň gapagyny hem ýalyna tutup, soňra gapmaly.

## *BAP XI*

### 11.1. Ýürek damar ulgamynyň kesellerinde näsaglara gözegçilik etmek

Ýürek-damar ulgamyna ýürek, arterial we wenoz gan damarlary degişli. Ýürek esasy gany hereketlendiriji synadyr. Arteriýalar boýunça gan synalara we dokumalara barýar. Wenalar boýunça gan synalardan we dokumalardan ýürege gaýdyp gelýär.

Ýürek-damar ulgamynyň kesellerinde şu aşakdaky alamatlaryň ýüze çykmagy mümkin. Ýürek agyry, dem gysma, bedeniň çişmegi, gögerme we ş.m.

Ýürek agyry iň howsalaly alamatlaryň biri bolup, ol ýüregiň miokardynyň gan üpjünçiliginiň azalmagy ýa-da ýüregiň gatlaklarynyň sowuklama keselleri bilen baglanyşyklydyr. Ýürek agyry gysga wagtlaýyn ýa-da uzak wagtlaýyn bolup, sokulma, sançma, gysylma häsiýetde bolmagy mümkin. Ýürek agyrysy çep egne, çep pilçä ýaýraýar. Ol tutgaýyň güýçlide bolmagy mümkin. Şepagat uýasy bu alamat peýda bolanda biperwaý seretmeli däl. Näsaga kömek etmegi başarmaly, oňa gözegçilik etmeli (sur.22).

Demgysma – näsagyň kislorod ýetmezçiligini duýmagy, ýürek kesellerinde demgysmanyň peýda bolmagy, kesel haldan gaçan ýüregiň ulgamlary we dokumalary öz wagtynda kislorod bilen üpjün edip bilmeýändigi bilen baglanyşyklydyr. Demgysma ilki-ilkiler

ýeňiljek fiziki işi ýerine ýetirende, soňra adaty ýol ýörände, hat-da rahatlykda-da peýda bolmagy mümkin.

Ýürek kesellerinde güýçli tutgaýly demgysma ýüze çyksa, oňa ***ýürek astmasy*** diýilýär. Şepagat uýasy şu ýagdaýda kömek bermegi we gözegçilik etmegi başarmaly.

Bedende çişiň peýda bolmagy – kesel, haldan gaçan ýürek wenalarda gany öz wagtynda sorup alyp bilmeýär, aşaky içi boş wenada ganyň durgunlygy, ýagny üýşmegi başlanýar, netijede bedende suwly çiş peýda bolýar. Ilki bada gizlin çiş başlanýar, soňra aýaklarynda çiş peýda bolýar we bütin bedene ýaýraýar, hat-da boşluklarda suwuň toplanmagy mümkin. Bedeninde çişi bolan näsaglaryň deri örtüginiň duýgurlygy peselýär, olarda çalt ýagyr ýaralar emele gelýär. Şonuň üçin olara gözegçilik edilende:

1. Ýyladyjy haltajyk ulanylanda örän seresap bolmaly.
2. Ýatyr ýaralaryň emele gelmeginiň öňüni almaly.
3. Duzly naharlary iýmeli däl, suwuklyk köp içmeli däl. Olara № 10 berhiz bellenilýär.
4. Çişiň köpelýändigini ýa-da azalýandygyny anyklamak üçin hepdede 1–2 gezek näsagyň agramyny terezide ölçäp durmaly.

Diurezi hasaplamak üçin, näsagyň bir gije-gündizde bölüp çykaran peşewini toplamaly we şol aralykda içen suwuklygyny anyklamaly. Olaryň mukdaryny deňeşdirip görmeli. Sagat adam bir gije-gündiziň dowamynda içen suwuklygynyň 75%-ni bölüp çykarmaly. Eger peşew şondan az bölünip çykýan bolsa, çişiň köpelendigini aňladýar.

Gögerme – wenoz ganynyň ýagny, kömürturşy gazyna baý bolan ganyň periferiki wenalarda üýşmegi netijesinde bolýar.

Köplenç, gögerme ýürek keselli näsaglaryň dodaklarynda, barmaklarynyň, gulaklarynyň uçlarynda, ýaňaklarynda peýda bolýar. Gögerme alamatly näsaglara gözegçilik edilende, olara çalt-çalt kislorod bermegiň we otaglary ýelejiretmegiň ähmiýeti uludyr.

Ýürek-damar ulgamynyň kesellerinde näsaglara gözegçilik edilende, olaryň pulsuny sanamagyň, gan basyşyny ölçemegiň örän wajypdygy ählimize mälimdir.

**Surat 22.Ýürek damar ulgamynyň keselerinde näsaglara edilmeli garaşyk**



## 11.2. Pulsy (dammar urgysyny) sanamagyň usuly

Puls – bu ýüregiň arterial gan damarlaryna gan pürkmegi netijesinde olaryň diwarlarynyň silkinip yranmagydyr.

Puls köplenç, (*21-nji a surat*) süňkleriň üstünde ýüzleý geçýän we ele duýulýan arterialarda sanalýar. Meselem: bilek (goşar arteriýasynda), tirsek arteriýasynda, uky, çekge, dyzyň epinindäki arteriýalarda, injik we but arteriýalarynda sanamak bolar.

Bilek arteriýasynda pulsy sanamak üçin 2–3 barmagy näsagyň goşaryna başam barmagyň (1-nji barmagyň) başlanan ýerine goýmaly. Puls tapylandan soň gaty basmaly däl. Sebäbi ol ýitäýmegi mümkin.

Pulsy 15–30 sekundyň dowamynda sanap, netijesini 2–ä ýa-da 4–e köpeldip 1 minutdaky sanyny hasaplamaly. Puls sanalanda onuň diňe çaltlygyny anyklaman, pulsyň yzygiderliligine (ritmine) we güýjünede üns bermeli. Eger puls yzygiderli urmaýan bolsa, onda ony doly 1 minudyň dowamynda sanamaly.

Kadaly puls 1 minutda 60-80 gezek bolmaly. Eger puls 84-den köp bolsa ***tahikardiýa*** diýilýär. Eger 60-dan az bolsa ***bradikardiýa*** diýilýär. Puls yzygiderli urmaýan bolsa onda ***aritmiýa*** diýilýär. Pulsyň güýji arterial gan damarynyň diwarlarynyň tonusyna we damara pürkülen ganyň mukdaryna bagly bolýar. Ýürek gany az pürkýän bolsa ýa-da damarlaryň tonusy gowşak bolsa puls gowşaýar, kähalatlarda ol örän gowşak inçe ýüplük ýaly duýulmagy mümkin (kollapsda, şokda). Pulsyň sany endamyň gyzgynynyň ölçeg kagyzynda gyzyl galam bilen grafiki çyzyk görnüşinde bellenilýär. Pulsyň güýjüni has takygy adamyň gan basyşyny ölçemek arkaly anyklaýarlar.

## 11.3. Arterial gan basyşyny ölçemek

Arterial gan basyşyny ýürek-damar ulgamynyň funksional ýagdaýyny anyklamak üçin ölçeýärler. Ol ähli adamlarda bir deň bolmaýar. Arterial gan basyş arterial damarlaryň tonusyna (*21-nji b surat*), ýüregiň ýygrylma güýjüne, ganyň mukadaryna, ölçelýän wagtyna, nerw ulgamynyň ýagdaýyna, ýaşyna, jynsyna bagly bolup biler.

Arterial gan basyşynyň 3 görnüşini tapawutlandyrýarlar:

Sistoliki, diastoliki we puls gan basyşy.

1. Sistolik (maksimal) gan basyş bu puls tolkunynyň iň ýokary (maksimal) derejä ýeten pursatyndaky basyş. Ol kadada simap sütüniniň 110 – 140 mm. çenli bolup biler.
2. Diastoliki (minimal) gan basyş bu puls tolkunynyň pese düşen döwründäki, ýagny ýüregiň diastolasy döwründäki basyş kadada simap sütüniniň 70 – 90 mm-ne deň bolýar.
3. Puls gan basyşy sistoliki we diastoliki gan basyşlarynyň tapawudyna deňdir (meselem 110–70–40) ol kadada simap sütüninde 40 – 70 mm-e deň bolup biler.

Arterial gan basyşyny ölçemek üçin Riwa-Roçiniň enjamy ýa-da tonometr ulanylýar.

Riwa-Roçiniň enjamy içi boşluk elastiki manžetden, şkala berkidilen simap sütüninden we armyt şekilli elastiki topjagazdan ybarat, olar biri-biri bilen elastiki turbajyklar arkaly birleşdirilýär.

***Arterial gan basyşyny ölçemegiň usuly:***

1) Arterial gan basyşyny belli bir wagt, köplenç, ertir ir bilen ölçemek maslahat berilýär. Eger näsag gaharlanan ýa-da tolgunan bolsa, gan basyşyny şol wagt ölçemeli däl.

2) Näsag oturmaly ýa-da ýatmaly, tonometr näsagyň eliniň duşunda bolmaly.

3) Näsgyň elini uzatmagyny haýyş edip, onuň tirsek epininden iki sm ýokarlykda manžeti oramaly. El bilen manžetiň aralygyndan iki barmak geçer ýaly bolmaly.

4) Tirsek arteriýasynda pulsy tapmaly-da, şonuň duşuna fonendoskop (diňlemek üçin esbap) goýmaly.

5) Manžetiň turbajygyny armyt şekilli elastiki topjagaz bilen birleşdirmeli, onuň wintilini ýapmaly.

6) Topjagazy gysyp manžeti ýellemeli. Dükgüldi sesler ýitenden soň, ýene-de 20 – - 30 mm simap sütünini galdyrandan soň, ýellemegi bes etmeli.

7) Topjagazyň wintini ýuwaşja açyp, ýel çykaryp başlamaly (simap sütüni peselip başlaýar).

8) Simap sütüni haýsy sanyň duşuna ýetende dükgüldi sesiň (tonuň) peýda bolandygyny bellemeli. Bu sistoliki gan basyşynyň derejesi.

9) Diňlemegi dowam etmeli we simap sütüni haýsy sanyň duşuna ýetende dükgüldi sesleriň ýitendigini bellemeli. Bu diastoliki (minimal) gan basyş.

10) Arterial gan basyş drob görnüşinde meselem: 110/70 mm.sm.st. bellenilýär ýa-da endamyň gyzgyny ölçeg kagyzda inedördül sütün görnüşinde bellenilýär. Sütüniň ýokarysy sistoliki basyş, aşagy diastoliki basyş diýip okamaly.

11) Arterial gan basyşynyň ýokarlanmagyna ***gipertoniýa*** diýilýär. Arterial gan basyş 110/70–den 140/90 mm.sm.st. aralygynda

bolup, ol adamyň ýaşyna, emosional ýagdaýyna bagly bolýandygyny ýadyňyzdan çykarmaň!

**Surat 21. Pulsy sanamak (a) we arterial gan basyşy (b) ölçemek.**




## 11.4. Ýürek agyryda berilmeli gaýragoýulmasyz kömek

Bu alamat kähalatlarda ýüregiň agyr keselleriniň (stenokardiýanyň, miokardyň infarktynyň) alamaty bolup, koronar arteriýalarynyň (ýüregiň miokardyny gan bilen üpjün edýän arterialaryň) daralmagy ýa-da gysylmagy bilen baglanyşykly bolýar. Kähalatlarda tutgaýly ýürek agyry nerw ulgamynyň ýürege täsiri netijesinde ýüze çykýar (kardionewroz). Şepagat uýalary şol agyrylary tapawutlandyryp,

näsaga tiz kömek berip bilse, onuň ömri şoňa bagly bolup biler.

1) Ýürek agyry peýda bolanda şepagat uýasy lukmany çagyrmaly.

2) Ol gelýänçe näsaga fiziki we psihiki rahatlyk döretmeli (ýatyrmaly, rahatlandyrmaly).

3) Sormaga diliniň aşagyna walidolyň ýa-da nitrogliseriniň gerdejigini goýmaly. Eger bu dermanlar ergin görnüşinde bolsa, onuň 5 damjasyny ganda damdyryp sormaga bermek bolar. Hat-da olaryň damjalaryny diliň aşagyna ýa-da üstüne-de damdyrmak bolar.

4) Nitrogliserin ýa-da walidol ýok bolsa korwalol, walokordin 20–30 damja içmäge bermeli.

5) Ýüregiň töweregine gyzdyrgyç goýmaly.

6) Eger agyry aýrylmasa narkotiki analgetikleri (morfin, promedol) taýýarlamaly we lukmanyň görkezmesi boýunça olary sançmaly.

Käbir näsaglarda nitrogliserin sorandan soň kelleagyry, belli damarlaryň güýçli pulsasiýasy peýda bolýar. Bu alamatlaryň peýda bolmagy nitrogliseriniň ulanyp bolmaýandygyny aňlatmaýar!

**Şepagat uýasynyň has üns bermeli ýagdaýy.** Koronar arteriýalarynyň daralmagy ýa-da gysylmagy netijesinde ýüze çykýan agyrynyň häsiýetleri:

1) Agyry tutgaýly bolýar.

2) Agyry ýüregiň töwereginde ýa-da döş süňküniň arkasyndan başlanyp çep ele, çep pilçä, çep egne, boýnyň çep tarapyna ýaýraýar.

3) Agyry belli bir sebäplere görä (gyssanmaç çalt ýörände, basgançakdan ýokary galanda ýa-da gije ukuda wagty) peýda bolýar.

4) Stenokordiýada agyry bir näçe sekuntdan 30 minuda çenli dowam edip, walidol, nitrogliserin soranda aýrylýar.

5) Miokardyň infarktynda agyry çydamsyz güýçli bolup, ol 2 sagatdan-da köp dowam edýär. Walidol, nitrogliserin agyryny aýyrmaýar.

## 11.5. Ýürek astmasy we onda berilmeli gaýragoýulmasyz kömek

Ýürek astmasy – bu ýüregiň ýiti haldan gaçmagy zerarly

ýüze çykýan howply alamatdyr. Ýürek astmasynda güýçli tutgaýly demgysma başlanyp näsag 1 minutda 30-40 gezege çenli dem alýar. Eger öýkeniň suwly çişmesi başlanaýsa, demgysmasy hem güýçlenýär, näsag hykyrdyly dem alyp başlaýar, agzyndan gyzylymtyl köpürjikli gakylyk peýda bolýar, näsag gögerýär. Şeýle ýagdaýda berilmeli kömek:

1) Tizden-tiz lukmany çagyrmaly.

2) Näsagy dikläp oňaýly ýagdaýda ýatyrmaly.

3) Oksigenoterapiýa başlamaly, ýagny burun kateterlary arkaly kislorod berip başlamaly. Eger näsag hyrryldap dem alýan bolsa, onda Bobrowyň enjamyna 96%-li spirt guýup, şonuň içinden kislorody geçirip dem aldyrmaly (spirt dem alyş ýollarynda emele gelen köpükleri ýoklaýar). Ilki 1 minutda 2–3 litr, soňra 6–7 litre çenli kislorod bermek bolar.

4) Näsagyň arterial gan basyşyny ölçemeli. Eger sistoliki gan basyş 100 mm-den pes bolmasa nitrogliserin bermeli.

5) Näsagy dikläp oturdyp 5–10 minut geçen soň, onuň iki aýagyny we bir elini elastiki bogar bilen daňmaly. Her 15–20 minut geçen soň bir bogary aýyryp beýleki bogulmadyk eli ýa-da aýagy bogmaly. Bogarlar aýrylanda nobatlaýyn 5-10 minutdan birini aýyrmaly. Bogulanda diňe wena damary gysylar ýaly bogmaly.

6) Lukmanyň görkezmesi we gatnaşmagy bilen 300 – 400 ml-e çenli gan akdyrmak bolar ýa-da wena damaryndan 4–6 ml-e çenli diuretik goýbermek bolar.

7) Eger ýürek astmasynyň sebäbi gipertoniýa bolsa, onda lukmanyň görkezmesi boýunça gipotenziw serişdeler ulanmaly.

8) Näsagy «tiz kömek» maşynynda hassahana ugratmaly. Şonda näsagyň başujy biraz ýokary bolmaly.

### 11.6. Miokardyň infarktynda gaýragoýulmasyz kömek bermek we gözegçilik etmek

Miokardyň infarkty bu miokardyň belli bir ojagynyň çüýremegi (nekrozy). Ol koronar arteriýalarynyň bir şahasynyň doly dykylmagy

ýa-da güýçli daralmagy netijesinde döreýär, ýagny ýüregiň etiniň belli bir ojagyna gan barmaýanlygy üçin şol ojak çüýreýär.

Miokardyň infarktynda näsagyň ýüreginiň töwereginde ýa-da döş süňküniň (kükregiň) arka tarapynda örän güýçli çydamsyz agyry peýda bolup, ol iki sagatdan-da uzaga çekýär, walidol, nitrogliserin agyryny aýyrmaýar. Agyry gysylan ýaly ýa-da köýgi häsiýetde bolýar.

Tutgaý döwründe näsag özüni birahat alyp barýar, sowuk der basýar, el-aýagy sowap dodaklary gögerýär. Pulsy çaltlaşyp örän gowşak duýulýar. Gan basyşy peselýär. Şeýle ýagdaýda:

1) Lukmany çagyrmaly.
2) Fiziki, psihiki rahatlyk döretmeli.
3) Walidol, nitrogliserin sormaga bermeli.
4) Pulsyny sanamaly.
5) Gan basyşyny ölçemeli.
6) Howa ýetmeýän bolsa kislorod bermeli.
7) Lukmanyň görkezmesi boýunça narkotiki analgetikleri sançmaly.
8) Ýöriteleşdirilen “tiz kömek“ maşynynda hassahananyň reanimasiýa ýa-da kardiologiýa bölümine ýerleşdirmeli (näsagy ýöretmeli däl).

Hassahananyň kabul ediş bölüminde näsaga doly däl sanitar arassaçylyk işlerini geçirip, öz içki eşiklerinde gerekli bölüme ýollamaly. Eger içki eşikleri örän hapa bolsa, onda näsaga köp azar bermän ony çalyşmak bolar. Bölümde bu näsaglara aýratyn şepagat uýasynyň gözegçiligini döretmeli. Ol näsagyň pulsuna, arterial gan basyşyna, uly, kiçi täretlerine gözegçilik etmeli, ony iýdirip-içirmeli, ýatyr ýaralaryň emele gelmeginiň öňüni almaly, lukmanyň belliklerini öz wagtynda ýerine ýetirmeli, näsagyň düzgüni saklaýşyna gözegçilik etmeli (infarktly näsag 2–3 hepdäniň dowamynda hökmany düşek düzgüninde bolmaly, ol düşekde-de işjeň hereketler etmeli däl). Uly-kiçi täretleri üçin sudnony düşekde bermeli. Lukmanyň görkezmesi boýunça arassalaýjy klizma etmeli.

## 11.7. Gipertoniýa krizinde gaýragoýulmasyz kömek

Gipertoniýa krizi - bu gipertoniýa keselli näsaglaryň arterial gan basyşynyň örän ýokary derejä galmagy.

Gipertoniýa krizinde näsagyň kellesi güýçli agyrýar, ylaýta-da ýeňsesinde pulsirleýän agyryny duýýar, ýüregi bulaşyp gaýtarýar, başy aýlanyp ýykylmagy mümkin. Gözüniň öňüne tor tutulan ýaly, gulagy gapylan ýaly bolýar. Şeýle ýagdaýda:

1) Lukmany çagyrmaly.

2) Näsagyň başujuny dikläp ýatyrmaly, rahatlandyrmaly.

3) Gan basyşyny ölçemeli.

4) Arassa howa geler ýaly ýagdaý döretmeli ýa-da kislorod bermeli.

5) Maňlaýyna sowuk, ýeňsesine we injik etlerine gyzdyrgyç, aýaklaryna ýyladyjy haltajyk goýmaly.

6) Gipotenziw serişdeleri taýýarlamaly we lukmanyň gözegçiliginde sançmaly. Kähalatlarda gan akdyrmak hem bolar.

## 11.8. Damarlaryň ýiti funksional ýetmezçiligi

Damarlaryň ýiti funksional ýetmezçiligine bihuşlyk, kollaps, şok degişli.

**Bihuşlyk** – damarlaryň ýiti funksional ýetmezçiliginiň ýeňil görnüşi bolup, ol kelle beýnisine ýiti gan ýetmezçiligi zerarly ýüze çykýar. Bihuşlyk adam bir zatdan gorkanda, tolgunanda (meselem, ekzamenleriň öňisyrasy), ýürek-damar kesellerinde, köp wagtlap aýak üstünde dik duranda, köp wagtlap dymyk jaýlarda bolanda (ýygnakda, hammamda, awtobusda), gün şöhlesiniň täsirinden, gorizontal ýagdaýdan bada-bat dik ýagdaýa geçende, ýatyp birden turanda we ş.m. ýagdaýlarda ýüze çykyp biler.

Onuň alamatlary: näsag ýiti ysgynsyzlyk duýýar, başy aýlanyp, gözüniň öňi garaňkyraýar, beýni damarlarynyň güýçli pulsasiýasyny duýýar, ýüregi bulaşýar, gaýtarmagy mümkin, huşuny ýitirýär. Reňki aksowult bolýar, dodaklary agarýar. El-aýaklary sowuk, pulsy, dem alşy seýreklenýär, gan basyşynyň peselmegi-de mümkin. Gözüniň

göreçleri daralýar. Bihuşlyk birnäçe sekuntdan 5 minuda çenli dowam edýär.

***Şeýle ýagdaýda tiz kömek bermeli:***

1) Näsagy arassa howa çykaryp, ýassyksyz kellesini aýaklaryna seredende pesräk edip ýatyrmaly.

2) Gysýan eşiklerini çykarmaly ýa-da gowşatmaly.

3) Arassa howa geler ýaly ýagdaý döretmeli (ýelpemeli).

4) Ýüzüne sowuk suw sepmeli.

5) Naşatyr spirtini ysgatmaly. Pagtany naşatyr spirtine ölläp, burnunyň ýakynyndan eýläk-beýläk geçirmeli, ony çekgesine sürtmek hem bolar (naşatyr spirtiniň ýerine başga ysly zatlar: duhi, atyr ulanmak bolar).

6) Eger bular kömek etmese, onda kordiamin, kofein sançmaly.

**Kollaps –** bu damarlaryň ýiti funksional ýetmezçiliginiň agyrrak görnüşi. Onda arterial damarlaryň tonusy peselip ýa-da damarda ganyň mukdary azalyp, arterial gan basyş hem peselýär. Kollaps köp mukdarda ganyny, suwuny ýitiren adamlarda (gan akmalarda, köp gaýtarandan ýa-da içgeçmeden soň), ýürek-damar kesellerinde, gyzgyn krizis görnüşinde peselende, boşluklardan suwuklyk akdyranda (garyn, plewral boşluklaryndan), gipotenziw serişdeler ulanylanda ýüze çykyp biler.

Onuň alamatlary: näsagyň reňki birden agarýar, sowuk der bilen örtülýär, el-aýaklary sowaýar, dodaklary, barmaklarynyň uçlary gögerýär, agzy guraýar. Näsag huşunda bolsa-da daş-töweregine biperwaý garaýar, soraglara-da jogap berip bilmeýär

ýa-da kynlyk bilen jogap berýär. Pulsy çalt we örän gowşak (inçe ýüplük ýaly) duýulýar. Gan basyşy örän pes. Dem alyşy çalt we ýüzleý.

***Şeýle ýagdaýda tiz kömek bermeli:***

1) Lukmany çagyrmaly.

2) Onuň görkezmesi boýunça gan basyşyny ýokarlandyrar ýaly

işleri geçirmeli.

3) Gerek bolsa gan akmany saklamaly, boşluklardan suwuklyk akdyrmany togtatmaly.

4) Deri astyna kordiamin 2,0, ýa-da kofein 10% - 1,0, ýa-da adrenalin 0,1% - 1,0 ýa-da mezaton 1% -li 1,0 ml sançmaly.

5) Wena damaryndan 150 – 200 ml gan ýa-da 150 – 200 ml 5%-li glýukozanyň erginini ýa-da izotonik ergini damja görnüşinde goýbermeli. Şol erginlere 1,0 ml noradrenalin hem goşmak bolar.

6) Gan basyşy kadalaşandan soň ony şol derejede saklamak üçin deri asty 5%-li 1,0 ml efedrin sançmaly.

7) Kislorod bermeli, aýaklaryna, ellerine ýyladyjy haltajyk goýmaly, çaý, kofe içirmeli.

Kollapsdan çykýança näsagy ugratmak bolmaýar.

**Şok** – bu damarlaryň ýiti funksional ýetmezçiliginiň iň agyr görnüşidir, onda ähli ulgamlaryň ýaşaýjylyk ukyby peselýär. Şok köp mukdarda gan akmalar, ýiti we güýçli agyrylar zerarly ýüze çykýar (ýananda, döwüklerde, içki ulgamlaryň şikeslerinde, miokardyň infarktynda).

Allergenleriň täsirinden ýüze çykýan şoka ***anafilaktiki şok*** diýilýär (ol barada öňki bapda ýazylan).

Şok öz toparyndan bolmadyk gan guýlanda-da ýüze çykyp biler.

Şikeslenme şokuň alamatlary: näsagyň reňki agarýar, sowuk der bilen örtülýär, usurgan ýaly bir nokada seredip ýatýar, göreçleri giňelip, şöhlä reagirlemeýär, agyryny duýujylygy peselýär. Pulsy örän gowşak, inçe ýüplük ýaly duýulýar. Arterial gan basyşy örän peselýär. Dem alşy çalt we ýüzleý.

***Şokda berilmeli gaýragoýulmasyz kömek:***

1) Eger gan akýan bolsa, ony saklamak üçin bogar bilen daňmaly, wena damaryndan 10% - li hlorid kalsiniň ergininiň 10,0-ni glýukozanyň 40% - li ergininiň 20,0-ni, 5% - li askorbin kislotasynyň 5,0-ni goşup goýbermeli, gan guýmaly. Et aralygyna 1%-li – 1,0 wikasol sançmaly.

2) Eger şok güýçli agyry zerarly ýüze çykan bolsa narkotiki analgetiklerden morfin 1%- li 1,0, promedol 1% - li 1,0 we ş.m.

sançmaly.

3) Wena damaryndan damja görnüşinde 5%-li glýukoza, izotonik erginleri goýbermeli.

4) Gerek bolsa emeli dem bermeli, ýüregini daşyndan owkalamaly.

5) Ýyly çaý, kofe bermeli. El-aýaklaryna ýyladyjy haltajyk goýmaly.

Näsagyň ömrüniň öz wagtynda berlen gaýragoýulmasyz kömege baglydygyny ýatdan çykarmaň!

## *BAP XII*

### 12.1. Dem alyş ulgamynyň keselleriniň esasy alamatlary

Dem alyş ulgamyna burun, bokurdak, traheýa, bronhlar we öýken degişli. Öýken jübüt syna bolup, döş kapasasynda ýerleşen. Sag öýken 3 bölekden, çep öýken 2 bölekden ybarat. Ýokarky dem alyş ulgamlarynda (burun, bokurdak, traheýa) dem alýan howamyz arassalanýar, ýyladylýar we çyglandyrylýar.

Dem alyş ulgamlarynyň esasy funksiýasy ulgamlary we dokumalary kislorod bilen üpjün edip, kömürturşy gazyny bölüp çykarmakdyr. Dem alyş 2 fazadan durýar: 1) Dem almak. 2) Dem çykarmak. Dem alnanda atmosfera howasy arassalanyp, ýylap, çyglandyrylyp öýkene barýar. Ol ýerde gaz çalşygy geçýär, ýagny alweolalardan kislorod gana geçýär, gandaky kömürturşy gazy alweolalara geçip, dem çykarylanda daşary goýberilýär.

Dem alyş nerw ulgamy tarapyndan sazlanýar.

1) Döş kapasasynda agyry, köplenç, öýkeniň daşyny örtýän plewral gatlagynyň sowuklama keselinde ýüze çykýar. Ýöne bu alamat öýkeniň we bronhlaryň kesellerinde-de döräp biler.

2) Demgysma – ýagny howa ýetmezçiligini duýmak, şol sebäpli dem alyşyň yzygiderliligi, tizligi we güýji üýtgeýär. Demgysmanyň

birnäçe görnüşi bar:

a) Ekspirator görnüşli demgysma – dem çykarmasy kynlaşýar.

b) Inspirator görnüşli demgysma – dem almagyň kynlaşmagy.

c) Gatyşyk görnüşli demgysma – dem almasy we dem çykarmasy kynlaşýar.

1) Üsgülewük – bu reflektor hereket bolup, dem alyş ýollaryndan del zatlary, gakylygy daşary çykarmaklyga gönükdirilendir. Bu alamat öýkeniň, bronhlaryň we beýleki dem alyş ulgamlarynyň dürli kesellerinde ýüze çykýar. Üsgülewük gurak we gakylykly bolup biler.

Gakylyk – bu dem alyş ýollaryndan, ulgamlaryndan bölünip çykýan patologik suwuklyk. Häsiýeti boýunça tüýkülik görnüşli (sülekeý görnüşli), serozly (suw ýaly), iriňli, ganjymak we garyşyk gakylyklar bolup biler. Gakylygyň mukdary bir gije-gündizde 2–3 ml-den 0,5 – 1 litre çenli ýetip biler. Öýkeniň käbir kesellerinde gakylyk erbet özboluşly ysly bolmagy mümkin.

Ganly üsgülewük – dem alyş ulgamlarynyň howply alamatlarynyň biri hasaplanylýar. Ol öýkeniň ýa-da dem alyş ýollarynyň damarynyň bitewüliginiň bozulmagy netijesinde peýda bolýar. Ganly üsgülewük birnäçe ml-den, ölüm howpuny salýan gan akmasyna çenli ýetip biler.

2) Näsagyň reňkiniň üýtgemegi – dem alyş ulgamlarynyň kesellerinde kislorod bilen üpjünçiliginiň peselmegi, ganyň düzüminde kömürturşy gazyň köpelmegi netijesinde olarda sianoz-gögerme ýüze çykýar (dodaklarynda, dodak-burun üçburçlygynda, ýüzünde). Ýöne öýkeniň käbir kesellerinde zäherlenme we anemiýa bilen baglanyşyklykda reňkiniň agarmagyda (aksowult) mümkin, meselem, öýkeniň absesinde.

## 12.2. Dem alyş ulgamlarynyň kesellerinde näsaga gözegçilik etmek

Dem alyş ulgamlary kesellän näsaglara gözegçilik etmegiň düzgünleri:

1) Bu näsaglar giň, arassa, ýagty, gowy ýelejiredilýän otaglarda ýerleşdirilmeli (bolmaly).

2) Şepagat uýasynyň postunda ýeterlik mukdarda kislorodly

ýassyklar ýa-da merkezleşdirilen kislorod üpjünçiligi bolmaly.

3) Eger näsag agyr bolsa ýagyr ýaralaryň emele gelmeginiň öňüni almaly.

4) Lukmanyň görkezmelerini öz wagtynda doly berjaý etmeli. Antibiotikler we sulfanilamidler sagatlaýyn ulanylýar.

5) Bu kesellileriň demi gysýanlygy üçin olaryň krowadynyň başujy ýokary galdyrylan bolmaly.

6) Bronhial astmasynyň tutgaýy döwründe ýerlikli tiz kömek etmegi başarmaly.

7) Öýkenden gan akma başlananda gözegçilik etmegi we kömek etmegi başarmaly.

8) Üsgürýän näsaglaryň bokurdagyna ýapgy, döş kapasasyna gyzdyrgyç, banka goýmaly, aşgar guýulan gaýnag suwuň bugundan dem aldyrmaly, aýagyna ýyly goýmaly (ýyly wanna, ýyladyjy haltajyk), içmäge gyzgyn çaý, aşgar goşulan süýt bermeli.

9) Eger üsgürende gakylyk bölünip çykýan bolsa, tüýkürer ýaly gap bermeli, gakylygyň ysyny azaltmak üçin onuň üstüne kaliý permanganatynyň erginini ýa-da wodorodyň perekisini guýmak bolar. Öýkeniň iriňli kesellerinde drenaž ýagdaýyny döretmeli, ýagny iriň gowy akar ýaly näsagy iriň ojagynyň ýerleşen tarapynyň garşysyna ýatyrmaly. Gakylygy barlamhana barlaglaryna almagy başarmaly.

10) Gyzdyrýan näsaga gyzdyrmanyň döwrüne laýyk gözegçilik etmeli (öňki bapda ýazylan).

11) Kislorod bermeli.

12) Dem alşyna, pulsuna, gan basyşyna gözegçilik etmeli.

## 12.3. Näsagyň dem alşyny sanamak

Näsag özüniň dem alşynyň sanalýandygyny duýmaly däl, şonuň üçin bir eliň bilen näsagyň pulsuny sanan ýaly bolup, onuň ünsüni sowmaly. Beýleki eliňi näsagyň garnyna (döş kapasasynyň aşak bölegine) goýmaly, dem alanda garyn ýokary galýar, dem çykaranda ol aşak gaçýar. Bir minudyň dowamynda ýa-da garnyň ýokary galanyny ýa-da adamyň ýaşyna, bedeniniň gyzgynyna, nerw ulgamyna baglylykda dem alşyň tizligi (sany) üýtgäp biler.

## 12.4. Gakylygy tüýkürmek üçin gap

Üsgürende gakylyk bölüp çykarýan näsag ony duş gelen ýere tüýkürmeli däl. Olary gakylyk tüýkürmek üçin ýörite çüýşe gap bilen üpjün etmeli. Köplenç, tutuk reňkli, towlanyp ýapylýan gapakly gap ulanylýar. Eger ol ýok bolsa adaty bankanyň daşyna kagyz orap, gapak bilen ýapyp ulanmak bolar. Şepagat uýalary tüýkürmek üçin gaplaryň arassaçylygyna gözegçilik etmeli, ýagny ol gaplary:

1) Ýyly suwda sabynlap ýuwmaly.

2) 20–30 minudyň dowamynda gidrokarbonat natriniň 2%- li ergininde gaýnatmaly.

3) Gabyň düýbüne 5%-li karbol kislotasy, ýa-da 2%-li kaliniň perman-ganatyny ýa-da 3%-li hloramin erginini guýmaly.

4) Gakylyklaryň üstüne hloramin ýa-da hlor hekiniň erginini guýup, 2 sagatlap goýmaly. Şondan soň lagym ulgamyna dökmek bolar.

5) Inçekesel bilen kesellän näsagyň gakylygyny agaç garyndysy ýa-da torf bilen garyp, ýörite peçlerde ýakmaly.

## 12.5. Demgysmaly näsaga berilmeli tiz kömek

1) Tizden – tiz lukmany çagyrmaly.

2) Näsagyň kelle tarapyny ýokarrak (dikläp) oturtmaly, näsagyň kellesiniň aşagyna birnäçe ýassyk goýmaly ýa-da krowadyň başujuny galdyrmaly.

3) Gysýan eşiklerini çykarmaly ýa-da gowşatmaly.

4) Aýnalary, gapyny açyp arassa howa geler ýaly şert döretmeli.

5) Näsaga çyglandyrylan kislorod bermeli.

Kislorod bilen bejermeklige ***oksigenoterapiýa*** diýilýär. Oksigenoterapiýa gan aýlanyş we dem alyş ulgamlarynyň

näsazlygynda hassahanalarda ulanylýar. Ol bedende kislorodyň ýetmezçiliginiň öňüni alýar. Kislorody birnäçe usul bilen bejermek üçin ulanmak bolýar.

***Kislorod bermegiň usuly:***

1) Kislorody kislorod ýassygynyň kömegi bilen bermek (*23-nji a surat*).

Ýassygyň elastiki turbasynyň ujuna jürdek oturdyp, ony spirtli pagta bilen süpürip zyýansyzlandyrmalyda öllenen hasa oramaly. Turba bilen jürdegiň aralygyndaky winti açyp, näsaga kislorod bermeli. Ýassygyň kislorody azalanda ony düýrüp kislorodyň basyşyny ýokarlandyrmaly. Bu usulyň kemçiligi kislorodyň möçberini takyk anyklap bolmaýar.

2) Näsaga Bobrowyň enjamynyň kömegi bilen kislorody bermek (*23-nji ç surat).*

Gurak kislorod dem alyş ýollaryny guradyp gyjyndyrýar hat-da ýakmagyda mümkin. Şonuň üçin kislorody dem alyş ýollaryna Bobrowyň enjamynyň kömegi bilen bermek örän amatly usul hasaplanylýar. Şonuň ýaly-da çyglandyrylan kislorod alweolalardan gana çalt geçýär.

Ony ulanmagyň usuly: Bobrowyň enjamynyň ýarysyna çenli suw salmaly. Onuň uzyn turbajygyny (suw çümüp duran turbajygyny) kislorod ballonyna reduktoryň üsti bilen çatmaly (reduktor kislorod ballonynyň basyşyny peseldýän abzal). Enjamyň gysga turbasyny burun kateterlerine çatyp näsaga kislorod bermeli.

3) Kislorody köpürjük görnüşinde ulanmak. Bobrowyň enjamynyň içine ýumurtganyň agy garylan miwe şiresini guýmaly. Uzyn turbajygyň ujuna torjagaz (süzgüç) oturtmaly-da, kislorod ballonyna çatmaly. Kislorod süzgüç arkaly geçip, basyş bilen miwe şiresinden geçende köpük emele gelýär-de gysga turbadan çykyp başlaýar. Bölünip çykýan köpügi käsä toplap näsaga iýmäge bermeli.

4) Uly hassahanalarda kislorod otaglaryny döredip, demgysmaly näsaglary şol otaglarda ýerleşdirýärler. Otaglarda kislorod merkezleşdirilen görnüşde çyglandyrylyp berilýär. Otagdaky kömürturşy gazyny sorup alýan ýörite enjam hem bolmaly. Şonuň ýaly-da uly hassahanalarda oksigenoterapiýa barokameralarda hem

geçirilýär.

5) Seýrek halatlarda kislorody deriniň aşagyna, garyn boşlugyna, plewral boşlugyna-da goýberýärler.

**Ýatda saklaň!**

1) Kislorodly ballonlary näsagyň ýatan otagynda saklamaly däl.

2) Olary amortizatorly arabajyklarda daşamaly (urgydan seresap bolmaly).

3) Otlyçöp, ýagly derman serişdelerini olara ýakynlaşdyrmaly däl.

4) Kislorod ballonlary saklanýan otagyň gyzgyny $35^0$C-den ýokary bolmaly däl.

**Surat 23. Kislorod bermegiň usullary.**



a)Kislorod ýassygynyň kömegi bilen ,



b) “Agyzdan agza ” ýada “agyzdan burna ” usul boýunça,



ç) Bobrowyň enjamynyň kömegi bilen.

## 12.6. Döş kapasasynda agyry bolan näsaglara gözegçilik etmek

Şepagat uýasy döş kapasasynda agyry bolan näsagyň agyrysyny kemeltmek üçin ony oňaýly ýatyrmaly ýa-da oturtmaly. Döş kapasasyna gyzdyrgyç, banka goýmak bolar ýa-da ýoduň 5%-li spirtli ergini sürtmeli. Döş kapasasy çekip daňylanda-da agyry peselýär. Eger bu emeller kömek etmese onda lukmana duýdurmaly we onuň görkezmesi boýunça analgetikleri ulanmak bolar (analgin, aspirin we ş.m.).

## 12.7. Ganly üsgülewükde, öýken gan akmasynda gözegçilik etmek

Bu alamat örän howply bolup, näsaga ölüm howpuny salmagy mümkin.

Öýkenden gan üsgülewük bilen utgaşykly gelýär. Ol gan al-gyzyl reňkli, köpürjikli we aşgar täsirli bolmaly.

***Öýken gan akmasynda tiz kömek bermegiň düzgünleri:***

1) Näsagy rahatlandyrmaly, onuň kelle tarapyny dikläp ýatyrmaly ýa-da oturtmaly.

2) Gürlemek, çilim çekmek, gyzgyn nahar iýip-içmek gadagan.

3) Üsgülewügini togtatmak üçin tusupreks, libeksin, kodein içirmeli ýa-da narkotikler sançmaly.

4) Gan akmasyny saklaýjy serişdeler lukmanyň gözegçiliginde ulanylmaly (kalsiniň hloridiniň 10%-li ergininiň 10,0-ni, želatinol şol mukdarda wena damaryndan goýbermeli, wikasol 1%-li 1,0 et aralygyna sançmaly).

5) Eger-de öýkeniň haýsy böleginden gan akýandygy belli bolsa ýa-da gan saklaýan başga-da serişde ýok bolsa, gan akýan tarapa buzly gap goýmak bolar.

6) Iýilýän naharlary, içilýän suwuklyklary sowuk bolmaly.

7) Pulsuna, gan basyşyna gözegçilik etmeli.

8) Gerek bolsa hirurg lukmanyny çagyrmaly (gan akma togtamasa).

## 12.8. Bronhial astmasynyň tutgaýynda berilmeli tiz kömek

Bada-bat ýüze çykýan güýçli tutgaýly demgysma ***astma*** diýilýär. Şeýle ýagdaý bronhlaryň daralmagy, gysylmagy netijesinde ýüze çykýan bolsa oňa **bronhial astmasy** diýilýär. Şeýle ýagdaý näsaga tizden-tiz kömek bermekligi talap edýär.

***Bronhial astmanyň tutgaýynda ýerine ýetirilmeli işler:***

1) Tizden-tiz lukmany çagyrmaly.

2) Gysýan eşiklerini çykarmaly ýa-da gowşatmaly.

3) Näsagyň başujuny dikläp ýatyrmaly ýa-da oturtmaly.

4) Aýnalary, gapyny açyp arassa howanyň gelmegini gazanmaly.

5) Lukmanyň görkezmesi boýunça bronhlaryň spazmyny aýyrýa serişdeleri ulanmaly (eufillin, aminofillin we ş.m.).

6) Kislorod ingalýasiýasyna başlamaly.

7) Döş kapasasyna gyzdyrgyçly orama, aýaklaryna gyzgyn suwly wanna etmeli.

8) Jübüde göterilýän ingalýatorlardan peýdalanmaly (*25-nji surat*). Şepagat uýasy näsaga jübüde göterilýän ingalýatory ulanmagyň usulyny öwretmeli.

a) Ingalýator ballonjygyň gapagyny aýyrmaly-da, onuň düýbüni ýokary öwürmeli.

b) Ingalýatory silkmeli.

ç) Näsag demini çykarmaly.

d) Ingalýatoryň gapakly ujyny näsag dodaklarynyň arasynda gysmaly.

a) Ingalýatoryň düýbüne gaty basyp ulydan dem

almaly-da birnäçe sekunt saklamaly. Şonda aerozolyň ýeterlik dozasy bölünip çykýar.

ž) Ingalýatory aýyryp gapagyny ýapmaly.

**Ýatda saklaň!**

Bir günde ingalýatory näçe gezek ulanmalydygyna lukman görkezme berýär.

Surat 24. Emeli dem bermek.





Surat 25. Jubi ingalýatory ulanmak.



Surat 26. Kislorody çyglandyryp bermek.

## 12.9. Gakylygy barlaghana barlaglary üçin almagyň usuly

Gakylygy barlaghana barlaglaryna umumy derňew, gije-gündizki mukdaryny barlamak, atipiki öýjükleriň, inçekesel taýajyklarynyň bardygyny we gakylygyň düzümindäki mikroblaryň antibiotiklere duýgurlygyny anyklamak üçin toplaýarlar.

Gakylygyň umumy derňewi üçin ertir ir bilen bölünip çykan 2 – 3 ml mukdardaky gakylygy arassa çüýşe gaba almak ýeterlikdir. Alnan gakylyga ýollanma hatyny ýazyp barlaghana ibermeli.

Bir gije-gündizde bölünip çykýan gakylygy barlamak üçin, näsaga gapakly arassa çüýşe gap bermeli we ertir sagat 7 – 8-den , ertesi ertir sagat 7 – 8 çenli bölünip çykýan gakylygy şol gaba toplamagyny haýyş etmeli. Degişli ýollanma ýazyp barlaghana ibermeli.

Gakylykda inçekesel taýajyklarynyň bardygyny anyklamak üçin, onuň 2–3 ml-ni agzy giň arassa çüýşe gaba toplamaly, eger şol mukdardaky gakylykda inçekesel taýajyklary tapylmasa, onda bu derňew üçin hem bir gije-gündiziň dowamynda bölünip çykýan gakylygy arassa towlanyp ýapylýan gapakly çüýşe gaba toplamaly.

Gakylykda atipiki öýjükleriň (rak keseliniň öýjükleriniň) bardygyny anyklamaga ony edil umumy derňew üçin alnandaky ýaly toplamaly, ýöne ony barlaghana degişli ýollanma ýazyp, basymjak ýetirmeli. Sebäbi gakylyk köp saklansa, ol öýjükleriň dargamagy mümkin.

Gakylygyň düzümindäki mikroblaryň antibiotikleriň haýsysyna duýgurlygyny anyklamak üçin, gakylygy almazdan öň näsag dişlerini ýuwup arassalamaly, agzyny ýokançsyzlandyryjy ergin bilen çaýkamaly (permanganat kaliniň ýa-da gidrokarbonat natriniň ergini bilen). Bakteriologik barlaghanadan getirilen zyýansyzlandyrylan Petriniň çanajygyny taýýarlamaly. Näsaga üsgürip gakylyk goparmagyny haýyş etmeli. Gakylygy gopandan soň Petriniň çanajygynyň gapagyny açyp şoňa tüýkürmeli-de gapagy çalt gaplamaly. Ýollanma ýazyp bakteriologik barlaghana ibermeli.

## *BAP XIII*

### 13.1. Iýmit siňdiriş ulgamynyň kesellerinde näsaglara gözegçilik etmek

Iýmit siňdiriş ulgamyna agyz boşlygy, damak, gyzylödek, aşgazan, on iki barmak içege we inçe içegäniň beýleki bölümleri hem-de ýogyn içegeler degişli. Bu synalar iýilen iýmitleri mehaniki, himiki taýdan özleşdirip, gana siňdirmek we galyndylary bölüp çykarmak üçin hyzmat edýärler.

Iýmit siňdiriş ulgamynyň kesellerinde şu aşakdaky alamatlar ýüze çykyp biler:

1) Işdäniň ýitmegi. Bu ulgamlaryň kesellerinde näsagyň işdäsi peselip-de biler ýokarlanyp hem biler. Işdäniň peselmegi ýa-da näsagyň işdäden doly kesilmegi aşgazan şiresiniň sekresiýasynyň peselmegi bilen geçýän dowamly gastritde, ýiti gastritde we aşgazanyň howply çiş keselinde köp duş gelýär. Aşgazan şiresiniň sekresiýasynyň ýokarlanmagy bilen geçýän dowamly gastritde we aşgazanyň hem-de on iki barmak içegäniň ýara keselinde bolsa näsagyň işdäsi ýokarlanyp biler.

2) Sarygaýnama – döş süňküniň arka tarapynda, ýagny gyzylödegiň aşaky bölüminde köýgi duýgusynyň peýda bolmagy. Turşy aşgazan şiresiniň gyzylödege geçmegi netijesinde peýda bolýar. Bu alamat peýda bolanda näsaga käşir iýmek, süýt içmek, mineral

suwlary içmek maslahat berilýär.

3) Synçgylawuk – bu reflektor hereket bolup, diafragmanyň güýçli ýygrylmagy zerarly ýüze çykýar. Hynçgylawygyň sebäbi gyssanmaç iýmitlenmek, gurak iýmitlenmek we diafragmal nerwiň gyjynmagy bolup biler. Kähalatlarda hynçgylawugy galdyrmak üçin suw içirmek ýeterlikdir.

4) Gägirmek – gazlaryň ýa-da iýmitiň agyz boşlugyndan sesli bölünip çykmagy. Ol aşgazanyň iýmit bilen dolmagy netijesinde ýa-da aşgazanda iýmitiň turşamagy zerarly gazlaryň emele gelmegi netijesinde peýda bolýar.

5) Ýürek bulaşma – bu erbet duýgy köplenç aşgazanyň kesellerinde peýda bolup, gaýtarmagyň öňisyrasy duýulýar. Ýürek bulaşma beýleki ulgamlaryň kesellerinde-de ýüze çykyp biler. Näsaga sowujak suw berlende ýa-da buz sormaga berlende ýürek bulaşma aýrylýar. Şonuň ýaly-da ol näsaglara narpyzly süýjidir, narpyzly damja ýa-da nowokainiň erginini bermek bolar.

6) Gaýtarma – aşgazanyň boşlugyndaky iýmitleriň agyz boşlugyndan yzyna bölünip çykmagy. Ol köplenç, aşgazanyň, beýleki iýmit siňdiriş ulgamlaryň keselleri bilen baglanyşykly bolup biler.

7) Garyn boşlugynda agyry iýmit siňdiriş ulgamlarynyň keselleri bilen baglanyşyklylykda agyry garyn boşlugynyň dürli ýerlerinde peýda bolup biler. Meselem, aşgazanyň kesellerinde ol epigastriniň töwereginde, inçe içegeleriň kesellerinde göbegiň töwereginde, köriçegede sag ýanbaşynda peýda bolýar. Eger garyn boşlugynda güýçli tutgaýly agyry peýda bolsa lukman barlamazdan ýyladyjy haltajyk we narkotiki analgetikleri ulanmak bolmaýar.

8) Içgeçme – uly täretiň çalt-çaltdan suwuk görnüşinde peýda bolmagy. Köplenç, içegeleriň ýokanç keselleri bilen baglanyşykly bolýandygy üçin, ol näsaglary aýry otaglarda ýerleşdirmeli. Otagy, ulanylýan gap-gaçlary, sudnolary dezinfesirleýji erginler (hloramin ýa-da hlor hekiniň erginleri) bilen zyýansyzlandyrmaly, ýokanç keseller lukmanyna habar bermeli, uly täretini bakteriologik barlaga almaly.

9) Içgatama – uly täretiň seýrek – 48 sagatdan gijä galmagy. Içegeleriň keselleri, nädogry iýmitlenmek bilen baglanyşykly bolup

biler. Içi gataýan näsaglar iýmitini kadalaşdyrmaly (suwuk, kletçatka baý bolan iýmitleri), olara arassalaýjy klizma etmeli.

10) Meteorizm – içegeleriň ýellenmegi. Bu alamat içegeleriň keselleri bilen ýa-da iýmit bilen baglanyşykly bolup biler. Olara gözegçilik edilende iýmitini kadalaşdyrmaly (uglewodlara, kletçatka baý bolan iýmitleri az iýmeli), arassalaýjy klizma, sifon klizma etmeli, gerek bolanda ýel çykaryjy turbajygy ulanmaly.

## 13.2. Iýmitlenmek

Iýmitlenmek – ähli jandarlaryň şol sanda adamyň hem ýaşaýşy üçin örän gerekli zatlaryň biridir. Iýmitlenmek arkaly adam daşky gurşaw bilen aragatnaşyk saklap, ondan ýaşaýyş üçin gerekli maddalary alýar. Iýmitler beloklardan, uglewodlardan, ýaglardan, mineral duzlardan, witaminlerden we ş.m. düzülen. Olar bedene goraýjy, gurluşyk we energetik maddalar hökmünde gerek, ýagny iýmitiň düzümindäki beloklar, ýaglar, uglewodlar bedeni mehaniki, fiziki, biologiki täsirlerden goraýar, olar öýjükleriň düzümine girmek bilen gurluşyk maddalary hökmünde hyzmat edýär, galyberse-de beloklar, ýaglar, uglewodlar bedende okislenip, ýanyp energiýa emele getirýärler.

Meselem, 1,0 belok ýananda 4,3 kilokaloriýa energiýa (kkal), 1,0 ýag ýananda 9,1 kkal, 1,0 uglewod ýananda bolsa 4,1 kkal energiýa emele gelýär. Kilokaloriýa bu 1 kg suwy $1^0$ çenli ýylatmak üçin sarp edilýän energiýa. Uly sagat adam 1 gije-gündizde 3000 – 3100 kkal çenli energiýa sarp edýär, diýmek şol mukdardaky energiýany iýmitleriň üsti bilen kabul etmeli.

Iýmitiň düzüminde beloklar, ýaglar, uglewodlar 1:1:4 gatnaşykda bolmaly, ýagny gije-gündizde adam 80–100 gr belok, 80 – 100 gr ýag we 400 – 500 gr uglewod iýmeli. Ýöne agyr fiziki zähmet çekýän adamlar energiýany köp sarp edýär.

Diýetoterapiýa – bejermek maksady bilen iýmitlenmek (berhiz). Diňe adamyň fiziologik ýaşaýşy üçin gerek bolman, onuň keselini bejermek üçin hem gerekli.

Berhiziň, ýagny diýetoterapiýanyň birnäçe görnüşi bar:

1) Goraýjy berhiz –ol ýa-da beýleki synany (gyzgyn, sowuk), mehaniki (gaty iýmitleriň), himiki (turşularyň, aşgarlaryň) täsirinden goraýar.

2) Düzediji berhiz – iýmitiň düzüminden ol ýa-da beýleki önümleri azaldyp, belogyny, ýagyny ýa-da uglewodyny çalşyp, onuň ýerine başga bir önüm goşmaça goşulýar. Meselem, gant diabetinde näsaga uglewodlaryň, ýaglaryň mukdaryny azaldyp, olaryň ýerine beloklary köpeldip berilýär.

3) Öwezini dolduryjy berhiz (diýeta) – bedende ýetmezçilik edýän önümler goşmaça berilýär.

4) Aç ýöremeli berhiz – aşgazandan gan akma başlananda, ýiti gastritde, semizlikde we ş.m. ýagdaýlarda 12 – 24 sagadyň dowamynda açlyk saklamak bellenilýär.

5) Ýeňilleşdiriji berhiz – hepdede 1 gün näsaga diňe ýeňiljek özleşdirilýän iýmitler berilýär. Meselem, diňe alma 1 – 1,5 kg, diňe peýnir 500 gr, diňe garpyz 1 – 1,5 kg we ş.m.

Bu berhiz semizlikde, bedeninde çiş bolan näsaglarda ulanylýar. Hassahanalarda näsaglaryň kesellerine baglylykda toparlara bölünip, hersine belli bir berhiz bellenilýär.

Meselem, №1 berhiz aşgazanyň ýara keselinde we aşgazan şiresiniň turşulygynyň ýokarlanmagy bilen geçýän dowamly gastritli näsaglara bellenilýär.

№2 berhiz aşgazan şiresiniň turşulygynyň peselmegi bilen geçýän dowamly gastritde.

№3 berhiz iç gatamada.

№4 berhiz iç geçýän näsaglara we içegeleri operasiýa edilen näsaglara.

№5 berhiz bagyr we öt ýollarynyň kesellerinde.

№6 berhiz podagra keselinde.

№7 berhiz böwrek kesellerinde.

№8 berhiz semizlikde.

№9 berhiz gant diabetinde.

№10 berhiz ýürek-damar kesellerinde.

№11 berhiz inçekeselde, anemiýalarda we horlanan näsaglara.

№12 berhiz nerw ulgamynyň kesellerinde.

№13 berhiz ýiti ýokanç kesellerde.

№14 berhiz böwregiň we öt ýollarynyň daş kesellerinde.

№15 umumy berhiz sagalyp barýan näsaglara we ýokarda sanalan toparlara girmeýän näsaglara bellenilýär.

Diýetoterapiýada, ýagny bejermek üçin iýmitlenende, kadaly iýmitlenmegiň düzgünini saklamagyň hem ähmiýeti bar. Bir günde adam 4 gezek iýmitlenmeli: ertirligi kaloriýanyň 25 – 30% -ni, günortanlyk 35 – 40%-ni, öýlänlik 20 – 25%-ni we agşamlyk 10 – 15%-ni almaly. Käbir kesellerde az-azdan, çalt-çalt iýmitlenmek teklip edilýär, ýöne iýmitlenmegiň aralygy 2 sagatdan az bolmaly däl. Hassahanalarda naharlar aşhanalarda taýýarlanyp, bölümlere uly şepagat uýasynyň porsion talapnamasy esasynda goýberilýär.

Bölümlerdäki gündiz nobatda durýan şepagat uýalary öz garamagyndaky näsaglar üçin porsion talapnama ýazyp, sagat 13-den gijä galman uly şepagat uýasyna bermeli. Ol öz gezeginde öz bölümi boýunça talapnama ýazyp, aşhana tabşyrýar. Şolaryň esasynda nahar taýýarlanyp, bölümlere bölünýär. Aşhanadan naharlar bölümlere daşalanda olaryň daş görnüşiniň, hiliniň üýtgemezligi üçin çalyşmaly.

Bölümlerde şepagat uýasy nahary dadyp görüp, soňra näsaglara paýlamaga rugsat bermeli, gyzgyn naharlar $60^0$, sowuk naharlar $10^0$ bolmaly. Nobatçy şepagat uýasy öz garamagyndaky näsaglaryň degişli berhizini alýandygyna gözegçilik etmeli, düşekdäki näsaglary otaglarda naharlamaly. Şonuň ýaly-da şepagat uýalary näsaglar üçin öýlerinden getirilen naharlary-da barlap durmaly. Iýmit bloklarynyň arassaçylygyna gözegçilik etmeli.

Aşhanalary, naharhanalary günde 2 – 3 gezek arassalap ýuwmaly. Ýuwmak üçin ulanylýan bedreler, esgiler bellenilen bolmaly. Hepdede bir gezek doly arassaçylyk işleri geçirilmeli. Nahar iýilenden soň stollary ilki öllenen, ýokançsyzlandyrylan esgi bilen soňra gury esgi bilen süpürmeli. Iýmit galyndylaryny dökmek üçin gapagy aýak bilen pedalyna basyp açylýan bedreler bolmaly.

1) Çanak we çemçeleri ýuwujy serişde goşulan gyzgyn suwda ýuwmaly.
2) Arassa suwda gowy ýuwmaly.
3) Ýokançsyzlandyrylyş erginlerde natriniň gidrokarbonaty

ýa-da hlor hekiniň ergininde çaýkamaly.

4) Şondan soň ýene-de arassa suw bilen ýuwup guratmak üçin örüp goýmaly.

Uly hassahanalarda diýetoterapiýa gözegçilik etmek üçin ýörite şepagat uýasy we lukman bolmaly.

## 13.3. Emeli iýmitlendirmek

Emeli iýmitlendirmek hassahanalarda ýeke-täk iýmitlendirmegiň, kähalatlarda bolsa goşmaça iýmitlendirmegiň ýoly bolup (*28-nji surat*) hyzmat edýär. Ol iýmiti zonduň kömegi bilen (*28-nji a surat*) aşgazana guýup, klizma görnüşinde aşgazana, inçe içegä oturdylan fistulalar (*28-nji b surat*) arkaly we parenteral ýol bilen iýmitlendirmek bolar.

Zond arkaly aşgazana iýmit huşsuz ýatan näsaglara (beýnisine gan guýlan näsaglara) goýulýar. Zyýansyzlandyrylan inçe zonduň ujuna ýag sürtüp näsagyň burnundan aşgazana çenli sokmaly. Zonduň beýleki ujuna Žaneniň şprisini ýa-da guýguç oturdyp, suwuk naharlary ýuwaşlyk bilen guýmaly (çorba, süýt, gaýmak, glýukoza, çaý, kofe, gatyk, ir-iýmişleriň şiresini we ş.m.) soňunda biraz mukdarda gaýnadylyp sowadylan suw guýmaly.

Zondy 1 – 2 hepdä çenli aýyrman saklamak bolar. Eger zondy burun boşlugyndan geçirmeli bolanda burun boşlugyndan sokmaly we onuň ujuny näsagyň ýaňagyna ýa- -da dodagyna tikip berkitmeli. Eger näsagyň gyzylödeginden zat geçmeýän bolsa ýa-da aşgazanyň piloriki bölüminden zat geçmeýän bolsa, olary aşgazana, inçe içegä oturdylan fistulalar arkaly iýmitlendirmeli.

Aşgazana fistula oturdylsa, onda oňa ***gastrostoma*** diýilýär, inçe içegä fistula oturdylan bolsa ***eudenostoma*** diýilýär. Suwuk iýmiti ýyladylan görnüşde 150 – 300 ml mukdarda günde 5 – 6 gezek guýmak bolar. Soň-soňlar iýmitiň mukdaryny 300 – 350 ml çenli köpeldip 1 günde 3 – 4 gezege çenli azaldyp bolar.

Surat 27. Bedeniň gyzgynyny ölçemek.



Surat 28. Näsagy iýmetlendirmek.



a) Zond arkaly, b) Oturdylan fistulanyň üsti bilen,



ç) iýmitlendiriji enjamlaryn üsti bilen.

## Parenteral ýol bilen iýmitlendirmek

Parenteral ýol bilen iýmitlendirmede wena damaryndan ýa-da deriniň aşagyna iýmit hökmünde glýukoza, belokly, duzly erginler damja görnüşinde goýberilýär.

## 13.4. Agyz boşlugyny barlamak

Agyz boşlugyny barlamagyň näsagyň keselini anyklamakda uly ähmiýeti bar. Näsagyň agyz boşlugyna seredip barlamak üçin, ony ýagtylyk ýeterlik düşer ýaly ýagdaýda ýatyrmaly ýa-da ýagtylandyrýan reflektor ulanmaly.

Näsagyň dodaklaryny, owurtlaryny synlamak üçin olary şpatel bilen açmaly-da iç taraplaryny gowuja seredip barlamaly. Näsagyň dişlerine-de üns bermeli.

Dilini barlamak üçin näsagyň agzyny açyp dilini çykarmagyny haýyş etmeli. Ilki diliň törlerini synlamaly, soňra onuň çetlerini we diliň aşagyny synlamaly.

Bokurdagyny synlamak üçin näsaga agzyny açyp dilini çykarmagyny we “a“ diýip seslenmegini haýyş etmeli. Şpatel bilen diliň törüne basyp bokurdagyny synlamaly, ýagny badab şekilli mäzlerine we kiçi diline üns bermeli.

## 13.5. Damakdan we burundan çyrşak almak

Damak we burun çyrşagynyň barlagy damakda we burun boşlugynda patogen mikroblaryň (stafilakokklaryň, streptokokklaryň, difteriýa taýajyklarynyň) bardygyny ýa-da ýokdygyny anyklamak üçin geçirilýär.

Onuň üçin näsagy ýagtylyk düşýän tarapa seretdirip oturtmaly. Bakteriologik barlaghanadan getirilen zyýansyzlandyrylan probirkalar taýýar bolmaly. Probirkanyň gapagyndan geçirilen taýajygyň (ýogyn simiň) ujuna zyýansyzlandyrylan pagta oralgy bolmaly. Näsagyň agzyny açmagyny haýyş etmeli. Şepagat uýasy çep elindäki şpatel bilen diliniň törüne basmaly. Sag elindäki pagtaly taýajygy näsagyň agzyna sokup badam şekilli mäzlerinden, damagyň yzky diwaryndan derňew almaly (iriňli, gyzaran ýerlerinden). Pagtany dile, owurtlara degirmän zyýansyzlandyrylan probirka ýerleşdirip, teklipnama ýazyp barlaghana ibermeli. Burun boşlugyndan derňew almak üçin beýleki probirkadaky zyýansyzlandyrylan pagta oralan taýajygy burun boşlugyna sokup, towlamaly-da derňew almaly. Buruna sokanda we çykaranda pagta tampon deri örtügine degmeli däl. Probirkanyň daşyndan ot aýlap derňew alnan tamponly taýajygy probirka ýerleşdirmeli.

## 13.6. Gaýtarýan näsaga gözegçilik etmek

Gaýtarma – bu reflektor hereket bolup, aşgazandaky zatlaryň yza gaýdyp agyz boşlugyndan bölünip çykmagydyr. Gaýtarma, köplenç, aşgazan keselleri bilen ýa-da beýleki iýmit siňdiriş ulgamlarynyň keselleri bilen baglanyşykly bolýar (appendesit, holesistit). Şonuň ýaly-da gaýtarma merkezi nerw ulgamynyň kesellerinde we dürli zäherlenmelerde-de ýüze çykyp biler.

***Gaýtarmada gözegçilik etmek:***

1) Näsagyň oturmaga ýagdaýy bolmasa ony oturgyçda ýa-da krowatda oturdyp aýagynyň aralygyna legen goýmaly.

2) Şepagat uýasy bir eli bilen näsagyň maňlaýyndan tutmaly, beýleki eli bilen onuň egninden tutmaly-da kömekleşmeli.

3) Gaýtaryp gutarandan soň agzyny çaýkamaga suw bermeli we 2 – 3 owurt suw içmäge bermeli.

4) Eger näsagyň ýagdaýy agyr bolsa, oturyp bilmeýän bolsa, onda onuň ýassygyny aýyrmaly, kellesini gapdala öwürmeli.

5) Agzynyň burçuna böwrek şekilli legenjik ýa-da birnäçe gezek eplenen esgi goýmaly.

6) Gaýtarma gutarandan soň agyz boşlugyny gusuk galyndylaryndan arassalamaly. Agyz boşlugyny 2%-li natriniň gidrokarbonatynyň ergini ýa-da 0,5%-li permanganat kaliniň ergini bilen süpürmeli.

7) Eger gusuklarynda ganyň garyndysy bar bolsa lukmany çagyrmaly. Içmäge suw bermeli.

Eger gaýtarma iýmit bilen zäherlenme zerarly ýüze çykmadyk bolsa näsaga buz sormaga bermeli, narpyzly damjalar içirmeli, nowokain içirmek bolar ýa-da walidol sormaga bermek bolar. Eger gaýtarma iýmit bilen zäherlenmek zerarly ýüze çykan bolsa, onda näsagyň aşgazanyny ýuwmaly.

## 13.7. Näsagyň aşgazanyny ýuwmagyň usuly

Aşgazany bejermek ýa-da anyklaýyş maksatlar bilen ýuwmak bolar. Aşgazany iýmit, dermanserişdeler, zäherler bilen zäherlenende, dowamly gastritde, uremiýada içegeleriň hereketi bozulyp geçirijiligi ýitende ýuwmaly (*29-njy a,b suratlar*).

Aşgazanda, gyzylödekde gan akmalar bar bolsa, gan basyşy has ýokarlananda, miokardyň infarktynda aşgazany ýuwmak bolmaýar.

Aşgazany ýuwmak üçin göwrümi 1 litre golaý suw tutýan guýguç, ýogyn aşgazan zonduny, 6 – 10 litre golaý suw ýa-da kaliý permanganatynyň gowşak erginini ýa-da natriniň gidrokarbonatynyň 2%-li erginini (6–10 litr taýýarlamaly). Şeýle-de ýuwuntgy suwlary dökmek üçin legen, näsagyň öňüne tutmak üçin kleýonkadan tikilen öňlük, suw guýmak üçin küýzejik gerek.

***Işiň yzygiderliligi:***

1) Näsaga öňlük geýdirmeli. Oturgyçda oturdyp, aýaklarynyň aralaryna hapa suwy dökmek üçin legen goýmaly.

2) Ýogyn aşgazan zonduny alyp dişlerinden göbegine çenli ölçäp, ýene-de 4 – 5 sm bellik etmeli.

3) Zonduň togalak ujuna ýag sürtüp, näsagyň agzyny açmagyny haýyş etmeli-de zondy diliniň törüne goýmaly.

4) Näsagdan ýuwdunmagyny haýyş etmeli, şol wagt zondy iterip kömekleşmeli.

5) Eger näsag ögäp başlasa, ýuwutmasyny togtadyp, burnundan ulydan dem almagyny teklip etmeli (ögeme galandan soň ýene-de ýuwutmaly).

6) Zondy bellige çenli ýuwudandan soň, onuň beýleki ujuna guýguç birleşdirmeli.

7) Guýgujy näsagyň göbeginden-de aşagrak biraz gapdala tutup, suwdan doldurmaly.

8) Guýgujy näsagyň kellesinden-de ýokarrak galdyrmaly. Şondan suw aşgazana akyp başlaýar.

9) Haçan-da suw guýguçda azalyp, onuň inçelen ýerine ýetende ony çaltlyk bilen aşak etmeli. Hapa suwlar guýguja gaýdyp gelende ony legene dökmeli.

10) Guýgujy ýene-de suwdan dolduryp ýokary galdyrmaly we aşak etmeli. Birnäçe gezek tä aşgazandan arassa suw gelýänçä,

gaýtalamaly.

11) Eger näsag iýmit, derman serişdeleri ýa-da başga zäherler bilen zäherlenen bolsa 1 – 2 gezek ýuwulan ýuwuntgyny barlaghana barlagyna ibermeli.

12) Aşgazan ýuwulýan wagty umumy ýagdaýyna gözegçilik etmeli.

Eger näsag huşsuz bolsa ýa-da onuň oturmaga ýagdaýy bolmasa ony gapdal ýatyryp, ýassygyny aýryp burnundan inçe zondy aşgazana çenli sokup, Žaneniň şprisiniň kömegi bilen ýuwmak bolar. Beýle usul bilen ýuwulanda suwy şpris bilen guýmaly, hapa suwy şonuň bilen çekip almaly-da dökmeli. Aşgazany zondsyz hem ýuwmak bolar. Onuň üçin 4 – 6 litre çenli permanganat kaliniň erginini taýýarlap, näsaga 1 – 1,5 litre çenli içirmeli, soňra şpatel, çemçe ýa-da barmagy damagyna sokup, gaýtartmaly. Şeýdip 2 – 3 gezek gaýtalamaly.

Anyklaýyş aşgazany inçekesel taýajyklarynyň ýa-da howply çiş keseliniň öýjükleriniň bardygyny anyklamak maksady bilen geçirilýär. Onuň üçin inçe zond, Žaneniň şprisi, 150–200 ml fiziologik ergin taýýarlamaly. Inçe zondy 45–50 sm aralyga burnundan aşgazana çenli sokmaly. Žaneniň şprisine fiziologik ergin sorduryp ony zonda birikdirip, aşgazana guýmaly. Soňra ergini aşgazandan şprise sorduryp, 2 – 3 gezek aşgazana goýbermeli. Şondan soň sorup alyp zyýansyzlandyrylan gaba guýup barlaghana ibermeli.

### 13.8. Aşgazandan we içegelerden gan akmada näsaga gaýragoýulmasyz kömek bermek

Aşgazandan gan akma başlananda näsagyň ýüregi bulaşýar, ögeýär, gan gaýtarýar. Aşgazandan gelýän gan goýy gyzyl reňkli, iýmit gatançly bolýar. Näsag köp mukdarda gan ýitirendigi üçin onda ýiti anemiýanyň alamatlary ýüze çykýar: reňki agarýar, sowuk der bilen örtülýär, pulsy çaltlaşýar, gowşak inçe ýüplük ýaly duýulýar, arterial gan basyşy peselýär. Uly täretiniň gara gurum ýaly reňkde bolmagyda aşgazandan ýa-da onikibarmak içegeden gan akýandygynyň alamatydyr. Içegeleriň aşaky bölümlerinden gan akýan bolsa uly täreti gan gatançly bolýar ýa-da arassa ganyň geläýmegide mümkin.

Şeýle ýagdaý ýüze çykanda:

1) Lukmany çagyrmaly.

2) Näsagy düşekde ýatyrmaly, rahatlandyrmaly, eger gan gaýtarýan bolsa ýassygyny aýyrmaly, kellesini gapdala öwrüp, böwrek şekilli legenjik ýa-da birnäçe gatlanan esgi goýmaly.

3) Gan akmany saklamak üçin epigastriniň töweregine ýa-da göbegiň töweregine buzly haltajyk goýmaly.

4) Şol maksat bilen lukmanyň görkezmesi boýunça 10,0 10%-li kalsiniň hloridiniň ýa-da kalsiniň glýukonadynyň, želatinolyň erginini wena damaryndan goýbermeli, wikasoluň 1%-li ergininiň 1,0-ni et aralygyna sançmaly. Aminokapron kislotasynyň 5%-li ergininiň 100,0-ni, donor ganynyň 75 – 100 ml-ni wena damaryndan damja görnüşinde goýbermek bolar.

5) Olara 1 gije-gündiz iýmek-içmek gadagan. Şondan soň lukmanyň görkezmesi boýunça iýmit suwuk we sowuk görnüşde bermek bolar.

6) Näsagyň fiziki we psihiki rahatlygyny saklamaly.

### 13.9. Aşgazan şiresini almagyň usuly

Aşgazan şiresi duz kislotasyndan, pepsin, gastromukoprotein ýaly fermentlerden, mineral duzlardan ybaratdyr. Onuň düzümi, mukdary aşgazanyň kesellerinde üýtgemegi mümkin. Şonuň üçin aşgazan şiresini alyp, barlaghanada barlamagyň anyklaýyş ähmiýeti uludyr (*29-njy ç surat*).

Häzirki döwürde aşgazan şiresini inçe aşgazan zondunyň kömegi bilen alýarlar. Inçe zond 1 metre golaý elastiki turbajyk bolup, onuň diamaetri 5 mm, bir ujy ýapyk, ýöne gapdallarynda deşijekleri bar.

Aşgazan şiresini almak üçin inçe zonddan başga-da barlag üçin ertirlik nahar hem taýýarlamaly. Ertirlik nahar hökmünde:

1) Kofeiniň ergini – 0,2%-li 200 ml.
2) Ýyly et çorbasy 200 – 300 ml.
3) Guradylan kelemiň gaýnadylan 7%-li 300 ml suwy.
4) 5%-li 200 ml arak.

Aşgazan şiresiniň sekresiýasyny parenteral ýol bilen goýberilýän gyjyndyryjylar arkaly stimulirläp bolar. Olara gistamin 0,1%-li 1,0, pentagastrin 0,025%-li 1,0, insulin 4 ED degişli.

Aşgazan şiresini aç garna almaly. Şonuň üçin näsaga ertirlik nahar iýmezligi, dermanlary içmezligi tabşyrmaly. Ertir ir bilen:

1) Näsagy oturgyçda oturtmaly.

2) Zondy alyn dişlerinden göbegine çenli ölçäp bellik etmeli.

3) Onuň togalak ujuna ýag sürtüp, näsagdan agzyny açmagyny haýyş etmeli.

4) Zonduň ujuny näsagyň diliniň törüne goýup ýuwdunmagyny soramaly.

5) Eger näsag ögäp, gaýtaryp başlasa ýuwudynmagyny saklap, burnundan dem almagyny haýyş etmeli.

6) Gaýtarmasy peselenden soň ýuwutmagyny dowam etmeli.

7) Zondy belligine çenli ýuwudandan soň, onuň beýleki ujuna şpris birleşdirip, ajöze aşgazan şiresini sorup almaly-da probirka guýmaly.

8) Soňra şprisiň porşenini aýyryp, silindrini zonda berkitmeli-de oňa taýýarlanan ertirlikleriň haýsy-da bolsa birini aşgazana guýmaly, zondyň ujuna gysgyç goýmaly ýa-da daňmaly.

9) 10 minut geçenden soň ýene-de aşgazan şiresini şprise sorduryp almaly-da ikinji probirka guýmaly (15 – 20 ml).

10) 15 minut geçenden soň 3-nji gezek 20 ml-e golaý sorduryp alyp probirka guýmaly. Şondan soň aşgazandaky ähli suwuklygy sorduryp almaly we dökmeli.

11) Soňra ýene-de her 15 minutdan 5 gezek arassa aşgazan şiresini sorduryp alyp, aýry probirkalara guýmaly. Her bir probirkadaky aşgazan şiresini aýratyn teklipnama ýazyp barlaghana ibermeli.

Teklipnamada näçinji gezek alnan aşgazan şiresidigini we alnan wagtyny (sagadyny, minudyny) ýazmaly.

Aşgazan şiresiniň sekresiýasy parenteral ýol bilen gyjyndyrýan serişdeler ulanylanda bir gezek şiräni ajöze almaly, soňra gyjyndyryjyny (gistamini) deriniň aşagyna sançmaly, şondan soň her 15 minutdan 4 gezek aşgazan şiresini almaly.

Gistamin sanjylandan soň näsagyň ýüreginiň çalt urmagy,

demgysma, ýüzüniň gyzarmasy, bedeni gyzýan ýaly duýgynyň peýda bolmagy mümkin. Şonuň üçin gistamini allergiki täsiri bolan adamlara ulanmak bolmaýar. Zond bilen aşgazan şiresini gan basyşy ýokary bolan adamlardan, stenokardiýaly, ýüreginiň funksional ýetmezçiligi bolan näsaglardan, aterosklerozda almak bolmaýar.

Barlaghanada aşgazan şiresiniň mukdaryny, garyndylaryny, ysyny we turşulyklaryny anyklaýarlar. Kadada aşgazan şiresiniň umumy turşulygy 40 – 60 ED, erkin duz turşusy 20 – 40 ED, baglanyşykly turşulyk 10 – 20 töweregi bolmaly.

Aşgazanyň käbir kesellerinde turşulyklar ýokarlanýar, käbir kesellerinde bolsa peselýär.

Zond ýuwutmak bolmaýan näsaglaryň aşgazan şiresiniň sekresiýasyny anyklamak üçin:

1) Desmoid.
2) Asidotest.
3) Radiotelemetriki usullar ulanylýar.

Desmoid barlagy:

Näsaga desmoid haltajygyny ýuwutmaga bermeli, ýagny elastiki haltajygynyň içine 0,15 metilen gök reňkli poroşogy salyp, haltanyň agzyny № 5 ketgut bilen daňyp ýuwutmaga bermeli. Eger aşgazan şiresinde duz kislotasy ýeterlik mukdarda bar bolsa, ol haltanyň agzy daňylan ketgudy eredýär, netijede haltadaky metilen gök poroşogy aşgazanyň içine dökülip, gana sorulýar we peşew bilen bölünip çykýar. Peşewiň reňkiniň nähili tizlikde we nähili derejede üýtgeýändigini göz öňüne almak bilen aşgazan şiresiniň turşulygy barada maglumat alynýar.

Asidotestiň – kömegi bilen aşgazan şiresiniň turşulygy üçin näsaga reňkini üýtgedýän iýmitleri iýmezligi we dermanlary içmezligi tabşyrmaly.

Barlagdan öň 8 sagadyň dowamynda nahar iýmeli däl.

1) Ertir ir bilen näsag buşugyp gelmeli.
2) Oňa iki sany ak gerdejikleri (kofeiniň) içirmeli.
3) Şondan 1 sagat geçenden soň näsag banka peşewini toplamaly (buşukmaly). Ony peşewiň “barlag üçin bölümi“ diýip bellemeli.

4) Näsaga ion çalyşma şepbiginiň (smola) 3 sany sary reňkli gerdejiklerini içirmeli.

5) 1,5 sagat geçenden soň näsag banka peşewini toplamaly. Ol peşewiň reňki üýtgeşik bolýar. Oňa peşewiň “tejribe barlag üçin bölümi“ diýip belleýärler.

6) Peşewiň iki bölümine-de barlag üçin teklipnama ýazyp barlamhana ibermeli.

Radiotelemetriki usul – “Kapsula“ diýen radiotelemetriki enjamlaryň kömegi bilen aşgazanyň pH - gurşawyny, temperaturasyny, basyşyny, anyklaýarlar.




**Surat 29. Näsagyň aşgazanyny ýuwmak (a,b) we aşgazan şiresini (ç) almak**

## 13.10. Duodenal zondirleme

Duodenal zondirleme bagryň, öt haltanyň we öt ýollarynyň kesellerinde anyklaýyş we bejeriş maksatlar bilen geçirilýär. Sebäbi duodenal zondirleme geçirilende öt ýollarynyň gysylmasy ýazylyp, öt halta ýygrylyp, ähli öt onikibarmak içegä guýulýar. Öt zonddan probirkalara akýar, ony barlaghana barlagyna iberýärler. Öt ýollary, öt halta ötden boşaýandygy üçin näsagyň ýagdaýy gowulaşýar. Şonuň ýaly-da duodenal zond arkaly käbir derman serişdelerini onikibarmak içegä goýbermek bilen keseli bejermek bolýar.

Duodenal zondirlemäni aşgazanyň we onikibarmak içegäniň ýara keselinde, aşgazanyň we gyzylödegiň howply çiş keselinde, stenokardiýada, miokardyň infarktynda, ýüregiň funksional ýetmezçiliginde, ýiti holesistitde, gipertoniýa keseliniň 1-nji we 2-nji derejelerinde geçirmek bolmaýar.

Duodenal zondirleme geçirmek üçin (*3-njy surat*): duodenal zonduny, 20,0-lik şpris, ýyladyjy haltajyk (grelka), 40–60 ml 33%-li magniý sulfat ýa-da 40%-li glýukoza şol mukdarda, böwrek şekilli legenjik, polotensa taýýarlamaly. Bu işleri geçirmek üçin näsagy hem taýýarlamaly. Agşam näsaga ýeňiljek nahar iýdirmeli we ýatmazdan öňisyra 5 – 8 damja 0,1%-li atropin içirmeli. Ertir hiç zat iýmeli däl. Gije nobatçylyk eden şepagat uýasy duodenal zondy zyýansyzlandyryp taýýarlap goýmaly.

Duodenal zonduň uzynlygy 1,5 metr, diametri 0,3 sm elastikiturba bolup, bir ujuna poslamaýan metaldan ýasalan oliwasy bar. Zondda 3 sany bellik bolmaly: 1-nji bellik 50 sm aralykda aşgazana çenli, 2-nji 70 sm aralykda aşgazanyň piloriki bölümine çenli, 3-nji 85 – 90 sm aralykda onikibarmak içegäniň gorizontal bölümine çenli bellenýär.

Zondirlemäni melhemler edilýän otagda geçirýärler.

1) Näsagy oturgyçda oturdyp, agzyny açmagyny haýyş etmeli.

2) Zonduň metal oliwasyna ýag sürtüp ýa-da ýyly suw bilen ölläp näsagyň diliniň törüne goýmaly-da, ýuwdunmagyny haýyş etmeli. Zondy 1-nji bellige çenli näsag oturan ýagdaýynda ýa-da ýöreýän halda ýuwdup biler.

Birinji bölüme çenli ýuwudandan soň, näsagy agaç krowatda sag gapdalyna gaty düýrülen ýorgan ýa-da ýassyk we ýyladyjy

haltajygy esgä orap goýup ýatyrmaly. Kellesine ýassyk berilmeýär, onuň sag eli arkasyna (yzyna) uzaldylyp, sag aýagy uzaldylan, çep aýagy dyzyndan epilen bolmaly. Şu ýagdaýda ol zondy ýuwaşja ýuwutmagyny dowam etmeli. Çalt ýuwutmaly däl, sebäbi zond çaltlyk bilen piloriki büzmegiň ýapyk wagtyna duçar bolaý-sa, ondan geçip bilmän, aşgazanda düýrülmegi mümkin.

3) Zond 3-nji bellige çenli ýuwdulyp, onikibarmak içegä geçende ödüň 1-nji bölümi probirka akyp başlaýar. Eger näsag zondy 3-nji bellige çenli ýuwdup, öt gelmeýän bolsa zonduň aşgazanda düýrülen bolmagy mümkin. Onda zondy 1-nji bellige çenli çekip, büzmek açylar ýaly atropin 0,1% 0,5 ýa-da platifillin 0,2%-li 2,0 sançmaly ýa-da zonddan aşgazan şiresini çekip alyp, soňra aşgazana natriý bikarbonatyň gowşak erginini goýbermek bolar. Spazmolitikleriň täsirinden we aşgaryň täsirinden büzmek açylýar. Näsag ýuwutmagyny dowam etdirende zond onikibarmak içegä geçip biler. Ödüň 1-nji bölümi onikibarmak içegedäki iýmiti siňdirmägä gatnaşmak üçin taýýar, öt açyk-ýaşyl reňkli, biraz bulançak, tüýkülik gatançly, aşgazan şiresiniň hem gatanjy bolmagy mümkin.

4) Ödüň 1-nji bölümi akyp gutarandan soň öt haltadaky ödi onikibarmak içegä akdyrmak üçin zonddan 40 – 60 ml 33%-li sulfat magnini ýa-da 40%-li glýukozany ýyladylan görnüşde şprisiň kömegi bilen guýmaly. Näsagy arkasyna öwrüp 5–10 minut ýatyrmaly.

5) Şol wagt geçenden soň, ony ýene-de sag gapdalyna ýatyrmaly-da zonduň ujuny 2-nji probirka geçirmeli. Ödüň 2-nji bölümi öt haltadaky öt goýy-ýaşyl reňkli ýa-da pagta ýagynyň reňkine meňzeş reňkli dury, garyndysyz öt bolmaly.

Ödüň her bir bölümini A, B, S diýip belläp, aýry teklipnama ýazyp barlaghana ýollamaly. Barlaghanada olaryň her biriniň mukdaryny, reňkini, garyndylaryny, udel agramyny anyklap mikroskopda-da barlag geçirilýär. Ödüň haýsy bölüminde üýtgeşiklik bar bolsa öt ýollarynyň şol bölüminde keseliň bardygyny görkezýär.

Zondy ýuwaşlyk bilen çykaryp almaly, agzyny çaýkamaly, 0,5 sagatdan soň suwuk nahar bermek bolar.

Kähalatlarda bejeriji maksat bilen duodenal zondirlemäniň ýerine öt ýollaryny ötden, patologik önümlerden arassalamak üçin týubaž

ulanylýar. Ony geçirmek üçin iýmit iýmezligini tabşyrmaly. Oňa 33%-li 50,0 ml sulfat magniniň erginini ýa-da sulfat magniniň (iňlis duzunda) poroşogyň 1 çemçesini ýarym käse mineral suwda eredip içirmeli (karlowar duzuny hem ulanmak bolar). Soňra ony ýyladyjy haltajyk goýup, sag gapdalyna ýatyrmaly we owurtlap içmäge gazy çykarylyp, ýyladylan mineral suw bermeli. Bir çüýşe suwy 30 minudyň dowamynda içirmeli. Eger şondan soň näsagyň uly täreti ýaşyl reňkli bolsa týubažyň netijesiniň gowy bolandygyny aňladýar.

Surat 30. Doudenal zondirleme geçirmek.




Surat 31. Arasalaýjy klizma etmek.



## 13.11. Klizmalar

Anyklaýyş we bejeriji maksatlar bilen içegeleriň aşaky bölegine

suwuklyklaryň goýberilmegine ***klizma*** diýilýär. Täsirleri boýunça klizmalary şu aşakdaky toparlara bölýärler:

I. Ýuwujy klizmalara:

1) Arassalaýjy.
2) Sifon klizmalary

II. Gowşadyjy klizmalara:

1) Ýagly klizma.
2) Gipertoniki erginler bilen edilýän klizma.

III. Derman serişdeli klizmalar.

IV. Iýmit klizmasy.

## 13.12. Ýuwujy klizmalar

### Arassalaýjy klizma

Arassalaýjy klizma içegäniň aşaky bölegini uly täretden, gazlardan arassalamak üçin edilýär. Şonuň üçin arassalaýjy klizma içi gatanda, iýmit bilen zäherlenende, içegeleri operasiýa, rentgen, endoskopiýa barlaglaryna taýýarlamakda geçirilýär. Şonuň ýaly-da bu klizmany derman klizmasyndan, iýmit klizmasynyň öňisyrasynda geçirmeli. Tersine ýiti appendesitde, içegelere operasiýa edilenden soň 3 güne çenli, içege gan akmalarynda, gemorroýlarda, göni içegäniň howply çiş kesellerinde (rak), göni içege çykanda, ýogyn içegäniň aşaky böleginiň iriňleme kesellerinde arassalaýjy klizmany etmek bolmaýar.

Arassalaýjy klizma etmek üçin (*31-nji surat*) 1–2 litr suw $20^0$ ýylylykda, Esmarhyň kruşkasyny, wazelin ýagyny, zyýansyzlandyrylan uçlugy, kleýonka, sudno, kruşkany asmak üçin direg taýýarlamaly.

***Arassalaýjy klizma etmegiň usuly:***

1) Esmarhyň kruşkasyna 1–2 litr suw guýmaly-da biraz suwy akdyryp, ulgamdaky howany çykarandan soň kranyny ýapmaly. Ulgamyň uçlugyna wazelin çalmaly we Esmarhyň kruşkasyny 1 – 1,5 metr ýokarda diregden asmaly.

2) Agaç krowadyň üstüni kleýonka bilen örtmeli, kleýonkanyň bir tarapy legene tarap sallanyp durmaly (eger näsag goýberilen suwy

saklap bilmese, çykan suw legene akar ýaly). Näsag şol kleýonkanyň üstünde çep gapdalyna ýatyrmaly. Ol aýaklaryny epip garnyna çenli ýetirmeli.

3) Çep el bilen oturýer etlerini süýşürip (açyp), göni içegäniň daşky deşigini tapmalyda sag el bilen ýaglanan uçlugy towlaşdyryp göni içegä goýmaly. Uçlugy ilki göbege tarap gönükdirmeli, soňra oňurga (türre süňküne) parallel gönükdirip saklamaly.

4) Krany açyp suw goýberip başlamaly, şol wagt näsagyň uludan dem almagyny haýyş etmeli.

5) Suw gutarandan soň krany ýapyp, çekip almaly.

6) Näsagy 5 – 10 minut ýatandan soň hajathana ibermeli ýa-da sudno bermeli. Esmarhyň kruşkasyny ýyly suw bilen ýuwmaly. Uçlugy zyýansyzlandyrmaly, soňra sabynlap ýuwmaly, şondan soň gaýnatmaly. Uçluklar elastikden, plastmassadan we ebonitden ýasalan, olaryň uzynlygy 7 sm-den 20 sm çenli bolup biler.

**Üns beriň!**

Eger suw içegä gitmese uçlugyň ugruny biraz üýtgetmeli ýa-da Esmarhyň kruşkasyny ýokarrajyk galdyrmaly.

## Sifon klizmasy

Arassalaýjy klizma we içegeleri gowşadyjy derman serişdeler gowy täsir etmedik ýagdaýda sifon klizmasy geçirilýär. Ol klizmanyň kömegi bilen içegeler diňe uly täretden arassalanman, eýsem gazlardan, çüýrüntgi önümlerden, iriňden, zäherlerden arassalanýar. Sebäbi sifon klizmasynda içege birnäçe gezek ýuwulýar. Şonuň ýaly-da sifon klizmasy içegeleriň geçirijiliginiň bozulandygyny anyklamak üçin hem geçirilýär. Eger sifon klizmasy geçirilende ulgamda gazlar peýda bolmasa, onda içegeleriň geçirijiliginiň bozulandygynyň alamatydyr. Kähalatlar sifon klizmasyndan soň içegeleriň hereketiniň kadalaşmagyda mümkin. Sifon klizmasyny geçirmek üçin (*32-nji surat*) ulgam, ýagny 1 - 1,5 m elastikiturba, 10 sm-lik çüýşe turba we 50 -60 sm-lik içege zondy gerek. Şonuň ýaly-da 10 – 12 litr suw (22 – 20 gradusly) suw guýmak üçin kruşka, hapa suw üçin legen, guýguç,

kleýonka, kleýonkadan tikilen öňlük taýýarlamaly.

***Sifon klizmasyny geçirmegiň kadalary:***

1) Agaç krowady kleýonka bilen örtüp, näsagy çep gapdalyna ýa-da arkan ýatyrmaly.

2) Içege zondunyň ujuny wazelin bilen ýaglap, 20 – 25 sm çuňlukda içegä sokmaly.

3) Ulgam guýgujy berkidip, ony näsagyň göwresinden biraz ýokarda ýapgydrak tutup suw guýmaly.

4) Guýgujy ýokary galdyrmaly, haçan-da suw içegä gidip, guýgujyň inçelen ýerine (konusyna) ýetende ony aşak edip, garaşmaly.

5) Içegeden gelen hapalary guýgujy doldurandan soň dökmeli.

6) Ýene-de guýgujy suwdan dolduryp, çäräni birnäçe gezek gaýtalamaly (tä bedredäki suwuň bary sarp edilýänçä).

7) Sifon klizmasy geçirilýän wagty näsagyň umumy ýagdaýyna, ýüz keşbine gözegçilik etmeli.

Surat 32. Sifon klizmasyny geçirmek.





Surat 33. Uly täreti barlag üçin almaklyga garek bolan ejamlar.

## 13.13. Gowşadyjy klizmalar

Köp wagtyň dowamynda içegeler gatanda, arassalaýjy klizma kömek etmedik ýagdaýynda ýa-da içegä köp mukdarda suw goýbermek rugsat edilmedik ýagdaýlarda gowşadyjy klizmalar edilýär. Olara ýagly we gipertoniki klizmalar degişli.

### Ýagly klizma

Ýagly klizmalar haçan-da uly täret göni içegede gatap galan bolsa, göni içegä ýag goýberip, şol gatap galan massanyň aňsatlyk

bilen süýşüp çykmagy üçin geçirilýär. Şonuň ýaly-da ýag içege sowuklamasynyň, ýarajyklaryň bitmeginede gowy kömek edýär.

Ýagly klizmany geçirmek üçin 50 – 100 ml  wazelin, pagta, günebakar ýaglary, klizma edilýän elastiki topjagaz ýa-da Žaneniň şprisi we kateter gerek.

***Ýagly klizmasynyň geçiriliş düzgüni:***

1) Näsagy kleýonka bilen örtülen krowatda ýatyrmaly.

2) Armyt şekilli elastiki topjagaza 36 – $37^0$ C çenli ýyladylan ýagy sordurmaly (ilki ony üçburçluk görnüşinde epläp howasyny çykarmaly).

3) Näsagyň içegesine kateteri sokup, oňa ýagly topjagazy (ýa-da Žaneniň şprisinide ulanmak bolar) berkitmeli-de ýagy goýbermeli.

Näsag biraz wagt ýatmaly.

Ýag klizmasy 8 – 12 sagada çenli täsir edip biler.

## Gipertoniki klizma

Gipertoniki klizma içegeleriň paelastikde, ýagny içegeleriň hereketi togtanda we içegeleriň diwary çişende geçirilýär. Onuň üçin 50 – 100 ml natriý hloridiniň 10%-li ergini ýa-da sulfat magniniň 25%-li ergini, klizma üçin elastiki topjagaz ýa-da Žaneniň şprisi, içege kateteri gerek.

Gipertoniki erginler hem edil ýaglar ýaly içege topjagazynyň ýa-da Žaneniň şprisiniň kömegi bilen goýberilýär. Şondan soň näsag biraz ýatmaly ( 10 – 15 minut). Gipertoniki klizmany göni içegede ýarajyklar ýa-da ýaryklar bar bolsa etmeli däl.

Klizma üçin ulanylýan esbaplary dezinfesirlemeli (hlor hekiniň ergininde) ýyly suwda natriniň gidrokarbonatyny goşup ýuwmaly soňra gaýnatmaly.

## 13.14. Derman serişdeli klizmalar

Göni içegeden antibiotikleri, sulfanilamidleri, spazmolitikleri goýbermek bilen ýerli we rezorbtiw täsir etmek maksady bilen geçirilýär. Derman serişdeler bagyrda zaýalanman gana geçýär.

Derman serişdeli klizmadan öň arassalaýjy klizma etmeli. Elastiki topjagazyň ýa-da Žaneniň şprisiniň ujuna içege turbajygyny berkidip, içegä 10 – 15 sm çuňlukda sokmaly we 38 – $40^0$ ýylylykdaky suwda eredilen derman serişdesini içegä goýbermeli, derman serişdesiniň yzyna dökülmezligi üçin biraz howa goýbermeli. Şondan soň näsag bir sagat täret etmän ýatmaly, derman serişdelerini damja görnüşinde göni içegeden goýbermek hem bolar.

## 13.15. Iýmitlendiriji klizma

Iýmitlendiriş klizmasy parenteral iýmitlendirmegiň bir görnüşi bolup, ýuwutmak mümkinçiligi bolmadyk näsaglara edilýär.

***Iýmitlendiriş klizmasynyň geçiriliş düzgüni:***

1) Iýmitlendiriş klizmasyndan 1 sagat öň arassalaýjy klizma etmeli.

2) Näsagy çep gapdalyna ýatyryp, aýaklaryny epip, garnyna ýakynlaşdyrmaly ýa-da ony arkan ýatyrmaly-da, aýaklaryny epip, çanaklygyny biraz ýokary galdyrmaly.

3) Armyt şekilli elastiki topjagaza ýa-da Žaneniň şprisine iýmit sordurmaly (glýukoza 5%-li, ýagsyz et çorbasy, süýt, gaýmak).

4) Içege turbajygyny içegä 20 – 25 sm çuňlukda sokmaly.

5) Topjagazy ýa-da Žaneniň şprisini içege turbasyna berkitmeli.

6) Ýuwaşlyk bilen iýmiti içegä goýbermeli. Bir gezekde 200 ml-e çenli goýbermek bolar.

Bir günde iýmitlendiriş klizmasyny iki gezekden köp etmeli däl. Göni içegeden iýmitleri (5%-li glýukoza, 15%-li aminokislotalar) köp mukdarda (1–2 litre çenli) damja görnüşinde goýbermek örän amatlydyr.

## 13.16. Damja görnüşli klizma

Beden suwuklygyny ýitirende, onuň öwezini doldurmak we zäherlenmäni azaltmak maksady bilen göni içegeden 1–2 litre çenli

ergini damja görnüşinde goýbermek bolar. Köplenç, izotonik ergin, 5%-li glýukozanyň ergini şu maksatlar bilen goýberilýär. Damja görnüşli klizmany etmek üçin Esmarhyň kruşkasy, oňa berkidilen elastiki turba, damjany sanamak üçin aýna turbajyk we içege turbajygy gerek. Esmarhyň kruşkasyna 1–2 litr bellenilen ergini (33 – 40 gradusly) guýmaly we diregden asmaly. Ulgamdan howa galyndylaryny çykarmaly. Içege turbasyny ýaglap, içegä 20 – 25 sm çuňlukda sokmaly. Damjanyň sanyny ýörite towlanýan gysgyç bilen kadalaşdyrmaly. Uly adamlara 1 minutda 60 – 100 damja çenli, çagalara 20 – 25 damja çenli akdyrmak bolar. Erginiň gyzgynlyk derejesini anyklamak üçin, Esmarhyň kruşkasynyň gapdallaryndan ýyladyjy haltajygy hem asmaly. Bu melhem uzaga çekýänligi üçin, näsagy arkan ýatyrmaly we onuň umumy ýagdaýyna, damjalaryň kadaly akyşyna gözegçilik etmeli.

### 13.17. Içegelerde ýel çykaryjy turbajygy ulanmak

Ýel çykaryjy turbajyk elastikden ýasalan, uzynlygy 50 sm, diametri 1 sm, bir ujy togalak bolup, gapdallarynda 1–2 deşijegi bar. Ýel çykaryjy turbajyk köplenç meteorizmde, ýagny içegeler ýellenende ulanylýar.

***Ýel çykaryjy turbajygy ulanmagyň usuly:***

1) Krowady kleýonka bilen örtüp, onuň üstüne arlyk ýazmalyda näsagy arkan ýatyrmaly.

2) Zyýansyzlandyrylan ýel çykaryjy turbajygy wazelin bilen gowuja ýaglap, içegä 25 – 30 sm çuňlukda sokmaly.

3) Turbajygyň beýleki ujuny suwly sudna, ýa-da böwrek şekilli legenjige, ýa-da banka goýbermeli. Ýel çykaryjy turbajygy 30 – 60 minut içegede galdyryp, soňra aýyrmaly, näsagyň artbujagyny pagta bilen arassalamaly.

4) Aýrylan turbajygy zyýansyzlandyrmaly, ýyly suwda sabynlap ýuwmaly we gaýnadyp täzeden zyýansyzlandyrmaly.

**Ýatda saklaň!**

Ýel çykaryjy turbajygy içegede 2 sagatdan köp goýmak bolmaýar, sebäbi göni içegäniň diwarlarynyň damarlary basylyp, gan

aýlanyşygyň bozulmagy netijesinde nekroz ýüze çykmagy mümkin.

Kiçi çagalaryň içi ýellenende olar has-da birahat bolýarlar. Şonuň üçin şepagat uýasy içi ýellenen çagalara gözegçilik etmegi başarmaly. Olaryň garnyna ýyladyjy kompres goýmak bolar, garnyny sagadyň diljagazynyň ugry boýunça owkalamaly, aýaklaryny epip garnyna diremeli, arassalaýjy klizma etmeli we ýel çykaryjy turbajygy ulanmaly.

## 13.18. Täret üçin sudnalaryň ulanylyşy

Agyr näsaglara we düşek düzgünindäki näsaglara uly we kiçi täretini etdirmek üçin sudnalar ulanylýar. Sudnalar elastikden ýasalan, syrçaly (emal bilen örtülen) we faýansdan bolup biler. Olar tegelek görnüşinde bolup, hökman gapakly bolmaly. Sudnalar arassa, zyýansyzlandyrylan görnüşinde hajathanananyň ýakynyndaky otagda ýörite öýjüklerde saklanylýar. Has agyr näsaglaryň bolsa krowadynyň aşagynda saklamak hem bolar. Funksional krowatlaryň ortasynda sudnany goýmak üçin oýugy (deşigi) bar.

***Näsaga sudna bermegiň usuly:***

1) Täret etjek näsagy tuty bilen beýleki näsaglardan aýyrmaly.

2) Çanaklygyň aşagyna kleýonka ýazmaly.

3) Sudnany ýyly suw bilen çaýkamaly-da onuň içinde biraz suw galdyrmaly.

4) Näsagyň aýaklaryny epip, çanaklygyny biraz ýokary galdyrmagyny haýyş etmeli. Eger onuň ýagdaýy agyr bolup çanaklygyny galdyryp bilmese, şepagat uýasy özüniň çep elini näsagyň türre süňküniň aşagyndan geçirip, çanaklygy götermeli.

5) Sag eli bilen sudnany näsagyň çanaklygynyň aşagyna goýmaly. Sudnanyň tutgujy näsagyň aýaklarynyň aralygynda bolmaly.

6) Näsagyň üstüni ýorgan bilen örtmeli.

7) Näsag täret edip gutarandan soň, sudnany aýyrmaly, täreti

hajathana dökmeli, ýyly suw bilen çaýkamly, şonda „gigiýena“ poroşogyny-da ulanmak bolar. Soňra zyýansyzlandyrmaly (hloramin, hlor hekiniň ergini bilen, Dezokson bilen).

8) Näsagyň artbujagynyň töweregini, daşky jyns agzalary ýuwmaly, soňra gurak pagta ýa-da esgi bilen süpürmeli.

9) Kleýonkany aýyrmaly.

Eger näsagyň uly we kiçi täretleri düşeginde bolsa (beýnisine gan guýlup ýa-da oňurga ýiligi zaýalanyp ysmaz bolsa), olaryň düşegini kleýonka bilen örtmeli, üstünden iki eplenen prostyn ýa-da arlyk ýazmaly we çanaklygynyň aşagyna elastikden ýasalan, ýellenilýän sudnalary hemişelik goýmak bolar. Elastiki sudnanyň daş-töweregini esgi bilen örtmeli. Sudnany wagtal-wagtal arassalap, zyýansyzlandyryp täzeden goýmaly.

## 13.19. Näsaglary rentgen barlagyna taýýarlamak

Aşgazana we içegelere rentgenologik barlaglar geçirmek üçin, näsag barlagdan öňki gün agşam sagat $20^{00}$-da naharlanmaly. Ýöne iýmitler içegeleri ýellendirýän bolmaly däl (ýer almasy, kelem, kädi we ş.m.). Agşam ukudan öň sagat 22 – $23^{00}$-da we ertir ir bilen sagat $6^{00}$-da arassalaýjy klizma etmeli. Eger aşgazanda suwuklyk (aşgazan şiresi) köp bolsa, ony zond bilen çekip almaly. Rentgen otagynda kükürt turşy bariý diýen kontrast jisim içirip barlag geçirýärler.

## 13.20. Öt haltany we öt ýollaryny rentgen barlagyna (holesistografiýa) taýýarlamak

***Holesistografiýa taýýarlamagyň kadalary:***

1) Agşam sagat $18^{00}$-da näsaga ýeňil agşamlyk nahar bermeli: 100 gr çörek, 25 gr mesge ýagyny, 1 ýumurtga we 1 käse süýji çaý.

2) Sagat $19^{00}$-da arassalaýjy klizma etmeli.

3) Sagat $20^{00}$-dan başlap kontrast jisim berip başlamaly:

holewit ýa-da bilitrast, ýa-da iopognost her 20 minutdan 1 gram, jemi 3 gram süýji çaý bilen içmeli (sagat $20^{00}$-dan $22^{00}$-a çenli).

4) Sagat $22^{00}$-da ukudan öň 100 ml 40%-li glýukozanyň erginini ýa-da 200 ml süýji çaý içirmeli.

5) Rentgen barlagyna kontrast jisim içirilenden 14 sagat geçen soň, ýagny ertir sagat 10 – 11-lerde alyp gitmeli.

Näsag ýanynda 2 sany bişmedik ýumurtga ýa-da 1 bulgurjyk gaýmak alyp barmaly. Rentgen barlagyny ýumurtga ýa-da gaýmak içmänke bir gezek we içenden soň birnäçe gezek geçirýärler.

Bu barlaglaryň kömegi bilen öt haltanyň ýerleşen ýerini, göwrümini, görnüşini, kontrast jisimiň öt haltany nähili doldurýandygyny, ondan nähili tizlik bilen çykyp gidýändigini, daşlaryň bardygyny anyklamak bolar.

Holeografiýa –näsagyň öt haltasy operatiw ýol bilen aýrylan bolsa ýa-da bilitrastyň öt halta geçmesi kynlaşan bolsa, bilignosty wena damaryndan goýberip öt ýollaryna rentgen barlagyny geçirýärler.

Holeografiýa geçirmek üçin näsagy iki gün öňünden taýýarlap başlamaly. Oňa içegeleri ýellendirmeýän ýeňiljek naharlar bermeli. Rentgen barlagyndan öňki gün agşamlyk wena damaryndan 1 – 2 ml bilignost goýberip, näsagyň şol kontrast jisimine duýgurlygyny (geçirýändigini) barlamaly. Eger näsagda allergiki alamatlar ýüze çykmasa, onda rentgen barlagynyň öňisyrasy bilignostyň 20%-li erginiň 30 – 40 ml-ni teniň gyzgynlyk derejesine çenli ýyladyp, wena damaryndan 3–5 minudyň dowamynda goýbermeli. 10 – 15 minut geçenden soň öt ýollaryny, 40 – 45 minut geçenden soň öt haltany kontrast jisimi doldurýar. Onuň derejesini anyklamak üçin birnäçe gezek rentgenografiýa (rentgen suratyna almaklygy) geçirilýär.

Ýogyn içegeleriň rentgen barlagyna ***irrigoskopiýa*** diýilýär. Näsagy bu barlaglara 3 gün öňünden taýýarlamaly, ýagny şol aralykda ol içegeleri ýellendirýän uglewodly iýmitleri iýmeli däl. Eger şonda-da näsagda meteorizm bolsa (içegeleri ýellense), oňa karbolen ýa-da çopantelpegiň gaýnadylan suwuny içirmeli. Barlaglardan öňki gün günortan näsaga 30 – 40 ml kastor ýagyny içirmeli. Agşam sagat 22 – 23 töweregi we ertir sagat 6-da arassalaýjy klizma etmeli. Barlaglardan ýarym sagat öň içegelere ýel çykaryjy turba goýmaly. Kontrast jisim

(bariniň sulfaty) göni içegeden klizma görnüşinde goýberilýär.

## 13.21. Uly täreti barlaghana barlagyna almak

Barlaghana barlaglaryna uly täreti biraz mukdarda arassa çüýşe gapda ibermeli (*33-nji surat*). Oňa düşnükli teklipnama (ýollanma hat) ýazmaly we gaba berkitmeli. Ýollanma haýsy barlaghana, nähili derňew üçin iberilýändigini, näsagyň familiýasyny, adyny, ýaşyny, öý salgysyny (bölümini, ýatan otagyny) ýazmaly we alnan gününi belläp, şepagat uýasy öz goluny çekmeli. Mümkin boldugyça derňew üçin näsagyň özi (tebigy ýagdaýda) uly täret edenden soň alyp, sowap ýetişmänkä barlaghana ýetirmeli.

Uly täreti kopralogiýa üçin, ýagny umumy derňew üçin ertirki uly täretden biraz mukdarda taýajyk ýa-da pilçejik ýa-da şpatel bilen alyp, çüýşe gaba salmaly-da, ýollanma bilen barlaghana ibermeli.

Uly täretiň düzüminde gelmintleriň (soguljanlaryň) ýumurtgalarynyň bardygyny anyklamak üçin, uly täretiň 3 ýerinden taýajyk bilen alyp, çüýşe gapda ýyly wagty barlaghana ýetirmeli.

Uly täretiň düzüminde göze görünmeýän gizlin ganyň bardygyny anyklamak üçin, näsagy 3 günüň dowamynda taýýarlap, soňra almaly. Näsag 3 günüň dowamynda etli nahar iýmeli däl, düzüminde ýod, brom, demir bolan derman serişdelerini içmeli däl, dişlerini gödek şotka bilen ýuwup ganatmaly däl. Näsagyň burnundan, dişiniň etlerinden gan akmanyň ýokdugyna göz ýetirmeli. Şeýle taýýarlykdan soň uly täretini alyp, çüýşe gapda barlaghana ibermeli.

Uly täreti bakteriologik barlag üçin almak. Bu barlaga uly täreti almak üçin bakteriologik barlaghanadan içinde iýmit gurşawy bolan (“iňlis garyndysy“ diýilýän) probirka getirmeli.

Uly täretiň göwne şübhe gidýän ýerinden (iriňli, ganly we ş.m.) taýajyk bilen biraz mukdarda alyp, probirka salmaly we ýollanma ýazyp, bakteriologik barlaghana ibermeli. Onda ganly içgeçmäniň, garyn garahassasynyň taýajyklaryny we beýleki kesel döredijí

mikroblary tapmak bolar.

*BAP XIV*

# PEŞEW ÇYKARYŞ ULGAMLARYNYŇ KESELLERINDE NÄSAGLARA GÖZEGÇILIK ETMEK

Peşew çykaryş ulgamlaryna böwrekler, peşew akdyryjy akar, peşew halta we daşky peşew çykaryjy akar degişli. Böwrek – jübüt syna, olar noýba meňzeş. Böwrekler bil oňurgalarynyň sag we çep tarapynda ýerleşýärler. Böwrekler daşyndan ýuka barda bilen örtülen, böwrek ýaglarynyň hasabyna olar öz ýerinde üýtgemän saklanýarlar. Olaryň uzynlygy 10–12 sm, agramy 15 – 17 gr bolup biler.

Peşew akdyryjy akarlar böwrekler bilen peşew haltany birleşdirýär. Peşew halta kiçi çanaklykda ýerleşendir. Böwrek keselleri agyr kesellere degişli bolup, her hili howply ýagdaýlara, gaýra üzülmelere getirip biler. Şepagat uýasy böwrek keselleriniň we olarda ýüze çykýan howply ýagdaýlaryň alamatlaryny bilmeli we olara gözegçilik etmegi, gaýragoýulmasyz kömegi bermegi başarmaly.

## 14.1. Böwrek keselleriniň esasy alamatlary

1) Bedende çişiň peýda bolmagy – böwrek kesellerinde çiş näsagyň gabaklaryndan, ýüzünden başlap, soňra çaltlyk bilen bütin bedene ýaýraýar, hat-da boşluklarda suwuklygyň toplanmagyda mümkin. Çişiň peýda bolmagy peşewiň böwreklerde süzülmeginiň bozulmagy we natriý duzlarynyň dokumalarda toplanmagy bilen baglanyşyklydyr.

2) Biliniň töwereginde, ýagny böwreklerinde agyry bir taraplaýyn ýa-da iki taraplaýyn bolup biler. Kähalatlarda agyry güýçli tutgaýly bolup, aşak gasygyna, daşky jyns ulgamlaryna ýaýraýar. Şeýle tutgaýly agyry böwrek daş keselinde ýüze çykýar.

3) Böwrek gipertoniýasy – gan basyşyň ýokarlanmagy, böwrekleriň gan damarlarynyň daralamagy netijesinde, olardan renin diýen madda köp bölünip çykýar. Ol madda ganyň belogy bilen

birleşip, gipertenzin diýen madda öwrülýär, soňky bolsa gan basyşy ýokarlandyrýar. Gan basyşynyň ýokarlanmagy bilen baglanyşykly näsagda agyry, başaýlanma, gulagynda güwwüldi ses, demgysma peýda bolýar. Gözünde goşalanma, görüjiliginiň peselmegi mümkin.

4) Buşukmasynyň üýtgemegi:

a) Çalt-çalt agyryly buşuklanmasyna ***dizuriýa*** diýilýär.

b) Çalt-çalt köp mukdarda buşuklanmasyna ***poliuriýa*** diýilýär.

ç) Kynlyk bilen agyryly buşuklanmasyna ***işuriýa*** diýilýär.

d) Peşewde ganyň peýda bolmagyna gematuriýa diýilýär, peşewiň reňki et ýuwulan suwuň reňkine meňzeýär.

Bedeninde çiş peýda bolan näsaglara gözegçilik edilende ýerine ýetirilmeli kadalar:

1) Olaryň berhizine gözegçilik etmeli, ýagny böwrek keselli näsaglar duzsuz ýa-da duzy az atylan naharlar iýmeli.

2) Suwuklyk az içmeli.

3) Diuelastiki hasaplamaly.

4) Wagtal-wagtal agramyny ölçemeli.

Böwrek daş keseliniň tutgaýy tutanda, ýagny näsagyň biliniň töwereginde güýçli tutgaýly agyry peýda bolanda:

1) Lukmany çagyrmaly.

2) Agyrýan biliň töweregine ýyladyjy haltajyk goýmaly ýa-da näsagy ýyly suwly (36 – 37$^0$ C) wannada ýatyrmaly.

3) Lukmanyň görkezmesi boýunça spazmolitikleri sançmaly: no-şpa 2 ml, platifillin 0,2%-li 1 ml et aralygyna sançmaly.

## 14.2. Buşukmasy kynlaşanda geçirilmeli işler

Peşew ýollarynda daşyň, howply we howpsyz gaty çişleriň bolmagy, ol ýollaryň daralmagy peşewiň akmasyny kynlaşdyrýan täsirlerdir. Şonuň ýaly-da operasiýadan soň, çaga dogurandan soň reflektor häsiýetli gysga wagtlaýyn buşukmasynyň kynlaşmagy mümkin. Kähalatlarda agyr näsaglaryň daş-töwereginde adamlaryň bolmagyda buşukmasyna päsgelçilik döredýär. Şeýle ýagdaýlarda otagdaky näsaglaryň başga otaga geçmeklerini gazanmak ýa-da

näsagy tuty arkaly olardan aýyrmak, näsagyň kadaly buşukmagyna şert döredip biler. Eger buşukmasy refleks sebäplere görä kynlaşan bolsa, reflektor döretmeli:

1) Daşky jyns agzalaryna ýyly suw sepmeli ýa-da guýmaly.
2) Ýyly suw bilen arassalaýjy klizma etmek bolar.
3) Erkek adamalaryň daşky jyns agzasyny ýyly suwly gaba çümdürmeli, aýallary ýyly suwly legende oturtmaly.
4) Gasygyna ýyladyjy haltajyk goýmak bolar.
5) Näsagyň golaýynda suwy sesli akdyrmaly.
6) Içmäge ýyly suw bermek bolar (iýip-içmek rugsat edilýän bolsa).
7) Lukmanyň görkezmesi boýunça spazmolitikler: no-şpa, platifillin sançmaly ýa-da prozerin, pilokarpin ýaly peşew haltanyň tonusyny ýokarlandyrýan serişdeler ulanmaly.

Eger peşew ýollarynyň dykylmagy, gysylmagy ýa-da daralmagy zerarly buşukmasy kynlaşan bolsa, onda peşew halta kateter sokmak arkaly peşewi akdyrmaly.

### 14.3. Peşew haltany kateterlemek

Peşew haltany kateterlemek bejeriji ýa-da anyklaýyş maksatlar bilen geçirilýär. Peşew halta kateter (*35-nji surat*) girizmek bilen:

1) Peşewi akdyrmak bolar.
2) Peşew haltany ýuwmak bolar.
3) Peşew halta derman goýbermek bolar.
4) Barlaghana barlagy üçin peşew almak bolar.

Kateterler metaldan, elastikden we plastmassadan bolmagy mümkin (gaty we ýumşak kateterler).

Ýumşak kateterler (elastik, plastmassa) uzynlygy 25 – 30 sm, diametri 10 mm çenli bolan turba bolup, onuň bir ujy togalak, ýapyk, gapdallarynda deşigi bar. Beýleki ujy kese kesilen. Metal kateterleriň tutgyjy we çüňki bar. Çüňküniň ujy togalak, ýapyk, gapdallarynda 2 – 3 deşigi bar. Erkek adamlar üçin niýetlenen metal kateterleriň çüňki ulurak, aýallar üçin niýetlenen metal kateterleriň çüňki kiçiräjik. Ulanylandan soň kateterleri sabynlap, ýyly suwda ýuwmaly we

zyýansyzlandyrmaly. Metal we elastiki kateterleri gaýnatmak ýoly bilen zyýansyzlandyrmak bolar. Plastmassa kateterleri formaliniň bugunda ýa-da karbol kislotasynda ýokançsyzlandyrmak bolar.

## 14.4. Aýal maşgalalary kateterizirlemek

Aýal maşgalalary kateterizirlemek üçin zyýansyzlandyrylan kateter, ýokanç-syzlandyryjy ergin, jübtek ýa-da kornsang, gliserin ýa-da zyýansyzlandyrylan wazelin ýagy, peşew üçin böwrek şekilli legenjik gerek (*35-nji a surat*).

***Kateterizirlemegiň usuly:***

1) Şepagat uýasy öz ellerini sabynlap ýuwmaly we edil operasiýa üçin taýýarlanýan ýaly zyýansyzlandyrmaly.

2) Näsagy arkan ýatyryp, aýaklaryny epmegini we aýaklarynyň arasyny açyp ýatmagyny haýyş etmeli.

3) Aýaklarynyň aralygyna böwrek şekilli legenjik goýmaly.

4) Daşky jyns ulgamlaryny permanganat kaliniň gowşak ergini bilen ýuwmaly.

5) Peşew çykaryjy akaryň daşky deşigini iki gezek furasiliniň ýa-da sulemanyň 1:1000 gatnaşykly erginine ezilen tampon bilen zyýansyzlandyrmaly.

6) Gliserin ýa-da zyýansyzlandyrylan wazeline gowy ýaglanan zyýansyzlandyrylan kateteri jübtek ýa-da kornsang almaly-da peşew çykaryjy akaryň daşky deşiginden ýuwaşlyk bilen sokmaly. Kateter peşew halta geçende, peşew akyp başlamaly.

7) Peşew akmasy ýuwaşap başlandan soň kateteri ýuwaşlyk bilen çykarmaly. Şeýle edilende peşew haltada galan az mukdardaky peşew kateteriň yzyndan akyp, azda-kände bar bolan mikroblary ýuwup gaýdýar.

## 14.5. Erkek adamlary kateterizirlemek

Erkek adamlary metal kateter bilen diňe lukman kateterizirläp biler (*35-nji b surat*). Onuň üçin lukman:

1) Öz ellerini  zyýansyzlandyrmaly.

2) Näsagyň peşew çykaryjy kanalynyň daşky deşiginiň töweregini ýokançsyzlandyryjy serişde bilen (furasilin ýa-da sulema) ýokançsyzlandyrmaly.

3) Daşky jyns agzasyny 2–3 barmagy bilen tutup, näsagyň göbegine tarap epmeli- de zyýansyzlandyrylan kateteri peşew çykaryjy akaryna girizmeli.

4) Jyns agzasyny dikläp, kateteri girizmekligi dowam etmeli.

5) Soňra jyns agzasyny aşak, ýagny butlaryň aralygyna goýup, kateteri peşew halta çenli girizmeli.

6) Peşewi legenjige akdyrmaly.

## 14.6. Peşewi saklap bilmeýän näsaglara gözegçilik etmek

Kelle beýnisi, oňurga ýiligi zaýalanan, huşsuz ýatan, kähalatlarda nerw-psihiki bozulmalarda näsaglar peşewini saklap bilmeýärler (kiçi täreti düşeginde edilýär). Olaryň düşekleri hapalanýar, daşky jyns agzalarynyň töwereginde ýalatgy ýaralar, ýatyr ýaralar peýda bolmagy mümkin. Şonuň üçin şepagat uýalary olara gözegçilik etmegi başarmaly. Eger näsag düşek ýagdaýynda bolup, peşewini saklap bilmeýän bolsa, onuň düşegini kleýonka bilen örtmeli, onuň üstünden arlyk ýazmaly we näsagyň aşagyna elastikden ýasalan sudnalar goýmaly. Sudnany günde 3 – 4 gezek boşadyp, ýuwup ysyny aýyrmak üçin permanganat kaliniň ýa-da pergidrolyň ergini bilen çaýkamaly. Eger aýak üstünde ýöreýän näsag peşewini saklap bilmeýän bolsa, olara ýörite elastikden ýasalan peşew kabul edijileri geýdirmeli. Peşew kabul edijiler elastiki haltajyga meňzeş gap bolup, näsagyň biline we buduna berkitmek üçin guşaklar bilen

abzallaşdyrylan. Haltajygyň aşagynda açyp peşewi boşatmak üçin winteli bar. Bu gaby hem her gün 2-3 gezek peşewden boşadyp, arassalap, ysyny aýyrýan erginler bilen çaýkap durmaly. Peşew kabul ediji gaplaryň aýallar we erkekler üçin niýetlenen görnüşleri bar.

### 14.7. Peşew bölüp çykaryş ulgamlaryna rentgen barlagyny geçirmek üçin näsagy taýýarlamak

Peşew bölüp çykaryş ulgamlaryň rentgen barlagyna ***urografiýa*** diýilýär. Näsagy urografiýa taýýarlamak üçin barlaglardan öňki gün agşam 22 – $23^{00}$ - da we ertir ir bilen arassalaýjy klizma etmeli. Eger näsagda meteorizm bar bolsa, onda klizmany çopantelpegiň gaýnadylan suwy bilen etmeli ýa-da ony içmäge bermeli. Urografiýa üçin sergozin, urografin, werografin ýaly kontrast jisimler ulanylýar. Olaryň köpüsiniň düzüminde ýod barlygy üçin, näsagyň ýoda bolan duýgurlygyny (geçirijiligini) barlamaly, ýagny barlagdan öňki gün 1-2 ml kontrast jisimini wena damaryndan goýbermeli. Eger näsagda allergiki alamatlar ýüze çykmasa, barlag üçin kontrast jisimi ýyladylan görnüşinde wena damaryndan ýuwaşlyk bilen goýbermeli. Kontrast jisimini kateteriň kömegi bilen peşew akdyryjy akarlara goýbermek hem bolar. Oňa ***retrograd urografiýasy*** diýilýär. Onuň üçin ýokarky sanalan taýýarlyklardan başga-da kontrast jisimini goýbermezden öňisyra peşew haltany boşatmaly.

### 14.8. Peşewi barlaghana barlaglary üçin ýygnamagyň usullary

Umumy derňew üçin, köplenç, ertir ir bilen näsagyň ilkinji buşugan peşewini alýarlar. Eger aýal-gyz maşgala bolsa aýbaşy döwründe derňew almaly däl. Ertir ir bilen daşky jyns agzalaryny ýuwup, arassalap arassa çüýşe gaba peşewini toplamaly. Oňa ýollanma ýazyp, barlaghana ibermeli. Barlaghanada onuň mukdaryny, reňkini, durulygyny, udel agramyny, düzüminde belogyň bardygyny anyklap, mikroskopda barlaýarlar.

### 14.9. Peşewi Addisa Kokowsiniň usuly boýunça barlaga almak

Addisa Kokowskiniň usuly boýunça peşewi 10-12 sagadyň dowamynda bir gaba toplamaly. Agşam sagat $20^{00}$ – da ýa-da $22^{00}$ – da

näsag hajathana buşukmaly. Şondan soň onuň ertir sagat $8^{00}$ –a çenli buşukmazlygyny aýtmaly.

Sagat $8^{00}$ – da daşky jyns agzalaryny ýuwup-arassalap, peşewini arassa çüýşe gaba toplamaly. Eger-de näsag ertire çenli buşukman saklanyp bilmese, onda ol şol aralykdaky peşewini bir çüýşe gaba toplamaly. Şeýle halatlarda peşewi sowuk ýerde saklamaly we çüýşe gabyň düýbüne formaldegidiň ýa-da timolyň kristallaryny atmaly. Barlaghanada peşewiň düzümindäki leýkositleriň, eritrositleriň we silindrleriň sanyny sanaýarlar.

Amburdjeniň usuly boýunça peşewi 3 sagadyň dowamynda bir gaba toplamaly. Ertir sagat $6^{00}$ – da näsag hajathana buşukmaly, şondan 3 sagat geçenden soň, ýagny sagat $9^{00}$ – da arassa çüýşe gaba buşukmaly. Ýollanma ýazyp barlaghana ibermeli. Onuň hem düzüminde leýkositleriň, eritrositleriň we silindrleriň sanyny sanaýarlar.

Niçeporenkanyň usuly boýunça näsagyň haýsy-da bolsa bir gezek buşugan peşewinden 100 – 200 ml alyp, barlaghana ibermeli. Bu derňew alnanda näsag daşky jyns agzalaryny ýuwup arassalamagy ýadyndan çykarmaly däl.

## 14.10. Peşewi Zimniskiniň usuly boýunça barlaga almak

Zimniskiniň usuly boýunça (*34-nji surat*) peşew 24 sagadyň dowamynda her 3 sagatdan aýry çüýşe gaba toplanýar (8 gap). Onuň üçin ertir sagat $6^{00}$ – da näsag hajathana buşukmaly, şondan soň oňa 8 sany çüýşe gaba ýollanma ýazyp, taýýarlap bermeli. Oňa sagat $9^{00}$ - da 1-nji, $12^{00}$ – da 2-nji, $15^{00}$ – da 3-nji gaba, ýagny her 3 sagatdan bir gaba peşewini toplamalydygyny düşündirmeli. Gije sagat $24^{00}$ – da we $3^{00}$ – da näsagy oýarmagy ýatdan çykarmaly däl.

Eger näsagyň buşugasy gelmese buşukmaga refleks döretmeli.

Barlaghanada her bir gapdaky peşewiň mukdaryny we udel agramyny, otnositel dykyzlygyny anyklaýarlar. Peşewiň mukdaryny anyklamak üçin ony ml-e bölünen ýörite silindre guýmaly.

Peşewiň udel agramyny anyklamak üçin ony kiçiräjik silindre

guýup, onuň içine urometri goýbermeli. Urometr haýsy bellige çenli peşewde çümse, şol san onuň udel agramyny aňladýar. Kadada peşewiň udel agramy 1015-den 1028-e çenli bolmaly. Eger peşewiň mukdary 30 ml-den az bolsa, onda onuň udel agramyny ölçemek üçin oňa suw goşmaly (1 ml peşewe 1 ml ýa-da 2 ml suw goşmaly).

Soňra oňa urometri çümdürmeli. Urometriň soňky iki sanyny näçe esse suw goşulan bolsa şoňa köpeltmeli. Meselem, peşewi 2 esse suýaldandan soň, udel agramy 1010 çykan bolsa, 102=1020 bolar. Şonuň ýaly-da Zimniskiniň usuly boýunça peşewi derňew edenlerinde onuň gündizki we gijeki mukdaryny anyklaýarlar. Kadada olaryň gatnaşygy ¾ bolmaly. Gijeki peşewiň mukdarynyň köpelmegine ***nikturiýa*** diýilýär. Peşewiň düzüminde glýukozanyň bardygyny anyklamak üçin, ony bir gije-gündiziň dowamynda bir gaba toplamaly (ertir sagat $8^{00}$ – a çenli). Peşewi toplap başlanmanka, meselem, sagat $8^{00}$ – da näsag hajathana buşukmaly. Şondan soňkularyny ertesi sagat $8^{00}$ –e çenli bir gaba toplamaly. Peşewi sowuk jaýda saklamaly. Soňky sagat $8^{00}$ – da gaba buşugandan soň, peşewi taýajyk bilen garjalap, başga bir gaba 200 ml-ni guýup, barlaghana ibermeli. Peşewiň gije-gündizdäki mukdaryna ***diurez*** diýilýär. Ony anyklamak üçin ertir belli bir wagt belläp (meselem $7^{00}$ ýa-da $8^{00}$) näsagyň hajathana buşukmagyny haýyş etmeli. Şondan soňky peşewi bellenen wagta çenli bir gaba toplamaly. Gije-gündizdäki peşewiň mukdary 0,5 litrden 1800 ml-e çenli ýetip biler. Ol bedeniň, daşky gurşawyň temperaturalaryna, içilen suwuklyklaryň mukdaryna, fiziki herekete bagly bolýar. Adam kadaly ýagdaýda içen suwuklygynyň 75 – 80%-ni peşew görnüşinde bölüp çykarýar. Oňa ***suw balansy*** diýilýär. Şepagat uýasy böwrek keselli, bedeninde çişi bolan näsaglaryň suw balansyny anyklamagyny başarmaly, ony näsagyň taryh depderçesine bellemeli.

Peşewiň düzümindäki diastazany anyklamak üçin, näsagyň täzeje bölüp çykaran peşewiniň 50 ml-ni arassa gaba guýup, ýylylygyna barlaghana ýetirmeli. Aşgazanasty mäziň kesellerinde peşewiň düzüminde diastazanyň mukdary köpelýär. Peşewiň düzüminde 17- ketosteroidleriň mukdaryny anyklamak üçin, ony bir gije-gündiziň dowamynda açyk reňkli arassa çüýşe gaba toplamaly we barlaghana ibermeli. Peşew toplananda daşky jyns agzalaryny

ýuwup arassalamak hökman däl.

Gipofiziň, böwreküsti mäziniň kesellerinde 17  ketosteroidleriň mukdary peşewde köpelýär.

Erkek jynsly kiçijik bäbejikleriň peşewini barlaghana barlagyna almak üçin olaryň daşky jyns agzasyna kolbajyk geýdirmeli. Kolbajygy leýkoplastryň kömegi bilen çaganyň butlaryna berkitmeli. Kolba aýaklaryny ýaralamazlygy üçin aýaklaryny arlyga çolamaly.

Kiçijik gyzjagazlaryň peşewini barlaga almak üçin, olary ýellenýän elastiki rezin tegelegiň üstüne çanaklygy ýerleşer ýaly ýatyrmaly.Ýellenýän elastiki rezin tegelegiň aşagyna arassa çanak goýmaly. Çanakdaky peşewi gaba guýup, barlaghana ibermeli.

**Surat 34. Peşewi Zimniskiniň usuly boýunça toplamak.**




**Surat 35. Peşew haltany kateterlemek**





**a) Aýal maşgalany kateterlemek.**



**b) erkek adamy kateterlemek.**

*BAP XV*

## 15.1. Plewral boşlugynyň punksiýasy

Plewral boşlugynyň punksiýasy anyklaýyş we bejeriji maksatlar bilen geçirilýär. Kadaly plewral boşlugynda 50 ml-e çenli suwuklyk

bar. Plewral gatlaklarynyň sowuklama keselleriniň, şikeslerden soň plewral boşlugynda köp mukdarda suwuklyk, iriň, gan, howa toplanmagy mümkin. Plewral boşlugynda toplanan patologik önümleri çykarmak üçin we boşluga derman serişdelerini goýbermek üçin plewral boşlugyny punksiýa etmeli (deşmeli).

Döş kapasasynyň deri örtüginiň iriňli kesellerinde we beýleki deri kesellerinde plewral punksiýasy geçirilmeýär. Plewral punksiýasyny lukman melhem otagynda geçirýär. Şepagat uýasy näsagy we punksiýa üçin gerek zatlary taýýarlamaly. Onuň üçin 2–5 ml-lik, 10–20–lik şprisler, Žaneniň şprisi ýa-da plewroaspirator, elastiki turbajyk, gysgyç, uzynlygy 7–10 sm bolan boşluklar üçin niýetlenen iňňe, 3 sany zyýansyzlandyrylan probirka (barlaghana barlagyna almak üçin), ýod, spirt, kordiamin gerek (bihuşlyk ýagdaýyna düşäýse, tiz kömek bermek üçin).

Punksiýa arkadan, goltugyň yzyndan geçýän çyzyk boýunça VIII–IX gapyrgalaryň aralygyndan edilýär. Şonuň üçin näsagy oturgyçda tersine, ýerde oturan ýaly oturtmaly. Punksiýa ediljek tarapdaky elini kellesine ýa-da garşysyndaky egnine goýmaly ýa-da ellerini oturgyjyň arkasyna goýup, eňegini ellerine goýmaly. Şeýle ýagdaýda gapyrgalaryň aralygy gowy belli bolýar. Lukman punksiýa ediljek meýdany 3 gezek spirt, ýod ýene-de spirt bilen zyýansyzlandyrmaly. Şondan soň 0,5%-li nowokain gatlaklaýyn sanjyp agyrysyzlandyrmaly. Şprise berkidilen boşluklar üçin niýetlenen uzyn iňňe bilen punksiýa etmeli. Haçan-da iňňe boşluga düşen ýaly duýgy peýda bolanda şprisiň porşenini çekip görmeli.

Sorulyp alnan suwuklygy zyýansyzlandyrylan probirkalara daşyndan ot aýlap guýmaly we zyýansyzlandyrylan dyky dykyp barlaghana ibermeli. Soňra kiçi şprisi aýryp, iňňä konýulaly elastiki turbajygy çatmaly we galan suwuklygy plewroaspi-ratoryň ýa-da Žaneniň şprisiniň kömegi bilen sorduryp almaly. Jemi 1-1,5 litre golaý suwuklyk almak bolar. Suwuklyk alnyp gutarylandan soň gerek bolsa plewral boşlugyna antibiotikleri goýbermeli. Soňra iňňäniň gapdalyndan spirtli şarjagaz bilen basyp ony aýyrmaly we deşilen ýerine ýelimli daňy goýmaly.

Plewral punksiýa geçirilende kollaps; bihuşlyk; gapyrgalaryň

arasyndan geçýän nerw damarlarynyň zaýalanmagy; gan akma; iňňäniň öýkeni deşmegi ýaly howply ýagdaýlar ýüze çykyp biler.

**Ýatda saklaň!**

1) Lukman we şepagat uýasy plewral punksiýasyny geçirmek üçin öz ellerini operasiýa üçin taýýarlan ýaly taýýarlamaly.

2) Derňew üçin alnan suwuklygy çalt barlaghana ibermeli.

## 15.2. Oňurga kanalynyň punksiýasy

Oňurga kanalynyň punksiýasy anyklaýyş we bejeriji maksatlar bilen hem-de anesteziýa etmek üçin geçirilýär. Onuň üçin şepagat uýasy, lukman öz ellerini operasiýa üçin taýýarlan ýaly taýýarlamaly. Şepagat uýasy punksiýa üçin gerek boljak zatlary: ýod, spirt, hasa şarjagazlar, salfetka, şpris, anesteziýa üçin iňňe, punksiýa üçin niýetlenen iňňe, nowokain, derňew almak üçin zyýansyzlandyrylan probirka taýýarlamaly.

Näsag oturgyçda bilini epip oturmaly ýa-da ony düşekde ýatyryp, bilini gowy epmek üçin dyzlaryny eňegine çenli ýetirmegini haýyş etmeli. Punksiýany lukman ýerine ýetirýär. Ol punksiýa ediljek meýdany 3 gezek (spirt, ýod, spirt) bilen zyýansyzlandyrýar, soňra nowokainiň ergini bilen agyrysyzlandyrýar. Punksiýa uzyn we ýogyn iňňe bilen iki oňurganyň aralygyndan geçirilýär. Iňňeden suwuklyk akyp başlandan zyýansyzlandyrylan probirkalara derňew üçin almaly we çalt barlaghana ibermeli. Gerekli mukdarda suw akdyrylandan soň, iňňäni çekip almalyda şol meýdany ýod bilen zyýansyzlandyryp aseptiki daňy daňmaly. Näsagy ýatan ýagdaýda otagyna geçirip düşeginde ýassyksyz ýatyrmaly.

**Abdominal punksiýasy** – garyn boşlugyny deşip ondaky suwuklygy akdyrmak anyklaýyş we bejeriji maksatlar bilen geçirilýär.

Abdominal punksiýany lukman sanjym otagynda geçirmeli. Lukman we şepagat uýasy ellerini edil operasiýa üçin taýýarlan ýaly

taýýarlamaly. Şepagat uýasy näsagy psihologik taýdan taýýarlamaly we oňa promedol 1%-li 1,0 sançmaly. Bu usul üçin: ýod, spirt, pamyk, hasa şarjagazlary, jübtek, şpris, nowokain, 3 sany probirka (derňew almak üçin), troakar (deşmek üçin), öňlük, kislorodly ýassyk, naşatyr spirtini taýýarlamaly.

***Abdominal punksiýanyň geçiriliş usuly:***

1) Näsagyň hajathana baryp uly we kiçi täret etmegini haýyş etmeli.

2) Ony oturgyçda oturdyp bilinden aşagyna kleýonkadan tikilen öňlük geýdirmeli, aýaklarynyň arasyna legen goýmaly.

3) Punksiýa göbekden 2 barmak aşakdan we çepden geçirilýär. Lukman şol meýdany 3 gezek (spirt, ýod ýene-de spirt) zyýansyzlandyrýar.

4) Troakar çaltlyk bilen garnyň diwaryny deşip, onuň sterženini (simini) aýyrmaly. Kähalatlarda garyn boşlugyny nowokain bilen agyrysyzlandyrandan soň deşýärler.

5) Suwuklyk akyp başlandan soň troakaryň turbajygyny berkidip suwuklygy legene akdyrmaly.

6) Suwuklykdan 2-3 probirka alyp barlaghana ibermeli.

7) Suwuklyk akdygyça şepagat uýasy näsagyň garnyny prostyn bilen çekip basyş döretmeli. Şeýlelikde kollapsyň ýüze çykmagynyň öňi hem alynýar.

8) Suwuklyk akdyrylyp gutarandan soň troakary aýryp aseptiki daňy daňmaly.

9) Näsagyň garnyny prostyn bilen çekip daňmaly-da biraz wagt ýatyrmaly.

## 15.3. Sternal punksiýasy

Döş süňkini deşip, ondan gyzyl süňk ýiligini almak anyklaýyş maksatlar bilen geçirilýär. Sternal punksiýasy üçin spirt, pagta, hasa şarjagazlar, salfetkalar, şpris, nowokain, sagat aýnajygy, 3%-li sirke

kislotasy guýlan probirka, predmet aýnasy, Kassirskiniň iňňesi gerek.

***Sternal punksiýany geçirmegiň tertibi:***

1) Sternal punksiýasyny lukman ýerine ýetirýär. Şepagat uýasy we lukman öz ellerini operasiýa üçin taýýarlan ýaly taýýarlamaly, agyz-burnuny hasa (maska) bilen örtmeli.

2) Näsagy oňaýly oturtmaly ýa-da ýatyrmaly.

3) Punksiýa ediljek meýdany 2-3 gezek spirtli hasa şarjagazy bilen zyýansyzlandyrmaly we agyrysyzlandyrmaly. Punksiýa, köplenç, döş süňküne II-III gapyrgalaryň birleşýän duşundan edilýär. Ýaş çagalarda bolsa döş süňküniň tutawaja meňzeş ýerinden edýärler.

4) Kassirskiniň iňňesi bilen süňki deşip, şprise gyzyl süňk ýiligini sorduryp almaly. Şprisde köp gan peýda bolsa sordurmany bes etmeli.

5) Iňňeden şprisi aýyrmaly, iňňäniň konýulýasynyň deşigini barlamak bilen iňňäni aýyrmaly. Aseptiki sargy goýmaly, ýagny zyýansyzlandyrylan hasa salfetkany goýup, plastyr bilen berkitmeli.

6) Alnan punktaty (gyzyl süňk ýiligini) sagat aýnajygyna döküp, ondan çaltlyk bilen 2–3 predmet aýnasyna çalyşmaly we biraz kapillýara alyp, 3%-li sirke kislotasy guýlan probirka dökmeli. Ol gan öýjüklerini sanamak üçin gerek.

## *BAP XVI*

### 16.1. Agyr we ölüm halyndaky näsaglara gözegçilik etmegiň aýratynlyklary

1) Agyr näsaglar aýratyn 1–2 adamlyk otaglarda ýerleşdirilip, olara gözegçilik etmäge aýratyn (indiwidual) şepagat uýalaryny berkitmeli we olary gözegçiliksiz galdyrmaly däl.

2) Agyr näsaglar wagtynyň köp bölegini düşekde geçirýändikleri üçin, olara oňaýly düşek ýagdaýyny döretmeli. Gerek bolsa funksional krowatlary ulanmaly.

3) Agyr näsaglar köp wagtlap düşekde ýatandygy üçin olarda

ýagyr ýaralar emele gelýär, şonuň üçin olara gözegçilik edilende şol ýaralaryň döremeginiň öňüni almak işlerini geçirmeli:

a) Ýumşak, tekiz düşek taýýarlamaly, prostynlaryň ortasynda tikin bolmaly däl. Günde birnäçe gezek olary düzläp, ownuk-owşaklaryny kakmaly.

b) Lukman rugsat etse, näsagy wagtal-wagtal eýläk-beýläk öwrüp ýatyrmaly. Eger öwürmäge rugsat edilmese, onda olaryň aşagyna ýellenýän tegelek elastik goýmaly.

ç) Arkalaryna arak, suw, suw guýlan spirt, kamfora spirtini, ýokançsyzlandyrylan erginler sürtmeli.

4) Eger agyr näsagyň uly-kiçi täretleri düşeginde bolsa, olaryň düşegini kleýonka bilen örtmeli, onuň üstünden çalyşmasy ýeňil bolar ýaly arlyk ýa-da prostyn ýazmaly, elastikden ýasalan sudnolary goýmaly.

5) Näsag özbaşdak iýmitlenip bilmeýän bolsa, ony günde 3–4 gezek iýmitlendirmeli, suw içirmeli, dermanlaryny kabul etmäge kömekleşmeli, huşsuz ýatan näsaglary emeli iýmitlendirmeli.

6) Şepagat uýalary olaryň ýüz-keşbini synlap, gözegçilik etmeli, üýtgeşiklik bar bolsa lukmana duýdurmaly.

7) Agyz-burnuny, gözlerini arassalap-ýuwup, gözegçilik etmeli, saçlaryny, tenini arassa saklamaly (doly däl arassaçylyk Işlerini geçirmeli).

8) Gerek bolanda kiçi-uly täretleri üçin sudnolar, peşew üçin gap bermeli. Täretden soň jyns agzalaryny ýuwmaly.

9) Eger näsag birahat ýagdaýda bolsa, onuň krowadynyň daşyna tor tutmaly.

10) Agyr näsaglaryň pulsuna, arterial gan basyşyna, dem alşyna gözegçilik etmeli. Olarda düýpli üýtgeşiklikler ýüze çyksa, lukmana duýdurmaly.

Güýçli gan akmalarda, gark bolan adamlarda, asylanda, beýnä gan guýlanda (insult) we başga-da birnäçe agyr kesellerde terminal ýagdaý ýüze çykýar. Terminal ýagdaýlara agoniýanyň öňisyrasy, agoniýa we kliniki ölüm degişli. Agonal ýagdaý ölümiň öň ýany bolup, adam huşuny ýitirýär, gözüniň göreçleri şöhlä reagirlemeýär, puls uly arteriýalarda-da gowşak duýulýar, dem alyş ýüzleý ýa-da

patologik tipli, gyzgyny peselýär, el-aýakalrynyň damary çekýär, teni sowuk der bilen örtülýär. Bu ýagdaýa düşen näsaglary reanimasiýa bölümine geçirmeli. Näsagyň ýakynynda onuň agyrdygy, bejerip ýa-da kömek edip bolmajakdygy barada gürrüň etmeli däl.

Kliniki ölüm (*36-njy surat*) – bu döwürde adamyň dem alşy, ýüreginiň urşy togtaýar, reňki agarýar, aşaky eňegi gaçýar, göreçleri giňelip, şöhlä täsiri bolmaýar, gan basyşy nula çenli peselýär. Bu döwür 1 – 5 minut dowam edýär. Onda käbir adamlary janlandyrmak bolýar. Kliniki ölümdäki adamlary janlandyrmaga ***reanimasiýa*** diýilýär. Reanimasiýa bölüminde işleýän şepagat uýalar kliniki ölümdäki näsaglary janlandyrmagyň usullaryny bilmelidirler.

Reanimasiýa işlerine (*37-nji surat*) ýüregi daşyndan owkalamak, emeli dem bermek (*37-nji a surat*), arteriýa damarlaryna ýa-da ýürek boşlugyna derman serişdelerini (adrenalin) goýbermek degişli. Ýüregiň daşyndan 4 gezek owkalamadan soň (*37-nji b surat*) 1 gezek emeli dem bermelidigini ýatdan çykarmaň!

Reanimasiýa işleri tä näsag janlanýança, ýagny ol özbaşdak dem alyp başlaýança, onuň ýüregi urup başlaýança ýa-da biologiki ölümiň alamatlary peýda bolýança dowam etmeli.

**Surat 36. Kliniki ölümiň alamatlary.**



**Surat 37. Reanimasiýa çäreleri :**



**a) emeli dem bermek ("agyzdan- agza", "agyzdan burna"),**

**b) ýüregin gönidäl owkalamasyny geçirmek.**

## 16.2. Biologiki ölümiň alamatlary

1) Göz almalary ýumşap, gözleriniň nury öçýär.

2) Bedeni sowap, onuň gyzgyny daşky gurşawyň temperaturasy bilen deňleşýär.

3) Adam haýsy tarapyna ýatan bolsa, şol tarapynda ölüm tegmilleri peýda bolýar.

4) Ölen adamyň el-aýaklary, bütin bedeni gataýar.

### 16.3. Ölen adamy (merhumy) nähili saklamaly?

1) Adamyň ölendigini lukman konstatirleýär we taryh depderçesine ölen wagtyny belleýär.

2) Merhumyň eşiklerini çykaryp, arkan ýatyrmaly, el-aýaklaryny uzadyp, elleriniň we aýaklarynyň başam barmaklaryny biri-birine daňmaly. Gözleriniň gabaklaryny ýapmaly, eňegini daňmaly-da üstüni prostyn bilen örtüp, 2 sagatlap ýatyrmaly.

3) Şol wagt geçenden soň, eger merhumda ölüm tegmilleri peýda bolan bolsa, bedeni gatan bolsa, onuň buduna adyny, familiýasyny, keselini, ölen wagtyny, taryh depderçesiniň belgisini ýazmaly, şu ýazgylary kagyza-da ýazyp, merhum bilen bilelikde ölihana äkitmeli.

Eger merhum örän howply ýokanç keseller (mergi, gyrgyn) sebäpli ölen bolsa, olaryň meýitleri gapyrjaklara salnyp, aşagyna torf, tagtanyň baryndysy düşelip ýakylmaly. Olaryň egin-eşikleri, düşek-ýassyklary-da ýakylmaly.

Beýleki merhumlaryň egin-eşikleri, şaý-sepleri we beýleki gymmat baha zatlary dogan-garyndaşlaryna berilmeli. Eger-de ýüzük we ş.m. zatlaryny barmagyndan aýyrtmak başartmadyk bolsa, ony ölihana iberilýän ýollama hatynda bellemeli. Bu işleri uly şepagat uýasy berjaý etmeli.

## *BAP XVII*

### 17.1. Amalda köp ulanylýan erginleri taýýarlamak

1) Şprisleri we iňňeleri ezip goýmak üçin düzüminde ýuwujy serişde “Biolot“ bolan erginiň 1 litrini düzümine 27,5%-li wodorodyň perekisi, ýuwujy serişde “Aýna“ we suw girýän ergininiň 1 litrini, düzümine 0,5%-li wodorodyň perekisi we ýuwujy serişde “Progress“ girýän ergininiň 2 litrini, düzüminde perigidrol, ýuwujy serişde “Lotos“ we suw ergininiň 1 litrini,

düzüminde 3%-li wodorodyň perekisi, ýuwujy serişdesi we suw girýän ergininiň 2 litrini taýýarlamaly.

2) Ýagyr ýaralryň öňüni almak maksady bilen deri örtügine sürtmäge 70%-li nahar sirkesinden 100 ml 6%-li nahar sirkesiniň erginini, 70%-li nahar sirkesinden 1 litr 6%-li nahar erginini taýýarlamaly.

3) Ýuwandan soň saçy çaýkamak üçin 70%-li nahar sirkesinden 1 litr 6%-li nahar erginini taýýarlamaly.

4) Näsagyň saçyndaky sirkeleri ýoklamak üçin 70%-li nahar sirkesinden 100 ml 30%-li nahar sirkesiniň erginini taýýarlamaly.

5) Gap-çanaklary ýuwmak üçin 1 litr 2%-li kalsinirlenen sodanyň erginini, durlandyrylan hlor hekiniň 1% - li ergininiň 1 litrini, 1 litr 0,5%-li kalsinirlenen sodanyň erginini taýýarlamaly.

6) Agyz boşlugyny çaýkamak, arassalamak üçin 100 ml 2%-li natri-bikarbonatynyň erginini taýýarlamaly.

7) Ýagyr ýaralar peýda bolanda agyr näsagyň deri örtügini arassalamak üçin 100 ml 5%-li permanganat kaliniň erginini taýýarlamaly.

8) Ýokançsyzlandyrmak, zyýansyzlandyrmak üçin 1 litr 2%-li permanganat kaliniň erginini taýýarlamaly.

9) Gakylygy tüýkürmek üçin 1 litr 2%-li natri-bikarbonatynyň erginini taýýarlamaly.

10) Öýleri ýokançsyzlandyrmak üçin 0,5 litr 0,5%-li hloraminiň erginini taýýarlamaly.

11) Lukmançylyk termometrlerini ýokançsyzlandyrmak üçin 1 litr 0,5%-li hloraminiň erginini taýýarlamaly.

12) Içegelerden ýel çykarýan turbalary, klizma edilýän ulgamyň uçluklaryny ýokançsyzlandyrmak üçin 2 litr 1%-li hloraminiň erginini taýýarlamaly.

13) Sudnalary we peşew kabul ediji esbaplary ýokançsyzlandyrmak üçin 5 litr 2%-li hloraminiň erginini taýýarlamaly.

14) Gakylygy ýokançsyzlandyrmak üçin 2,5 litr 3%-li hloraminiň erginini taýýarlamaly.

15) Hlor hekiniň 10%-li işçi erginini taýýarlamaly.

16) 1 litr 10%-li hlor hekiniň erginini taýýarlamaly.

17) Poly ýuwmak üçin 10 litr 0,5%-li hlor hekiniň erginini taýýarlamaly.

18) Agaç krowatlary ýokançsyzlandyrmak üçin 1 litr 1%-li hloraminiň erginini taýýarlamaly.

19) Wannalary çaýkamak üçin 3 litr 0,5%-li hlor hekiniň

erginini, 2 litr 2%-li hloraminiň erginini taýýarlamaly.

**17.2. Jogaplary:**

1.Suw 995,0 – Biolat 5,0

2. Wodorodyň perekisi 17,0 – Aýna 5,0, suw 978,0
3. Wodorodyň perekisi 1990,0 – Progress 10,0
4. Perigidrol 20,0 – Lotos 5,0 suw 975,0
5. Wodorodyň perekisi 400,0 – Aýna 10,0 suw 1590,0
6. 70%-li spirt 57,1 – suw 42,9
7. 70%-li nahar sirkesi 8,6 – suw 92,4
8. 70%-li nahar sirkesi 85,7 – suw 914,3
9. 70%-li nahar sirkesi 3006 – suw 70,0
10. Kalsinirlenen soda 20,0 – suw 980,0
11. Kalsinirlenen soda 5,0 – suw 995,0
12. Natriniň bikarbonaty 2,0 – suw 98,0
13. Kaliniň permanganaty 5,0 – suw 95,0
14. Kaliniň permanganaty 20,0 – suw 980,0
15. Natriniň gidrokarbonaty 20,0 – suw 980,0
16. Hloramin 1,0 – suw 499,0
17. Hloramin 5,0 – suw 995,0
18. Hloramin 20,0 – suw 1980,0
19. Hloramin 100,0 – suw 4900,0
20. Hloramin 75,0 – suw 2425,0
21. Hlor heki 1 kg – suw 9 litr
22. Durlandyrylan hlor hekiniň ergini 10,0 – suw 990,0
23. Hlor heki 100,0 – suw 900,0
24. Hlor hekiniň ergini 0,5 litr – suw 9500,0
25. Hloramin 10,0 – suw 990,0
26. Hlor hekiniň ergini 15,0 – suw 2585,0
27. Hloramin 40,0 – suw 1960,0

**Peýdalanylan edebiýatlar:**


1. Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy - Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007 ý.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary – Aşgabat: “Ylym“ Neşirýaty, 2007 ý.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri – Aşgabat, 2009 ý.
4. Заликина Л. С. Общий уход за больными - 1979 г.
5. Тарновская И. И. Общий уход за больными - 1989 г.
6. Буянов Б. М., Нестеренко Ю.А. Хирургия - 1990 г.
7. Gurbanberdiýew G. Umumy hirurgiýa - 2001 ý.
8. Nepesowa O. B. Näsaglara umumy gözegçiligiň esaslary - 2007 ý.

## M A Z M U N Y

G i r i ş.............................................................................................................7

**Näsaglara gözegçilik etmek**

***BAP I***

1.1. Näsaglara gözegçilik etmek .............................................................8

1.2. Bejeriş edaralarynyň esasy görnüşle ri..............................................8

1.3. Hassahananyň kabul ediş bölü mi......................................................9

1.4. Antropometri ýa...............................................................................10

1.5. Näsaglara sanitar-gigiýeniki arassaçylyk işlerini geçirmek..... . ... .11

1.6. Näsagy hassahananyň degişli bölümine ugratmagyň usuly............13

***BAP II***

2.1. Hassahananyň düzgün-tertiple

ri.....................................................15

2.2. Hassahanalarda näsagyň we şepagat uýasynyň gün tertibi we

şepagat uýasynyň ýerine ýetirmeli işle ri..........................................17

*BAP III*

3.1.Ýokançsyzlandyrmak-mikrobedenjiklere garşy göreş.....................18
3.2. Lukmançylyk gurallaryny, otaglary, wannany
we mebelleri ýokançsyzlandyrmagyň ýollary................. .... ...........19

*BAP IV*

4.1. Näsaglar üçin düşegiň taýýarlanylyşy....................... .......... ...... ..... .20
4.2. Köp wagtlap hereketsiz ýatmagyň netijesinde ýagyr ýaralaryň emele

gelmegi we onuň öňüni alm ak.................................. ........ .. ... .. ...22

*BAP V*

**DOKUMALARYŇ GAN AÝLANYŞYGYNA TÄSIR EDÝÄN PROSEDURALAR**

5.1. Gyzdyrgyjyň ulanylyşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .26
5.2. Lukmançylyk banka sy.......................................................27
5.3. Sülükleri ulanmak (girudoterapi ýa)......................................... 28
5.4. Ýapgylar............................................. . ................................29
5.5. Buzly haltajygyň ulanylyşy..... .................................................31
5.6. Ýyladyjy haltajyk.....................................................................31

5.7. Ýönekeý fizioterapiýalar . . . . . . . . . . . ....... ...............................32

5.8. Bejeriji wannalar......... .................. ...........................................33

***BAP VI***

6.1. Termometriýa – adamyň gyzgynyny ölçemek........ ..... ...... .....34
6.2. Gyzdyr ma..........................................................................34

***BAP VII***

1.1. Derman serişdelerini dermanhanadan talapnama arkaly kabul etmegiň we olary saklamagyň düzgünleri.........................36
7.2. Derman serişdelerini saklamagyň aýratynlygy.... ..... .. .. . .... .......37
7.3. Derman serişdelerini teniň daşyndan ulanmagyň usullary..............39
7.4. Derman serişdeleriniň dem alyş ýollary boýunça ulanylyşy – ingalýasiýalar................ ..... .... .... .. .......... ..

..... .. ....40
7.5. Derman serişdelerini enteral ýoly arkaly ulanyly şy.........................40
7.6. Derman serişdeleriniň rektal ulanylyşy (göni içege arkaly goýberilişi) .... ..... ...... .... ....... ....... ... .. ..... .........................42

## *BAP VIII*

8.1. Daňy esbaplaryny taýýarlamak..... ...... ... ... .... .... ... ... .. ... .. . .. ...43
8.2. Daňy esbaplary bikslere ýerleşdirmek..... ... .. .. .... .... .. . .... . . . ....44
8.3. Zyýansyzlandyrylan esbaplar bilen iş salyşýan şepagat uýalarynyň özüni alyp barmak düzgünleri.............. ...... ........... .... . ....... ...... ...44

## *BAP IX*

9.1. Hirurglaryň we operasion şepagat uýalarynyň ellerini zyýansyzlandyrmak............... .......... ........ ... ..... .. .... .... ..45
9.2. Operasion hirurgyň we şepagat uýasynyň zyýansyzlandyrylan geýimleri geýmegiň düzgünleri..... ...... .... .. ... .... .. ....... .............46
9.3. Işlemek üçin zyýansyzlandyrylan stoluň taýýarlanylyşy.. ... . . . . 47
9.4. Ýokary zyýansyzlandyrylan zolagynda lukmançylyk işgärleriniň özüni alyp baryş düzgünleri........... .. ...... ... ...... .... ........ ... ... ...47
9.5. Tikmek üçin ulanylýan esbaplarlary zyýansyzlandyrmak........... .... ........ ....... . ..... .. ..... ... .

..... ..........48

## BAP X

10.1. Derman serişdeleriniň parenteral ýollar bilen ulanylyşy..............49
10.2. Awtoklawda zyýansyzlandyrylan şprisleri ýygnap işe taýýarlamagyň yzygiderligi.... ..... ... ..... .......... ..... ....... ......... ....50
10.3. Zyýansyzlandyrylan gapyrjakda zyýansyzlandyrylan şprisleri ýygnamagyň usuly. ..... ... .... .. .... ....... ..... ....... ..... .... ....51
10.4. Ampuladan şprise derman sorup almagyň usuly......... . . . . . . . . ......52
10.5. Flakondan şprise derman sorup almagyň usuly..... ... .. .. ... .. ... . .. ..52
10.6. Deriniň içine sanjym etmegiň usuly......... .... . .. .... .. .. ..............53
10.7. Deri astyna sanjym.................... ....... ..... ................ .................54
10.8. Insulini sançmagyň usuly........ ......... .. ....... ....... .. .... ... ..............55
10.9. Antibiotikleriň ulanylyşy........ ......... ... ....... ... ..... .. ..... ... ... ... ... .56
10.10. Myşsa içine sanjym.......... ..... ... ..... .. ..... ..... ...... ..... ..................58
10.11. Wena damarlaryna sanjymlar... ... .... .. ..... ... ... ..... ..................58
10.12. Derman serişdesini wena damaryndan damja görnüşinde goýbermegiň usuly... ..... .... ...... .. ..... ..... ... ...... ..........................60
10.13. Bir gezek ulanylýan ulgamyny ulanmagyň usuly.. .. .. .. .. ... . . ..61
10.14. Gan akdyrmak.... ....... ..... .... .. .. .... ..... ..... ....... .......

..................62
10.15. Barlaghana barlaglary üçin wena damaryndan gan almak.............. ....... ........... .. ........... ........ ....... ..... ...... ... .....63

***BAP XI***

11.1. Ýürek – damar ulgamynyň kesellerinde näsaglara gözegçilik etmek....................... ....... ....... ........ .... ..... .... .... ... ...64
11.2. Pulsy (damar urgysyny) sanamagy usuly........................................66
11.3. Arterial gan basyşyny ölçemek......... ...... .. .... ... .... ... ..... .. ..... ......67
11.4. Ýürek agyryda berilmeli gaýragoýulmasyz kömek.. .. . . . .. . .. .. . .68
11.5. Ýürek astmasy we onda berilmeli gaýragoýulmasyz kömek.. ... .. ........ ..... ..... ..... ....... .... ..... ...........69
11.6. Miokardyň infarktynda gaýragoýulmasyz kömek bermek we gözegçilik etmek.......... .... ..... .... ... ........ ...... .... .... ...... .... ....70
11.7. Gipertoniýa krizinde gaýragoýulmasyz kömek.. .. . . . .. . .. .. . .. .. ... ..70
11.8. Damarlaryň ýiti funksional ýetmezçiligi.. ..... .... .. .. ... .... .. . .. .. .. ..71

***BAP XII***

12.1. Dem alyş ulgamynyň keselleriniň esasy alamatlary...... ....... ...73
12.2. Dem alyş ulgamlarynyň kesellerinde näsaga gözegçilik etmek....... ........... ... ......... ........ .................... .........74

12.3. Näsagyň dem alyşyny sanamak................................................74
12.4. Gakylygy tüýkürmek üçin gap.................................. ................75
12.5. Demgysmaly näsaga berilmeli tiz kömek......... ........ .............75
12.6. Döş kapasasynda agyry bolan näsaglara gözegçilik etmek......... ......... ......... .......................... .................77
12.7. Ganly üsgülewükde, öýken gan ak masynda gözegçilik etmek........... ......... ............ ........................ ......... ...78
12.8. Bronhial astmasynyň tutgaýynda berilmeli tiz kömek..... ...... .78
12.9. Gakylygy barlaghana barlaglary üçin almagyň usuly............ ..80

***BAP XIII***

1.1. Iýmit siňdiriş ulgamynyň kesellerinde näsaglara gözegçilik etmek................................ ......... ................. ...........81
13.2. Iýmitlenmek........................... ............. .......... ..........................82
13.3. Emeli iýmitlendirmek........... .................... ................. .............84
13.4. Agyz boşlugyny barlamak... .. . .. .. .. .. .. .. .. .. .. . . .. . . . . . . . . . . 85
13.5. Damakdan we burundan çyrşak almak ... .. .. .. .. .. . . .. . . . . . . 85
13.6. Gaýtarýan näsaga gözegçilik etmek.......... ......... .... ...............86
13.7. Näsagyň aşgazanyny ýuwmagyň usuly.................. ..................87
13.8. Aşgazandan we içegelerden gan akma başlananda

näsaga
gaýragoýulmasyz kömek bermek. ..... ..... ....................
.............88
13.9. Aşgazan şiresini almagyň usuly............ ........ ......
..... ....... .....88
13.10. Duodenal zondirleme............... ................. ....
........ ................91
13.11. Klizmalar........... ............... ....... ...... ......................
.....................93
13.12. Arassalaýjy klizma......... ........ .......... ........ .............
....................93
13.13. Gowşadyjy klizmalar.............................. ......... ......
..... ........95
13.14. Derman serişdeli
klizmalar..........................................................96
13.15. Iýmitlendiriji klizma............ ........... ...... ......
........ .... ...... .... ..96
13.16. Damja görnüşli klizma....................... ........ ......
...... .... .......... ..97
13.17. Içegelerde ýel çykaryjy turbajygy ulanmak .. .. . .
. . . . .. . . . . . .97
13.18. Täret üçin sudnalaryň ulanylyşy...... ....... .............
... ...... ..........98
13.19. Näsaglary rentgen barlagyna taýýarlamak.... .....
... ... ...... ........98
13.20. Öt haltany we öt ýollaryny rentgen barlaga,
(holesistografiýa) taýýarlamak ... ... .... .... ... ..... .. .. ....
... .... . ..99
13.21. Uly täreti barlaghana barlag yna almak....... .....
..... .... ...........100

## *BAP XIV*

Peşew çykaryş ulgamlarynyň kesellerinde gözegçilik etmek.. .. . .. . . 100

14.1. Böwrek kesellериniň esasy alamatlary............ ............ .......... .....101

14.2. Buşukmasy kynlaşanda geçirmeli işler........ ..... ...... ... ... ... ... ...101

14.3. Peşew haltany kateterlemek................. .......... ............. ............102

14.4. Aýal maşgalalary kateterizirlemek.................. ........ ......... .... .....102

14.5. Erkek adamlary kateterizirlemek................... .......... .. ........ ........103

14.6. Peşewi saklap bilmeýän näsaglara gözegçilik etmek ... . .... .. ..103

14.7. Peşew bölüp çykaryş ulgamlaryna rentgen barlagyny geçirmek üçin näsagy taýýarlamak... ........ ....... ...... .......... ..........104

14.8. Peşewi barlaghana barlaglary üçin ýygnamagyň usullary. ... . .. .104

14.9. Peşewi Addisa Kokowskiniň usuly boýunça barlaga almak..... ..... ....... .... ......... ...... .......... ........... ....... .... ......104

14.10. Peşewi Zimniskiniň usuly boýunça barlaga almak. .. .. ... .. . .. .. ..105

## *BAP XV*

15.1. Plewral boşlugynyň punksiýasy....... ......... .......... ......... ....... .....107

15.2. Oňurga kanalynyň punksiýasy... ........ ....... ..... ........ ....................108

15.3. Sternal punksiýasy...................... ..................... ........ ......... ..........109

## *BAP XVI*

1.1. Agyr we ölüm halyndaky näsaglara gözegçilik etmegiň aýratynlyklary.... ...... ... ..... ... ... ... ... ... ...... ...109
16.2. Biologiki ölümiň alamatlary......... ... ................ ...... ..... ....... .. ... ...111
16.3. Ölen adamy (merhumy) nähili saklamaly?.. .. ... ... ... .. .. .. .. .. . .. .. .111

## *BAP XVII*

17.1. Amalda köp ulanylýan erginleri taýýarlamak .. .. .. . . .. . . .. . . . . .113
17.2. Jogaplary..........................................................................114
Peýdalanylan edebiýatlar................................................................ .115